TÜRKMENISTANYŇ YLYMLAR AKADEMIÝASY
MILLI GOLÝAZMALAR INSTITUTY

# ŞUŇKARNAMA

PARS DILINDEN TERJIME EDENLER WE ÇAPA TAÝÝARLANLAR ÇARY MUHAMMETJUMA, ARAZNEPES MÄMMETJUMAÝEW.

TÜRKMENISTANYŇ YLYMLAR AKADEMIÝASY
MILLI GOLÝAZMALAR INSTITUTY

# ŞUŇKARNAMA

**Pars dilinden terjime edenler
we çapa taýýarlanlar
Çary Muhammetjuma,
Araznepes Mämmetjumaýew.**

**AŞGABAT, MGI. 2013**

**UOK**
**Ş**
**Şuňkarnama.** – A.: Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Milli golýazmalar instituty, 2013 – s.

**REDAKTOR**
**Godarow Rahmanberdi**

Hormatly Prezidentimiziň üznüksiz tagallalary netijesinde türkmen medeniýetiniň taryhy bilen baglanyşykly gadymy golýazma çeşmeleri düýpli öwrenilýär. Golýazma çeşmeleri esasynda taýýarlanylan bu kitaba türkmen halkynyň gadymy medeniýetiniň bir bölegi bolan aw guşlary bilen aw awlamaklyk hakyndaky eserleriň dört sanysy girizildi. Eserlerde türkmenleriň ulanan aw guşlarynyň köp dürlüdigi, şeýle hem aw guşlarynda duşýan keseller we olaryň emleri hakynda gürrüň gozgalýar.

TDKP № KBK Tür

© Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Milli golýazmalar instituty, 2013 ý. Şuňkarnama.
Muhammetjuma Ç., Mämmetjumaýew A., pars dilinden terjime, çapa taýýarlama.
Mämmetjumaýew A., sözbaşy, 2013 ý.

**Türkmenistanyň Prezidenti**

**Gurbanguly Berdimuhamedow:**

**– Özleriniň ölmez-ýitmez ylmy-edebi mirasy bilen türkmen halkynyň ruhy dünýäsini äleme ýaýan akyldarlarymyzyň adyny, mertebesini şöhratlandyrmak, olaryň taryhdaky ornuna mynasyp baha bermek biziň mukaddes borjumyzdyr.**

## ELGUŞLAR HAKYNDAKY GOLÝAZMA

Türkmenistan Ylymlar akademiýasynyň Milli golýazmalar institutynyň hazynasynda on müň töweregi golýazma bolup, olar tema taýyndan örän köp dürlüdir. Olaryň arasynda biziň ata-babalarymyzyň gadym döwürlerdäki kesp-kärleriniň biri bolan awçylyk, awçylaryň ulanýan aw guşlary, aw guşlarynda duşýan dürli keseller hem-de ol keselleriň emleri hakyndaky golýazmalar hem bar. Şeýle golýazmalaryň biri hem Milli golýazmalar institutynyň 1796-njy bukjasyndaky elguşlar hakyndaky pars dilinde ýazylan golýazmadyr. Bu golýazma giç çöçürilen golýazmalara degişli bolsa-da, ol öz ähmiýeti babatda seýrek duş gelýän golýazmalaryň biri hasaplanylýar. Golýazma Baljuwan welaýatynyňyň Mürze Gapur geçelgesinde ýaşaýan Abdylkerim beg Buhary atly kätip tarapyndan Molla Abdylşükür Mirahur atly serkerdäniň tabşyrygy boýunça 1325(1906-1907)-nji hijri ýylynda göçürilipdir.

Jemi 158 sahypadan durýan bu golýazmada elguşlar hakynda ýazylan dört sany eser bar. Olaryň birinjisi Şyh Abu Mansur Matrudynyň „Aw guşlary hakynda risala" atly eseri. Bu eserde, esasan, garçgaý

guşy, garçgaý guşunda duşýan keseller we olara em edilişi hakynda durulýar.

Türkmenler aw guşlaryna edil çaga seredişleri ýaly yhlas bilen, edil söýgüli ýarlaryny söýşi ýaly muhabbet bilen seredipdirler. Şyh Abu Mansur Matrudynyň „Aw guşlary hakynda risala” eserinde bu hakda şeýle diýilýär: „Şikar emiri elguşyny gowy bakyp, özüne maýyl we aşyk etmelidir. Çünki aşyk öz magşugyny hiç haçan taşlaýan däldir. Eger taşlap gitse, onuň aşyk boldugy däldir”.

Ikinji eser „Baznama” diýlip atlandyrylypdyr. Bu eseriň awtory golýazmada görkezilmändir. „Baznama” eseri her biri uly bolmadyk 30 bapdan ybarat. „Baznama” eseriniň girişinde *„Bu „Baznama” eseri ilki türkmen dilindedi. Soňra ol türkmen dilinden pars diline geçirildi. Bu „Baznama” pars diline geçirilende musulman doganlarymyza aňsat we düşnükli bolar ýaly ýeňilleşdirildi we gysgaldyldy”* diýlip bellenilipdir.

„Baznama” eserinde iň gowy algyr guşy ele salan adamyň ony hökman patyşanyň guşhanasyna tabşyrmalydygy, çünki seýrek duşýan bu guşlaryň patyşalaryň mejlisleriniň bezegi bolýandygy aýdylýar.

Golýazmadaky üçünji eser Aly ibn Hüseýin Yspyhanynyň „Algyr guşlar hakynda risala” atly eserdir. Aly ibn Hüseýin Yspyhany öz eserini şol döwrüň „döwlet baştutanlaryna, emeldarlaryna haýry ýetsin” diýen maksat bilen döredipdir. Eser ýedi makaladan ybarat.

Aly ibn Hüseýin Yspyhanynyň „Algyr guşlar hakynda risala” eserinde *„Biziň ussatlarymyzyň ýazan „Baznamalary” örän kändir we ol kitaplaryň göwrümleri hem uludyr”* diýip belleýşi ýaly türkmenleriň arasynda aw guşlaryna bagyşlanan kitaplar köp bolupdyr.

Biziň ata-babalarymyz algyr guşlara örän uly üns beripdirler. Algyr guşlar aýratyn hem, türkmen soltanlarynyň we hökümdarlarynyň arasynda meşhur bolupdyr. Bu hakda *„Taryh kitaplaryndan görşümiz ýaly, elguşlar bilen aw awlamaga meşgullanmak soltanlaryň we döwlet hökümdarlarynyň iň köp höwes bildiren zadydyr“* diýlip ýatlanylýar.

Golýazmanyň ahyrynda Abulkasym ibn Ýusup Aly Hatlanyň „Şuňkarnama” atly eseri getirilýär. Bu eser sekiz pasyldan durýar. Eseriň birinji pasylynda şuňkaryň, ikinji pasylynda çagrynyň, üçünji pasylynda tulumajyň we togrulyň, dördünji pasylynda şahynyň, bäşinji pasylynda garçgaýyň, altynjy pasylynda laçynyň, ýedinji pasylynda tulumtaý, lagyr, gyrgy, figu ýaly aw guşlarynyň, sekizinji pasylynda jümle aw guşlarynyň keselleri we olara em edilişi hakynda durulýar. Aw guşlary hakyndaky bu risalalarda Zahyreddin Muhammet Babyryň, Soltan Söýün Mürzäniň (Hüseýin Baýgara) we başga-da birnäçe han-begleriň ellerinde bolan elguşlar hakyndaky rowaýatlar hem getirilýär. Soltan Söýün Mürzäniň eldekileşdirilen garçgaýynyň adynyň Akpeleňdigi görkezilipdir.

„Şuňkarnama” eserinde „Garçgaý saklaýan kişiler gowy, owadan geýnüwli, hoşgylykly, şähdaçyk, şirin zybanly, juda gaýratly adamlar bolmalydyr. Sebäbi garçgaýyň hem tebigaty we häsiýeti onuň eýesiniň häsiýetine... baglydyr. *Garçgaý öränhüşgär, akylly we dana guşdur. Garçgaýyň bar maksady – edil magşugyň öz aşygyna söýgi-mähir edişi ýaly, eýesine gowy görünmekdir we eýesiniň göwnüni tapmakdyr“* diýilýär.

Awçylaryň ulanýan elguşlary hakyndaky bu risalalarda türkmenleriň saklan elguşlarynyň häsiýetli aýratynlyklary, olarda duşýan keseller we olara em edilişi hakynda giňden durulýar.

Elguşlar babatda Türkmenistanyň tebigat dünýäsi köpdürlidir. Häzirki wagtda Türkmenistanda ýyrtyjy guşlaryň 33 görnüşi duşýar. Olaryň 19 görnüşi höwürtgeleýär, galanlary bolsa uçup geçýär ýa-da gyşlaýar. Şu nukdaý nazardan baha bereniňde, elguşlar hakyndaky köne golýazmalaryň, gadymy eserleriň şu günki günde hem diňe bir geçmiş mirasymyzy öwrenmek babatda däl, eýsem ata-babalarymyzyň gadymy kesp-kärlerini öwrenmekde hem ýöretmekde hem ähmiýeti uludyr.

Türkmen halkynyň edebi-taryhy geçmişini öwrenmekde elguşlar hakdaky bu täsin golýazma hem gymmatly çeşmeleriň biridir.

**Araznepes Mämmetjumaýew**
**Dil-edebiýat ylymlarynyň kandidaty**

**ABULKASYM IBN ÝUSUP ALY HATLAN**

# ŞUŇKARNAMA

## BEÝIK TAŇRYNYŇ ADY BILEN

بِسْــــــــــــــــمِ اللهِ الرَّحْمَنِ الرَّحِيمِ

Haýryň we bereketiň bol wagty bolan saba çagynda ýalňyz özüm pikir ummanyna batyp otyrkam, gaýyp äleminden gulagyma “Älem şazadasynyň şikara we awa hyýaly bar” diýen buşluk owazy gelip ýetişdi.

Geçmişiň köp dana alymlary aw guşlaryny saklamagyň düzgünlerini, usullaryny, tärlerini, olaryň kesellerine em etmegiň ýollaryny,haýry ýetjek dermanlyk ösümlikleriň atlaryny birin-birin ýazyp gidipdirler. Eger biz hem şol goýlan ýörelgelerden ugur alsak, şu kiçijek sowgadymyz hormatly okyjylarymyzyň göwnüne ýarar diýip umyt edýäris. Şeýlelikde, şu kitabyň ýazary biçäre we pukara Abulkasym ibn Ýusup Aly Hatlan (goý, Alla oňa rehmet etsin!) aw guşlarynyň eldekileşdirilişi, ulanylyşy we olaryň kesellerine em edilişi hakyndaky şu risalany ýazdy we ony sekiz pasyldan ybarat görnüşe getirdi.

Şu kitapda ýazan usullarymyz, maslahatlarymyz aw guşlaryny eldekileşdirmekde we olaryň kesellerini bejermekde älem penakäri bolan hormatly Latypşanyň öňden hem habarly we bilýän amallarynyň üstüni

ýetirer diýip umyt edýäris. Bu risala aw guşlaryny eldekileşdirmegi ýüregine düwen her bir awçynyň guşlary saklamakdaky çekýän azaplarynyň beýhuda bolmazlygyna ýardam eder.

Algyr guşlaryň on bir görnüşi bardyr. Olaryň hemmesini ýekänme-ýekän aýdaýyn. Algyr guşlar we olaryň görnüşleri hakynda şeýle goşgy düzülipdir:

Seniň zamanyňda eý, şahy dana,
Meniň toty guşum saýrady daňa. e[1]

Şahym eger diňleseňiz barysyn,
Beýan etjek jümle guşlaň tarypyn.

Ilki bilen şuňkar, soň şahyn geler,
Üçünjisi garçgaý atly guş bolar.

Bulardan soň ýene ol çargy bilgil,
Ondan soň tulumaç, yzyndan togrul.

Soň guşlaň ajaby bähridir belki,
Onuň beýanyny aýtmandym ilki.

Hünärlileň ýene üçüsi meşhur,
Olar tulumtaýdyr, başe[2] hem köher.

---

[1] Goşgulary edebileşdiren A. Mämmetjumaýew.
[2] Başe – gyrgy.

Saňa ähli guşlaň waspyn besledim,
Älem içre saňa towpyk isledim.

## Şu risalanyň düzülişi hakynda mesnewi.

Bagtly patyşanyň zamanasyndan,
Galdy bu risala ýadygär ondan.

Namam gutarýança, agşam hem daňdan,
Köp gan damdy galamymyň ujundan.

Galam bilen ýazyp eýledim tamam,
„Şuňkarnama” diýip at aldy namam.

* * *

Bu mübärek risala akyldarlara we dana kişilere düşnükli bolar ýaly sekiz pasyla[1] bölündi.

*Birinji pasyl*. Şuňkary saklamaklygyň usullary we onuň keseline em edilişi hakynda.

*Ikinji pasyl*. Çagryny[2] saklamaklygyň usullary we onuň keseline em edilişi hakynda.

---

[1] Golýazmada eseriň ýedi pasyly getirilipdir. Sekizinji pasyl galdyrylypdyr.

[2] Bu guşuň ady golýazmada *ç a r g* görnüşinde getirilýär. Ýöne bu at has irki ýazuw çeşmelerinde *ç a g r y* görnüşinde duşýar. Beýik Seljuk türkmenleriniň serkerdesi Çagry begiň ady hem şu guşuň ady bilen baglanyşyklydyr.

*Üçünji pasyl.* Tulumajy we togruly[1] saklamagyň usullary we olaryň kesellerine em edilişi hakynda.

*Dördünji pasyl.* Şahyny saklamaklygyň usullary we onuň keseline em edilişi hakynda.

*Bäşinji pasyl.* Garçgaýy saklamaklygyň usullary we onuň keseline em edilişi hakynda.

*Altynjy pasyl.* Laçyny saklamaklygyň usullary we onuň keseline em edilişi hakynda.

Ýe*dinji pasyl.* Tulumtaý, lagyr, gyrgy, figu ýaly aw guşlaryny saklamaklygyň usullary we olaryň kesellerine em edilişi hakynda.

*Sekizinji pasyl.* Jümle aw guşlarynyň keselleri we olara em edilişi hakynda.

Aw emirleriniň bu guşlary saklamagy üçin soltanyň berýän hemaýaty we edýän mähribanlygy hakynda-da risalada gürrüň berler.

---

[1] Bu guşuň ady golýazmada *t o r g u l* görnüşinde getirilýär. Ýöne bu at has irki ýazuw çeşmelerinde *t o g r u l* görnüşinde duşýar. Beýik Seljuk türkmenleriniň serkerdesi Togrul begiň ady hem şu guşuň ady bilen baglanyşyklydyr.

# BIRINJI PASYL

## ŞUŇKARY SAKLAMAGYŇ USULLARY WE ONUŇ KESELINE EM EDILIŞI HAKYNDA

Eý, gadyrdan, bilgil we habarly bolgul! Şuňkar ähli ýyrtyjy guşlaryň patyşasydyr. Onuň saklanyşy özbaşyna bir ylym. Her kim şu ylmy öwrense we şoňa laýyk amal etse, onda ol kişi şuňkara doly diýenini etdirip başarar we bu babatda ähli abraýly we hormatly kişileriň ýanynda onuň mertebesi uly bolar.

Şuňkarlaryň alamatlary dürli-dürlüdir. Ýöne ussatlar we hekimler hemmeler habarly bolar ýaly şuňkarlary dört görnüşe bölýärler:

*Birinjisi*, sary reňkli şuňkar.
*Ikinjisi*, gyzyl reňkli şuňkar.
*Üçünjisi*, ak reňkli şuňkar.
*Dördünjisi*, gara reňkli şuňkar.

### *Şuňkary tanamaklyklygyň usuly*

Şuňkaryň gahary gelen pursaty, olar eliň üstünde ýa-da başga zadyň üstünde horaz ýaly aýlanýarlar. Şeýle ýagdaýda olar misli peleň ýaly gaharly hyrryldar. Eger-de şuňkarlar ýyly ýerde saklanylsa, janyna karar tapman, derrew sowuk ýeri islärler.

Şuňkarlaryň bir aýratyn tarapy olaryň bedenlerinden müşküň ysy kükäp durar. Onuň kellesi ýylanyňky ýaly kiçi, gözleri ýiti, boýny uzyn bolýar. Ganatlarynyň ýokarsynda nagyş şekilli gyzyl menekler bolýar. Gyralarynda-da käkiligiňki ýaly owadan nagyşlar bar. Şaýelekleriniň[1] nagşy örän açyk we aýdyň görüner. Ownuk ýelekleri ýüpek ýaly ýumşak we mylaýym bolar.

Şuňkaryň penjesi baýguşyň penjesi ýaly dar we gysby bolar. Iki sany uly dyrnaklary biri-birine bakyp towlanyp durandyr. Eger onda şu alamatlar bar bolsa, onda ol guş şeksiz-şübhesiz şuňkardyr.

Eger-de şu alamatlaryň hemmesi bar bolup, ýöne ganatlarynyň üstünde ownuk gara menekler bolsa, özüniň hem göwresi kiçiräk bolsa, onda ol şuňkar däldir. Bu hili guşa *s y ý a s e ň* (garadaş) diýýärler.

Ýöne şuňkary tanamaklykda uly bir kynçylyk ýokdur. Ululy-kiçili, çarwa oturymly ýa-da şäher oturymly ýer bolsun, edil adamlaryň içinden patyşany

---

[1] Şaýelek – şuňkaryň uly çal ýeleklerine *ş a ý e l e k* diýilýär.

tanaýyşlary ýaly guşlaryň içinden hem şuňkary garry bolsa-da, ýaş bolsa-da derrew tanarlar.

Haýsydyr bir ýurtda şuňkar görünse, muny şol ýurduň döwletliliginiň alamaty hasaplapdyrlar, onuň bardygyna begenipdirler. Her kim şuňkar guşuny tutup getirse, oňa sowgat-serpaý ýapýarlar, ol kişi uly hormata mynasyp bolýar. Sebäbi şuňkar guşy örän gulak asyjy, hüşgär, adama seýrek ýagdaýda tabyn bolýan guşdur.

Şuňkar guşy Delatere[1] diýen ýerden başga hiç bir ýurtda tapylýan däldir. Eger şuňkar guşy başga ýerlerden bu topraga geläýse, ony buşlap gelen kişä müň dirhem sowgat berilýär. Onuň uçuşy we aw awlaýşy şeýle bir ýokary derejededir welin, aklyň haýran galýandyr.

Meniň atam şikar emiri Gammaraly şeýle rowaýat edýärdi:

Patyşabeg hanyň (goý, Alla oňa rehmet etsin!) zamanynda Töre mülkünden[2] birnäçe şuňkary getirdiler. Ol şuňkarlaryň arasynda Sähragöriz[3] diýen görnüşi hem bardy. Ol garrylykdan ýaňa hiç bir awa meýil etmeýärdi. Esli wagtlap ony guşhanada sakla-

---

[1] Delatere – Bu ýurduň adyny anyklap bilmedik, ýöne bu ýerde deýlemlileriň ýurdy diýiljek bolunýan bolmagy mümkin.

[2] Töre Mülki – ýer ady. Bu ýerde Patyşabeg hanyň mülki göz öňünde tutulýan bolmagy-da ähtimal.

[3] Sähragöriz –«sähra tarap gaçýan» diýen manysy bar. Türkmenlerde sähragöriz guşuny torguş diýip atlandyrýarlar. Torguş diýmeklik meýdandan tor gurlup tutulan ýabany guş diýlen manyny berýär.

dylar. Şol zamanda hem ol hiç bir guşa ýa-da kepderä meýil bildirmeýärdi.

Bu guşa meniň atamy gözegçi edip berkidipdirler. Atam ony kepderä öwrenişdirip, ýuwaş-ýuwaşdan tälim berip, oňa ähli endikleri öwredipdir. Şeýlelikde, bu sähragöriz guşy örän üýtgeşik we algyr guş bolup ýetişipdir. Sähragöriz guşuny awa uçuranlarynda ol birbada iki awy awlap başarýan eken. Haçan-da ony durnany ýa-da başga bir guşy awlamaga uçuranlarynda, ol al howadan okdurylyp gelşine şol awunyň hökman boýnuny ýa-da ganatyny döwüp ýere gaçyrýan eken.

Eger-de algyr şuňkary bolsa, onda ol şol döwletiň beýikliginden we onuň patyşasynyň mertebeliliginden nyşandyr. Älem şazadasy, adamlaryň serweri, milletiň saýlantgysy, aryplaryň güneşi soltanlaryň soltany, din üçin göreşýänleriň — gazylaryň iň beýigi, soltanlyk we halypalyk tagtynyň bezegi bolan ýeňiji gazy Muhammet Humaýun (goý, Alla ondan razy bolsun!) bir gün tagtynda otyrdy. Onuň ýanynda Badahşany eýeleýjileriň biri we başga-da birnäçe emeldarlar hem bar eken. Şol wagt bir kişi soltanyň mübärek köşgüne iki sany şuňkary getiripdir. Şuňkarlaryň birini meniň atama we beýlekisini bolsa ýene bir agama beripdirler.

Iki aý geçenden soňra, bu iki şuňkary ynsyň-jynsyň patyşasy bolan gazy patyşa Zahyreddin Muhammediň[1] (goý, Alla ony ýalkasyn!) huzuryna – Kabula ugratdylar. Dabaraly ýagdaýdan soň şuňkary oňa gowşurdylar we dürli kerem we serpaýlar bilen ony mertebelendirdiler.

Şuňkarlary görüp, şol bada kalby joşa gelip, göwni ganatlanan patyşa Hindistana gitmegi ýüregine düwüpdir. Ol Hindistanda baran ýerindäki welaýaty eýeläp aldy. Ol welaýatyň häkimleri, emeldarlary we boýunegmezek adamlary hem soltana tabyn we boýun bolup, köp sanly hazynalary, altyn-gençleri soltana bagyş etdiler.

Edil şunuň ýaly ýene-de bir waka adalatyň we haýyr-yhsanyň eýesi, Taňrynyň söýeni soltan Mahmyt Gürgenliniň ogly, zamananyň soltany, ynsanlaryň ýeňiş nyşanlysy, Hezreti Rahmanyň rehmet edeni[2] Abu Nasyr Mürze han döwründe-de bolup geçipdir. Ol waka şeýle bolupdyr.

Bir şuňkar ele düşüpdi. Ony hem meniň babam Ybraýyma tabşyrypdyrlar. Birnäçe aý oňa tälim berlenden soň, ol guş pursatyny tapyp gaçyp gidipdir. Şol wakadan köp zaman geçmänkä-de ady agzalan Mürze pany dünýäden baky dünýä göç edipdir.

---

[1] Zahyreddin Babyr. Ol Omar şyhyň ogly we Emir Teýmir Körekeniň bäşinji agtygydyr. Zahyreddin Babyr 1525-1530-njy ýyllar aralygynda Hindistanda hökümdarlyk edýär.

[2] Rehmet edeni – bu aňlatma *merhum* diýen manyda gelýär.

Bu ýerde aýdyljak bolunýan söz patyşalaryň şuňkar guşuny olaryň özlerinden başga kişiniň saklamaklygyna rugsat edilmänligidir. Ony awa çykarmaklyk hem gadagan edilipdir. Ýöne patyşa rugsat edip, ygtyýar beren halatynda başgalar hem şol şuňkar guşy awa salyp bilerler.

Şuňkary saklaýan kişi ol guş babatda örän edepli we tertip-düzgünli hereketleri berjaý etmäge borçludyr. Guşçy öz saklaýan şuňkaryna ýönekeýje, bir kiçijek janawer guş hökmünde biparh garamaly däldir.

Eger kimde-kim şuňkar guşuny patyşanyň mejlisine ýa-da huzuryna eltip, ony soltana gowşurmak isleseler, onda şeýle pursatda patyşanyň ýokary derejeli wezirleri we emeldarlary onuň sag tarapynda durmalydyrlar. Eger-de patyşa şuňkary özüniň mübärek goluna almak islese, onda ony berýän kişi bir dyzyna çöküp, guşy uly hormat we tagzym bilen gowşurmalydyr. Şuňkar gowşurylan mahalynda ol ganatyny kakmaly däldir, hat-da onuň ýelekleri hem gymyldamaly däldir, ony patyşa örän rahatlyk we usullyk bilen gowşurmalydyr. Çünki olaryň ikisi hem örän näzik we ynjyk tebigatlydyr. Hatda ony beýan etmekden dil hem ejiz gelýändir.

* * *

Şuňkar awa goýberilende ilki bilen ony atyň üstünden durna goýbermeli we şuňkara ony tutduryp, öz awuny özüne iýdirmeli. Iki günläp şu hereketini gaýtalatmaly. Üçünji gün bolsa durnany beýik ýerden,

öňküden has ýokarrakdan uçuryp, şuňkary hem meýdanyň ortasyndan durna goýbermeli. Şu hereketi birnäçe gün gaýtalamaly.

Şuňkara tälim berýän kişi başdan tä ahyryna çenli kahaly[1] ýanyndan aýyrmaly däl. Haçan-da şuňkar bu zatlara öwrenişende, ony günde aw üçin sähra, çöle äkitmeli we albaýa[2] öwretmeli. Patyşa hem öz ýany bilen azyndan bäş ýüz atlyny äkidip, olaryň hersiniň eline-de bir guş bermeli. Sebäbi haçanda şuňkar awdan ünsüni sowup, başga ýere uçup gitse, atlylar elindäki guşy uçuryp, ony öz ýanyna çagyrmaly, kahallar bilen onuň iki tarapyny hem gabamaly. Soňra soltan awa girişip, şuňkary awa goýbermeli.

Eger awa düşse gowy, eger şuňkar aw awlap bilmese, onda ony guşlaryň biri bilen doýurmaly. Soň ýene-de albaýa goýbermeli. Bu hereketi birnäçe gezek gaýtalamaly. Şonda ol ahyrsoňy awa öwrenişer.

---

[1] Kahal – bu sözi anyklap bilmedik. Ýöne onuň guşçynyň ätiýaçdan öz ýanynda saklaýan guşy bolmagy mümkin. Awçy şuňkary gaçsa şol guşy asmana uçuryp goýberer eken. Gaçyp barýan şuňkar bolsa ol guşa topulyp, ony awlar eken we eýesiniň ýanyna getirer eken. Şeýdibem awçy gaçjak bolan şuňkaryny ýene-de ele salar eken.

Kahal sözüniň awçynyň ýanynda göterýän albaýyndaky haltajygy aňladýan bolmagy-da mümkin.

[2] Albaý – awçylaryň şuňkary çagyrýan kiçijek haltajygy. Albaý hökmünde ak keçe böleginden tikilen haltajyk ulanylypdyr. Onuň gyrasyna bolsa gyzyl mata tikilipdir. Tälim berilýän guşy şol haltajykdan, ýagny albaýdan naharlar ekenler. Şuňkar birnäçe günden soň şol halta, ýagny albaýa öwrenişer eken.

Şuňkary daglyk ýerlerde we jeňňelliklerde uçurmaly däldir, sebäbi oňa howp abanmagy mümkindir.

* * *

### *Şuňkaryň keselleri hakynda*

Eger şuňkaryň gözüne gül düşse, bir sany hozuň ýagyny we bir dirhemiň agramy mukdardaky arynyň balyny aýalyň ýa-da eşegiň süýdüne gowy garyp, soňra ony inçejik mil[1] bilen şuňkaryň zeper ýeten gözüne çekmeli. Şeýle edilende şuňkar derdinden halas bolar, onuň gözüne düşen gül aýrylar, dep bolar.

* * *

*Ýene-de bir em.* Biraz zyrnyhy[2] kepderiniň ganyna goşup, soňra ony erigiň gabygynyň suwuna garyp, şuňkaryň gözüne çalmaly. Bu usul ozal tejribe edilip görlendir.

* * *

Eger şuňkar guşy biynjalyk bolsa ýa zaňy[3] garalsa ýa-da gowy zaňlap bilmese onuň emi şeýledir:

Mäkiýanyň etini şeker bilen gowy garyşdyrmaly we ony guşa iýdirmeli, şonda guş derdinden gutular we

---

[1] Mil – inçeldilen uzyn sim. Göze sürme çalmak üçin süňkden ýa-da piliň dişinden edilen gurala hem mil diýilýär.

[2] Zyrnyh – myşýak.

[3] Awçylar guşuň tezegini zaň diýip atlandyrýarlar.

rahatlanar. Sebäbi bu ýagdaý şuňkaryň ganly eti köp iýmegi zerarly ýüze çykýandyr.

* * *

Eger şuňkaryň bagry ýerinden gozgansa(agyrsa) bir dirhem mukdardaky ýagy alyp, ony guşuň aç wagtynda agzyna damdyrmaly.

* * *

Eger şuňkar ysgynsyz bolsa gara çigitli günebakaryň ýagyna gara helile hem-de terti-zek[1](kirsalat) we biraz ajguny[2] garyp, olary gowy owradyp, oňa-da biraz pisse maňzyny goşup, üç gezek az-azdan yzly-yzyna iýdirilse, enşalla gutular.

* * *

Eger-de şuňkaryň gözünde ýara we kellesinde çiş peýda bolsa, gara heliläniň ýarym dirhem tohumyny we kişneniň[3] ýarym dirhem tohumyny taňsyk gapda ezip goýmaly. Soňra şuňkar ajygan mahaly, oňa berilýän tagamy şol suwa garyp iýdirseler, ol gutular.

* * *

---

[1] Tertizek (Lepidium, Sativum) - kir-salat. Naharyň ýanynda işdäaçar hökmünde huruş üçin iýilýän ýiti tagamly ösümlik.

[2] Ajgun (Pimpinella anisum). Bu ösümlik iki ýyllyk ösümlik bolup, onuň köp görnüşleri bardyr. Ajy tagamly ot.

[3] Kişne(Coriandrum) – kinza. Naharyň gapdaly bilen huruş üçin iýilýän ösümlik, işdäaçar.

Eger-de şuňkarda bir kemçilik tapylsa, ýagny onuň gözleri lowurdap ýanyp dursa we özi hem semiz bolsa, zaňlanda gowy zaňlap bilýän bolsa, suwy köp içse, ýöne öz adaty halyndan çalt-çaltdan üýtgäp dursa, aw hem etmese, onda oňa nahar ýerine iki wagtyna balygyň etini bermeli. Sebäbi bu ýagdaý guraksy zatlary iýendiginden ýüze çykýar.

* * *

Eger-de şuňkaryň kellesi ýasylaşsa we ulalsa, burny we bokurdagy tutulsa, burnundan we bokurdagyndan dem alanda gyr-gyr edip ses çykýan bolsa, boýny hem gyşarsa, ýelekleri hüwjerilse, aýaklary gowşasa onda, turpuň suwuny burça garyp, şuňkaryň iýýän tagamyna goşup bermeli. Burnundan ýagşy sormaly we biraz suwuny aýyrmaly. Badamyň ýagy bilen çüňki ýaglanylsa hem gowulaşar.

Eger-de şuňkara berlen tagam täsir etmese, ýagny näçe tagam iýse-de ol öňki halyna gelmese, onda onuň emi şeýle: Şuňkara birnäçe günläp et bermeli, soňra oňa halan iýmitini beribermeli. Şonda onuň ýagdaýy gowulanar.

* * *

Eger-de şuňkaryň garnynyň aşagynda gyzgyn peýda bolsa, bir mäş mukdaryndaky zenjebili[1] onuň tagamyna goşup bermeli. Şonda ol gutular.

* * *

Eger şuňkaryň meýdan edýän ýeri daralsa, ýagny zaňlanda kösense we zaňy inçe çyksa, awa hem meýilli bolmasa, onda kädiniň çigidiniň ýagyny şuňkaryň meýdan edýän ýerine çalsalar, tiz gowulaşar.

* * *

Eger şuňkaryň aýagy çişse, ony birnäçe günläp agajyň üstüne çykarmaly däl, ýerde goýmaly, oturjak ýerine goýun derisini ýazmaly. Şonda şuňkaryň zaňlary öz ýeleklerine, aýaklaryna ýelmeşip, onuň çalt gutulmagyna ýardam eder.

Eger-de şuňkar tiz gutulmasa we çişi köpelse, onda sary zenjebili we hynany garyp, şondan bir dirhem ýaly alyp, ony hem turpuň suwuna we ýumurtganyň agyna goşup, mäjum etmeli. Taýýar bolan ýapgyny şuňkaryň aýagyna ýapmaly. Şonda şuňkar tiz wagtda gutular.

* * *

Eger-de şuňkara awa giden mahaly zyýan ýa-da şikes ýeten bolsa, onda ony birnäçe günläp hiç ýere çykarman çig udy[2], pisse agajynyň bölejigini, Töwriziň

[1] Zenjebil (Zingiber officinale). Sowuklama garşy ulanylýan derman ösümlik.

[2] Ud (Aloýexyluma gallochum)– aloý agajy. Kalambak.

şekerini hem-de zenjebili alyp, olary garyşdyrmaly, soňra sary ýaga goşup, her gün ondan pissäniň maňzy ýalyragyny şuňkara iýdirseň, oňa peýda eder. Şonda şuňkar tiz öz öňki halyna geler.

* * *

Eger-de şuňkarda gorky peýda bolsa we ürkse, gorkup oturara zat ýokdur. Bu ýagdaý ähli guşlarda ýüze çykýan ýagdaý. Şeýle ýagdaýda şuňkaryň bokurdagy tutulýar we öýkeni agyrýar. Özi hem hiç bir ýana gymyldap bilmez. Ganatlaryny saga ýa-da çepe ýazyp bilmez. Bu ýagdaýda oňa biraz badam ýagyny kişnäniň[1] suwuna garyp, onuň tagamyna goşup bermeli. Şuňkaryň ganatynyň süňkünden biraz gan almaly. Şonda ol çalt gutular, ürküp, tisginip durmasyda galar.

* * *

Eger şuňkar awa çalt girişmese, ýagny bir gezekde aw awlap, ikinji gezekde awa meýil bildirmeýän bolsa, onda ony birnäçe günläp yzly-yzyna albaýa goýbermeli. Guşa agşam nahary berlende şol tagama atyň tüýüni garyp bermeli, soňra üçünji gün ony ýene-de albaýa goýberip, soň ýene-de awa goýberseň, şuňkar şeksiz täzeden awa girişer we aw awlamaga başlar.

---

[1] Kişne (Coriandrum) – kinza. Naharyň gapdaly bilen huruş üçin iýilýän ösümlik, işdäaçar.

* * *

Eger-de şuňkaryň garnynda gyzgynlyk peýda bolsa we zaňlanda zaňynda gurçuk bar bolsa, bu ýagdaý şuňkaryň hapa et iýenligindendir. Şeýle ýagdaýda şuňkaryň garnyna sygryň ödüni çalmalydyr. Eger gurçuklary aýyrmaklyk islenilse, onda süýji naryň gabygyny gowy owradyp, onuň tagamyna goşup bermeli, şonda tiz wagtdan gurçuklar aýrylar.

* * *

Eger şuňkaryň öýkeni agyrsa gyzyl güli[1], zagpyrany[2] we Töwriz şekerini garyşdyryp, gowy owratmaly, soňra ony şuňkaryň iýýän iýmitine goşup bermeli. Şonda şuňkar tiz wagtda gutular.

* * *

Eger şuňkar köp nahar iýip, ony hem siňdirip bilmeýän bolsa, onda oňa howp abanaýmagy mümkindir. Şeýle ýagdaýda onuň petekesini biraz mukdarda uzyn we bir ujy egri iňňe bilen deşip, örän usullyk bilen iýen zatlaryny çykarmaly. Soňra onuň ýaralanan ýerini tikmeli. Tä ýarasy gutulýança, onuň iýýän tagamyny ownuk-ownuk edip bölüşdirmeli we eliň aýasyna goýup, göni çüňküniň ýanyna eltip iýdirmeli. Şeýle edilse, şuňkar basym gutular.

---

[1] ورد Gül

[2] Zagpyran (Crocus sativus). Sary reňkli, oňat ysly önüm berýän ösümlik.

* * *

Eger-de şuňkaryň guýrugyna we ganatyna gurçuk düşen bolsa, onda ol çüňki bilen guýrugyny we ganatyny köp gaşar. Şeýle ýagdaýda sirke bilen sygryň ödüni biri-birine garyp, guşuň agyrýan ýerlerini ýuwmaly, şeýle edilse şuňkar tiz gutular.

Şuňkaryň bu ýagdaýa düşmegi onuň hor saklanmagyndan, heniz etikmänkä awa salynmagyndan ýüze çykýandyr. Şuňkar bu ýagdaýda guýrugyny saga-çepe gymyldadar. Haçan-da guýrugyny gyşardanda guýrugy ýazylar. Mundan başga-da beňiň[1] tohumyny pagtaň çigidi bilen garyp, ony suwda gaýnadyp, soň hem olary gowy owratmaly. Ondan soň oňa sygryň ýagyny guýmaly we ýene-de tä suwy gutarýança gaýnatmaly. Soňra şuňkaryň tagamyna, şol ýagdan goşup iýdirmeli. Şu ýagdaýda şuňkara içini ýellendiräýjek etlerden bermeli däldir.

* * *

Eger şuňkarda kelle agyry peýda bolsa, onda näme etmeli ?

Onuň emi şeýledir:

Porsukerti[2] suwda gaýnadyp, onuň suwuny hem ýasemeniň (jasmin) ýagyna garyp, şuňkaryň

---

[1] Beň - haşhaşyň (gaşişiň) tohumy.

[2] Porsykert-porsuja (Rita). Bu ösümlik ir döwürden bäri ulanylýar. Boýy 30- 80 sm. töweregine çenli ösýär. Onuň ýakymsyz we ajy ysy bar.

bokurdagyna damdyrylsa, onda guş kelleagyrysyndan tiz gutular.

* * *

Eger-de şuňkaryň maňlaýynda çalarak çiş peýda bolsa, şol çişi ýaryp, oňa biraz duz çalmaly we ony ýyly saklamaly. Şeýle edilse ol tiz gutular.

* * *

Eger-de şuňkarda babasil peýda bolsa, ol çüňküni guýrugynyň düýbüne eltip gaşar we kämahal hem guýrugyny titreder.

Em hökmünde iki dirhemiň agramy ýaly ermeni palçygyny, ördek ýumurtgasyny, geçi süýdüni we iki dirhem ýaly ýüzärligiň dänesini arassalap gaýnatmaly. Soňra ony birnäçe günläp öýde goýup, soňra şuňkaryň tagamyna goşup iýdirmeli. Şonda guş tiz gutular we guýrugyny titretmesini hem bes eder.

* * *

Eger-de şuňkaryň zaňynda gyzyl gurçuk görünse, towugyň ýüregini, bagrynyň ýarsyny, ýeleginden birazragyny şuňkara iýdirseler, enşalla gutular.

## IKINJI PASYL

## ÇAGRYNY[1] SAKLAMAGYŇ USULLARY WE ONUŇ KESELINE EM EDILIŞI HAKYNDA

Bilgil we habarly bolgul, eý eziz!

Çagryny saklamagyň kadalary müneçjimlik ylmynyň kadalaryna meňzeşdir. Eger her kimse müneçjimlik ylmynyň düzgünlerinden baş çykarsa, çagra hem ýeňillik bilen erk edip başarar. Şony başaran kişiler guşuň häsiýetlerinden, ony nähili ýagdaýda saklamalydygyndan habarly bolar. Şonda olar çagrynyň aw awlaýşyndan, her bir perwaz edip uçuşyndan hoşal bolarlar.

Çagrynyň dürli-dürli görnüşleri, olary saklamagyň ýollary hakynda köne kitaplarda gaty köp maglumatlar berlipdir. Ýöne hekimler ol habarlary gysgaldyp, üç[2] görnüşe bölüpdirler.

[1] Çagry – bürgüdiň kiçi görnüşi.
[2] Golýazmada iki görnüşi getirilipdir.

*Birinji görnüşi.* Sary reňkli çagrylar. Olar çydamsyz, sabyrsyz perişandyrlar. Bu hili çagrylar diňe pukaralaryň derwezesine mynasypdyr.

*Ikinji görnüşi.* Gara reňkli çagrylar.

Eger bu hili çagry bilen gaz tutmak isleýän bolsalar, onda gazyň arkasyna et daňyp, çagryny hem gazyň üstüne uçurmaly soňra gazy öldürip, çagra iýdirmeli. Birnäçe günläp ony bu işe öwrenişdirmeli, ýagny çagra bu häsiýeti endik etdirmeli. Soňra biraz wagt geçenden soň gazyň arkasyna et daňyp, ony daşrak ýerde bentläp, çagryny hem onuň üstüne hüjüm etdirmeli. Bu ýagdaý birnäçe gün gaýtalanandan soň, gazyň arkasyndan eti aýyrmaly we gazyň gözüni daňmaly, soňra çagryny oňa tarap uçurmaly. Eger ol gazy gowy tutsa, şol bada gazy öldürip, onuň eti bilen çagryny doýurmaly.

Soňra çagryny meýdana äkidip, albaýa goýbermeli we gazyň bol ýerine eltip, awa salmaly. Eger çagry gaz awlamakdan saklansa, ony gazyň üstüne uçurmaklyga howlukmaly däl. Eger çagry awa topulsa, onda oňa özüňem kömege ýetişmeli.

Gazlar birden topbak bolup gürre uçan wagty çagryny awa salmaly däl. Ony gazlar otyrkalar awa goýbermeli.

Çagry hakda iki zat aýdylýar. Käbirleri çagry ähli uçýan guşlaryň arasynda adama it ýaly wepalysydyr diýýärler. Şonuň üçin onuň bilen örän hüşgär we usully we sabyrly bolmalydyr. Çagry bilen aw edilende ýanyň bilen aty hem alyp gitmeli we onuň bilen çapyşyp ýörmeli. Çagrynyň ýyrtyjy guşlaryň köpüsinden

tapawutly ýeri, ony biraz horrak saklamaly we awa salanda ony ýeliň garşysyna awa goýbermeli däl. Çagryny özüňe gowy tabyn we boýun bolup gezer ýaly ýeliň ugruna awa goýbermeli.

## *Çagryny saklamagyň kadalary*

Eger çagryny öz ýanyňa çagyraňyňda ol erbet gylyklary öwrenip, ýanyňa haýallyk bilen gelse, bir gez[1] ýaly inçe ýüpi guşuň aýagyna halka edip daňmaly. Soňra uzyn inçe ýüpi ol halka baglamaly we ýüpüň beýleki ujuny hem öz biliňe daňmaly. Birnäçe günläp şeýle ýagdaýda çagryny öz ýanyňa çagyrmaly we oňa tagam bermeli. Bu ýagdaýy birnäçe gezek gaýtalamaly. Şondan soň çagrylar erbet gylyklaryndan halas bolarlar.

Eger çagrynyň ýyndamlygyny artdyrmak isleseler, onda onuň iýýän we gowy görýän ýagyny saýlamaly. Guş ajyganda bir mäş ýaljak ak duzy we biraz mumyýany garyp, ony hem limonyň suwy bilen mäjum etmeli. Soňra ony pagtaň çigidi ýaly togalamaly we guratmaly. Irden tagam bermezden öň, şol taýýarlanan mäjumdan bir tokgany berilýän ete garyp, guşa iýdirmeli. Tä guş ony iýýänçä garaşmaly. Soňra çagrynyň öňünde bir tabak suw goýmaly. Eger-de guş

[1] Gez – uzynlyk ölçeginiň birligi (takmynan, 3 futa barabar).

şol bada zaňlasa, ondan soň ony ýene-de doýurmaly. Bu amal onuň ýyndam we algyr bolmagyna gürrüňsiz haýyr eder.

* * *

Eger-de çagrynyň beden agzalarynyň haýsydyr bir ýerinde çiş we ýara peýda bolsa garaburçy we mumyýany hem-de temhalur agajynyň[1] ýapragyny biri-birine garyp gowy owratmaly we olary taňsykdan edilen suwly okara salyp, tä gaýnaýança otda goýmaly. Gaýnanyndan soň olar daşyna çykarylyp, soňra ak pamyga dolanyp, çiş ýerine ýapylsa, elbetde, çagrynyň bedenindäki çişi kem-kemden aýrylar we ýarasy ondan hem tiz gutulmak bilen bolar.

* * *

Eger-de çagrynyň guýrugyna we ganatyna gurçuk düşse, ol çüňki bilen guýrugyny we ganatyny gaşap başlar. Şeýle ýagdaýda ermeni püdinesi[2], naşatyr, burç we sarymsak alyp, olary gowy owratmaly we bişirmeli. Soňra olary üzümden alnan sirkä garyp, guşuň gurçuklan ýerlerine çalmaly. Şeýle edilse, guş şeksiz-şübhesiz gutular, guýrugyna we ganatyna düşen gurçuklar zym-zyýat bolarlar.

---

[1]Temhalur agajy – Bu ýapragy dermanlyk agajyň nähili agaçdygyny anyklap bilmedik.

[2] Püdine(Mntha Pulegium), (Satureja hortensis)-narpyz ýaly ösümlik (Dag narpyzy).

Bu ýagdaý guşy örän arryk we hor saklamakdan ýüze çykýandyr. Eger-de çagry tikenli we haşal otlary iýen bolsa, onuň heläk bolmagy hem gaty ähtimaldyr. Şeýle ýagdaýda onuň petekesiniň çep gapdalyny dilmeli we soňra petekesini inçejik kesip, inçe iňňäniň ujuny egreldip, daşlygyndaky zatlaryň ählisini örän usullyk bilen daşyna çykarmaly. Soňra ony ýene-de tikmeli.

Soňra çagryny birnäçe günläp bir jaýda saklamaly we gutulýança her gün oňa täzeje eti bir kemsiz owradyp, maýdalap iýdirmeli. Eger şeýle edilse, elbetde, Allanyň eradasy bilen çagry gutular. Onuň ýene-de uçmagyna we aw awlamagyna hiç hili päsgelçilik bolmaz.

## ÜÇÜNJI PASYL

## TULUMAJY WE TOGRULY SAKLAMAGYŇ USULLARY WE OLARYŇ KESELLERINE EM EDILIŞI HAKYNDA

Eý eziz, bilgil we habarly bolgul! Bu guşlar ýyrtyjy guşlaryň iň özboluşly we syrly häsiýetlilerindendir. Her kim olaryň häsiýetleriniň syrlaryna we eldekileşdirilişiniň kadalaryna belet bolsa, bu guşlara erk etmekde hiç hili kynçylyk çekmezler. Olary isleýşi ýaly ulanyp bilerler.

Hekimleriň aýtmaklaryna görä, tulumaç we togrul örän seýrek duşýan guşlardandyr. Olaryň özleri-de käwagtlar awçylaryň duzagyna düşýärler. Bu guşlaryň hem aw awlaýşy, al asmanda perwaz eýläp uçuşy şuňkaryňkydan artyk bolmasa kem däldir.

Tulumajyň alamaty:

Onuň atasy şuňkar, enesi bolsa çagrydyr ýa-da tersine enesi şuňkar, atasy çagry hem bolup biler. Tulumaçlar, esasan, gara reňkli bolýandyr. Tulumajy täze tutan wagtlarynda şuňkar we çagry ýaly ony hem

durna tutmaga öwrenişdirmeli we ony uzagrak aralyklara uçurmaly.

Eger-de tulumaçda näsaglyk we syrkawlyk ýüze çyksa, ony hem edil çagrynyň we şuňkaryň keselleriniň bejerilişi ýaly bejermeli. Şonda ol sagdyn bolar we keselinden sagalar we gutular.

* * *

Togruly ýedi görnüşe bölüpdirler:

*Birinjisi*, gyzyl reňkli togrullar.

*Ikinjisi*, ak reňkli togrullar.

*Üçünjisi*, gara reňkli togrullar.

*Dördünjisi*, ýaşyl reňkli togrullar.

*Bäşinjisi*, sary reňkli togrullar.

*Altynjysy*, asman reňkli togrullar.

Ý*edinjisi*, – dürli reňkli ala-mula togrullar. Bu hili togrullar tulumtaýa meňzeşräk bolýar. Ala reňkli togrulyň çüňki edil polat we almaz ýaly ýiti hem dik bolýar. Onuň penjesiniň dyrnaklary degen ýerini edil gylyç ýaly keser. Bu hakda meniň kakam şeýle gürrüň beripdi:

Adalatyň we haýyr-yhsan eýesi bolan soltan Mahmyt Gürgenliniň (Alla oňa rehmet etsin!) döwründe Garaköl diýen ýere awa çykypdyrlar. Kölüň golaýynda birnäçe durna asmanda uçup, aýlanyp ýören eken. Biraz salym geçen soň olaryň arasynda bir üýtge-şiklik peýda bolupdyr. Olaryň biriniň ganaty döwlüp, ýene biriniň boýny döwlüp, gülçüldäp ýere gaçypdyrlar. Soň seredip görseler, olary bu ýagdaýa

salan togrul bolup çykypdyr. Togrul aw awlamak maksady bilen hem däl-de, ýöne oýnamak üçin olary bu hala salypdyr.

Togrulyň hem keseliniň bejerilişi edil şuňkaryň we çagrynyň keselleriniň bejerilişi ýalydyr.

# DÖRDÜNJI PASYL

## BÄHRINI[1] SAKLAMAGYŇ USULLARY WE ONUŇ KESELINE EM EDILIŞI HAKYNDA

Eý eziz, bilgil we habarly bolgul, bährini saklamagyň hem özüne mahsus ýollary bardyr. Bähri guşuny saklamaklygyň ýollary, amallary nahuw (grammatika) ylmynyň amallaryna örän meňzeşdir. Kim-de kim nahuw ylmyndan ýagşy baş çykaryp bilýän bolsa, onda ol sözleýişde we ýazuwda ýalňyşmaýşy ýaly, bähri guşuna-da oňat erk edip, ony saklamagyň ýollaryna oňat düşünip biler.

Bähriniň aw awlaýşyndan kalplar joşgun tapyp, onuň tomaşasyndan göwün guşuň ganatlanýar. Müneçjimlik ylmynyň ähli ylymlaryň duzy – özeni bolşy ýaly, bähri guşy hem awa salynýan elguşlaryň duzy – özeni saýylýar.

Bähriniň görnüşleri we alamatlary san-sajaksyz bolsa-da hekimler olary esasan üç görnüşe bölüpdirler.

---

[1] Eseriň giriş bölüminde dördünji bölüm *şahyn* hakynda diýlip görkezilipdir. Emma bu ýerde *bähri* hakynda maglumat berilýär.

*Birinji görnüşi*, ak reňkli bähri. Bu hili bähri örän näzik, sabyrsyz we kanagatsyz bolýar. Olar diňe öz öňünde bar zady awlaýarlar. Eger-de awy gaçyp barýarka sähelçe adatdan daşary hereket etse, bähri derrew gaharlanýar. Ýöne ol örän diýen ediji guşdur.

*Ikinji görnüşi,* gara reňkli bähriler. Bu hili görnüşdäki bähriler örän gowy we çalasyn bolýar. Ol bir uçuşyna uly bolsun, kiçi bolsun awuny ýyldyrym çaltlygynda awlap bilýär. Olar örän gaýratly bolýar. Ýöne bährileriň bu hili görnüşi juda boýun egmezek bolup, olara baş öwretmek örän kyndyr. Gara reňkli bähriler ownuk awa örän nebisjeň bolýarlar. Bähri guşunyň bu görnüşleri awlajak awy uzak aralykdan görünse-de, oňa topulmazdan we ýaralamazdan başga ýere gitmeýär. Gara reňkli bähri guşy şeýle erjel bolýar.

*Üçünji görnüşi*, üç reňkli bähriler. Bu hili bährileriň arkasy gara bolup, döşünde ak we gyzyl menekler we käbir ýerlerinde çyzyklar görüner. Bu hili bähri örän sabyrly, çydamly we örän gaýratly bolýar. Aw awlanda hiç hili peslär ýaly zat ýüze çykmaýar. Guşçy bähriden näme islän bolsa hökman onuň maksady hasyl bolýar. Erbet gylyk-häsiýet onda asla ýok. Bährilerde diňe wepalylyk, özüne çekijilik, mähribanlyk ýaly häsiýetler möwç urýar. Emma şu görnüşli bährileriň maňlaýy ak hilisi duşsa, ony saklanyň biderek. Sebäbi maňlaýy ak bähriler iň ýaramaz gylykly we ýaramaz häsiýetli guşlardyr. Sebäbi maňlaýy ak reňkli bähriniň gaçgak-

lykdan, soluk ýüzlülikden, boýun egmezeklikden, diňe ownuk-uşak zatlary awlamakdan gaýry hünäri ýokdur.

* * *

Eger-de täze tutulan bähriňiz bar bolsa, ony çaltrak awa salmaga howlukmaly we asla gijikdirmeli däl. Çünki bu hili guşlaryň ýaşajygy, heniz hiç zat bilmeýäni bir tarapdan gowudyr. Olar öwreden zadyňa endik eder. Ony çyranyň ýanynda oýa saklamaly. Düzgün boýunça oňa suwluraga-da täze et we çorba bermeli. Onuň başyndan sypap, ýeleklerini barmaklaryň bilen daramaly. Kämahallar hem towguň jüýjesini öldürip, oňa iýdirmeli, ýelek we ownuk süňkjagaz hem bermeli.

* * *

Bähriniň arkasyny sypap bolandan soň, onuň başyna geýdirilen börügini badabat aýyrmaly däldir. Sebäbi şol bada aýyrsaň peýda-da ýetip biler, zyýan hem ýetip biler. Bähri üçin başyndaky börügi birden aýyrmaklykdan erbet zat ýokdur. Soňra ýekelikde hiç kim ýokka çyranyň ýanynda örän usullyk bilen başyndaky börügi aýryp we derrew ýene-de geýdirsinler, hemişe diňe şeýle hereket etmeli. Bu işlerden soň ony gowy bezäp, edil çagryny leglekdir durna goýberişiň ýaly, uçurmaly, soňra bu işden soň, ony hem şuňkar dek bezäp, albaýa öwretmeli we sähra çykarmaly. Eger awa girse, oňa ýetesi zat ýok. Eger awy oňmasa, onda ony towugyň eti bilen doýurmaly.

Ertesi has çynlakaý halda albaýa öwrenişdirmeli we ýene awa çykarmaly. Elbetde, şonda bähri şeksiz awa girişer we aw awlar.

* * *

Eger bähri örän howlukmaç we perişan halda uçýan bolsa, onda ätiýaçdan onuň çep ganatynyň üç sany uly şaýelegini daňyp, awa uçurmaly. Eger bäş-alty gezek awy oňsa, onda daňylgy ganatlaryny çözüp, ýene-de awa salyp görmeli.

* * *

Laçynyň we garçgaýyň goýberilen awuna bährini goýbermeli däldir. Çünki olaryň öz aralarynda garpyşmagy, awuň bolsa gaçyp gitmegi mümkin.

## *Bähri guşunyň keselleri we olara em edilişi*

Eger-de bähriniň kellesinde çiş peýda bolsa, naharyna gara kepderiniň eti goşulyp berilse, keselinden gutular. Eger munda hem gutulmasa, bir dirhemiň mukdary agramlykdaky hindi duzuny tagamyna garyp bermeli we soňra öňüne bir tabak suw goýmaly. Şeýle edilse, oňa örän haýyrlydyr.

* * *

Eger-de bähride bir sebäp tapylyp, ol guýrugyny çepe-saga bulaýlatsa we galgatsa, onda meňi gowy

owradyp, oňa hozuň ýagyny goşmaly we soňra naharyna garyp iýdirmeli. Soňra birnäçe günläp oňa kepderiniň we mäkiýanyň etini iýdirmeli. Ýöne oňa şol döwürde sygryň we geçiniň etini bermekden saklansynlar.

* * *

Eger bähriniň içi gurçuklasa, ol zaňlanda belli bolýar. Şeýle halda bähri wagtal-wagtal çüňki bilen döşüni we garnyny gaşar. Şeýle ýagdaýda bugdaý şiresini we onuň suwuny birazrak badam ýagyna garyp, ony hem bähriniň tagamyna goşup iýdirseler gutular.

* * *

Bähri gowy ajyksa, içindäki ähli gurçuklar ýumak ýaly bolup bir ýere jem bolar. Şeýle halda Kabul halylasyny gowy owradyp, ony bähriniň iýmitine goşup bermeli. Şeýle edilse onuň içinde hiç hili gurçuk galmaz. Soňra biraz şerap içirmeli. Sebäbi köplenç guş köne, ýagny günde duran eti iýse, şu ýagdaýa duçar bolýandyr.

* * *

Eger-de bähriniň meýdan edýän ýeri daralsa we zaňlanda kösense we zaňy inçelse, kellesi-hä gyzyp dursa, türresi-de buz ýaly howada gagşap, doňup duranyňky ýaly bolup titrese, demriň posuny arynyň baly bilen garyp, ony hem badamyň ýagy bilen goşup,

guşuň meýdan edýän ýerine çalmaly. Şeýle edilse tiz gutular. Bu keseliň onda peýda bolmagynyň sebäbi, köne eti köp iýenligi üçindir.

# BÄŞINJI PASYL

## GARÇGAÝY SAKLAMAGYŇ USULLARY WE ONUŇ KESELINE EM EDILIŞI HAKYNDA

Garçgaýa parsça *baz* we arap dilinde *şükre* diýýärler.

Eý gadyrdan bilgil we habarly bolgul, bu biçäre ýene-de aw guşlary hakynda gürrüňine başlady. Eý, eziz, bilgil, garçgaýyň saklanyş usullary we onuň kada kanunlary sarf (morfologiýa) ylmyna örän meňzeşdir. Kimde-kim sarf ylmyndan ýagşy baş çykarýan bolsa, onda ol garçgaýy saklamagyň ýollaryndan, ony terbiýelemegiň kada-kanunlaryndan, düzgünlerinden ýeňillik bilen baş çykaryp, bu algyr guşa kämil derejede erk edip biler. Ol garçgaýyň häsiýetlerini tiz we gowy öwrenip biler.

Kimde kim garçgaýy şu kitapda görkezilen usullar boýunça saklasa, idetse, onda bu guşdan göz öňünde tutan maksadyna tiz ýeter. Şonda ol bu guşuň asmanda perwaz edip uçuşyndan, awa salnandaky ussatlygyndan köp lezzet tapar we soňsuz haýyr gazanar.

Hekimler we beýik ussatlar garçgaýlary ýyrtyjy guşlardan hasaplaýarlar. Garçgaýlaryň dürli-dürli görnüşleri bardyr. Hekimler we aw emirleri her bir kişiniň garçgaýlaryň häsiýetine we tebigatyna dogry düşünerleri ýaly, her hili kynçylyklar gabat geläýende-de çäresiz galmaz ýaly olary birnäçe toparlara bölüpdirler we her topary aýratyn atlandyrypdyrlar:

*Birinji topar.*

Bu hili guşlara *t o ý g u n b a z* diýýärler. Toýgunbazy saklamak patyşalara we soltanlara laýykdyr. Onuň uçuşynda we aw awlaýşynda hiç hili kemi-kössi ýokdur. Ýöne eger bu guşlar horlansa biraz ejizleýär, gowşaşýar. Şonda bu guşlaryň ýüzleri solgunlaşyp, olarda ýaramaz gylyklar ýüze çykyp başlaýar. Toýgunbazyň esasy alamatlary, onuň ähli ýeri akja kepderi kimin ap-akdyr. Gözleri bolsa gara bolýar. Toýgunbazyň enesi we atasy garçgaýdyr.

*Ikinji topar.*

Garçgaýlaryň bu görnüşine *g y r b a z (gyr garçgaýlary)* diýýärler. Onuň toýgunbaz bilen enesi-atasy birdir. Uçuşda we aw awlaýyşda hem bu ikisi des-deňdir. Gyrbaz uçmakda we aw awlamakda biraz howlukmaçlyk etse-de ýa-da tersine säginse-de, wepadarlykda welin onuň toýgunbazdan hiç hili kem ýeri ýokdur.

*Gyrbazyň alamatlary.*

Gyrbazyň (gyr garçgaýlaryň) iki gulagynyň we arkasynyň ýelekleri ak bolýar. Gyr garçgaýlary örän arassaçyl bolýarlar.

*Üçünji topar.*

Garçgaýyň bu hili görnüşine *d i n a r b a z* ýa-da *d i n a r g a r ç g a ý* diýilýär. Bu hili garçgaýlar aňrybaş gowy garçgaýlar hasaplanylýar, çünki olar örän sabyrly, başarjaň we ukyply bolýarlar. Bu görnüşli garçgaýlar dünýäde örän seýrek duş gelýär. Dinar garçgaýy saklaýan kişiler guş saklamak bilen öz öňünde goýan maksadyny öz isleýşi ýaly hasyl edip bilerler.

*Dinar garçgaýyň alamatlary.*

Dinar garçgaýyň çüňkünden tä guýrugyna çenli aralyk bir geze barabar bolýar. Bu guşlar ýylan kelleli, çal we kehruba[1](ýantar) ýaly ýalpyldap, ýanyp duran ýagty gözli bolýar. Burnundan mydama diýen ýaly suw damyp durýar. Aýagy kelte we guýrugy göwresine gelişmeýän derejede gysga bolýar. Penjesi ýasydan giň we uly, dyrnaklary hem uzyn bolýar.

*Dördünji topar.*

Garçgaýlaryň bu toparyna *k e ý i k g a r ç g a ý* diýilýär. Olaryň hem uçuşynda we aw awlaýşynda elguşlaryň beýleki görnüşlerinden hiç hili parhy ýokdur. Gaýtam ol beýleki guşlara seredeniňde aşakdan ýokarlygyna örän çalt we ýyndam uçýar. Keýik garçgaýyň enesi we atasy guldun[2] we merkindendir[3].

*Keýik garçgaýyň alamaty.*

---

[1] Kehruba – ýantar.

[2] Elguşlaryň bir görnüşiniň ady.

[3] Elguşlaryň bir görnüşiniň ady.

Keýik garçgaýyň ýa-da keýikbazyň guýrugynyň menekleri edil keýgiň toýnagyny ýadyňa salýar.

*Bäşinji topar*.

Bu hili garçgaýlara *b a d a m g ü l l i  g a r ç g a ý l a r* diýilýär. Bu hili garçgaýlar örän sabyrsyz bolýarlar. Badamgülli garçgaýlar sähelçejik semrese-de gödeklik edip başlar. Olar eger almaly tälimleriniň arasy ýekeje gün hem üzülse, soň awa salnaňda aw awlaman, ýöne ýokarda ganat ýaýyp, boş aýlanar ýörerler, awa girmez.

Badamgülli garçgaýyň enesi gyrgy[1] (syçan awlaýjy), atasy sarzlardandyr.[2]

*Badamgülli garçgaýyň alamaty*.

Badamgülli garçgaýyň adyndan hem belli bolşy ýaly olaryň ýelekleri badamyň gülüne meňzeşdir.

*Altynjy topar*.

Garçgaýlaryň bu toparyna *g a r a a r k a l y  g a r ç - g a ý* diýilýär. Olar örän gaýratly, ýöne garçgaýlaryň içinde iň gorsawy we garagolydyr. Emma bu guşlary biraz wagt aç-hor saklasaň, ähli ýaramaz gylyklaryndan, gödek häsiýetlerinden saplanar we diýen ediji bolar.

*Garaarkaly garçgaýlaryň alamaty:*

Garçgaýlaryň bu hili görnüşleriniň arkasy gara we döşi ak bolýar. Onuň atasy guşlaryň *hindi merkin*[3] görnüşindendir. Olar yssyda-da we sowuk howada-da

---

[1] Gyrgy(milvus) garçgaý guşunyň kiçi görnüşidir. Şonuň üçin hem gyrgylara bedeneçi garçgaý hem diýilýär.

[2] Elguşlaryň bir görnüşiniň ady.

[3] Elguşlaryň bir görnüşiniň ady.

gödeklik edip başlarlar. Ýöne aram howada welin, olar örän şadyýan bolýarlar.

Bu hili garçgaýlaryň gödekligi we erbet gylygy köplenç ikindi wagtynda başlaýar. Şonuň üçin hem garçgaý eýeleri şeýle mahalda guşuň ýüzüne örän mähirli we mylakatly bakmaly. Eger şeýle edilse onuň gödekliginiň öňi alnyp, olara diýen etdirse bolar.

Eger haýsydyr bir garçgaýyň reňki gök, kellesi kiçi, gözleri gara we uly, maňlaýy ýasydan giň, gaşlary gözleriniň üstüne asylşyp duran, çüňki gara, penjeleri ýaşylymtyl, dyrnaklary gara, boýy uzyn, ýasy arkaly, inçeden gelen kelte guýrukly, gapdal süňkleri gysga we kelte, kiçijek ýelekleri uzyn bolsa, olar çaksyz gowy bolýandyr. Ýöne bu hili garçgaýlar örän seýrek gabat gelýär. Beýle garçgaýlar iň uly mejlisleriň bezegidir. Kimde-kim şular ýaly garçgaýy ele alsa, ony hökman guşhana[1] tabşyrmalydyr.

## *Garçgaýlary saklamagyň ýollary*

Hekimleriň aýtmagyna görä, eger-de haýsydyr bir garçgaýy täze tutup getiren bolsalar, ony badabat elleşdiribermeli däl. Sebäbi täze tutulan garçgaýlar birbada howsalaly halda bolýarlar. Gorky-ürküsi gowy aýrylýança hem-de gaçjak bolup durmak hyýalyndan el üzýänçäler, olary daňylgy halda saklamaly. Aw emiri ilki bilen bu garçgaýa bir taýajygy çalaja degrip

[1] Bu ýerde patyşanyň guşhanasy göz öňünde tutulýar.

görmeli, soňra kem-kemden eliň bilen sypaşdyryp, onuň tutulan, duzaga düşen halatyny, gaçyp gitmek hyýalyny unutdyrmaly.

Bu garçgaýlary eldekileşdirmekde çagry we bähri guşlaryndaky ýaly aç-hor saklamakdan başlamaly däl, arrykladyp tälime girişmeli däl ýa-da olara biçäre guşlara berlişi ýaly agşamdan galan sowuk tagam bermeli däl. Gaýtam garçgaýa tälim berjek bolanyňda ilki daýandyrmaly, etine-ganyna getirmeli. Ony başdan-aýaga çenli semiz saklamaly. Elmydama oňa täze et, ýelek we ownujak süňk bermeli. Sebäbi bular onuň üçin örän peýdaly we ony sähel wagtyň içinde öňki halyna getirmäge, semretmäge, daýandyrmaga ukyply iýmitlerdir.

* * *

Garçgaý eger çakdan aşa semrese, oňa üç günläp yzygiderli suwly et bermeli. Oňa ýagly et bermekden biraz saklanmaly. Eger ýene-de semrese, bir gün sygryň ýa-da geçiniň etini bermeli.

Birnäçe günläp garçgaýyň başyny börük bilen ýapyp, kämahal hem towuk tutduryp, onuň eti bilen doýurmaly. Soňra örän seresaplylyk bilen garaňkyda börük bilen ýapylgy gözüni açmaly, ýöne badabat gözüniň öňünde towuk görner ýaly etmeli däldir. Sebäbi garçgaýlaryň köpüsiniň ýaramaz gylyklary hut şondan soň başlanýandyr.

* * *

Haçanda garçgaýyň başyndaky börügini aýyrjak bolsalar, ilki bilen ol ýerdäki towugy pynhan saklamaly. Soňra garaňkyda çyranyň ýanynda garçgaýyň gözüni açmaly we tiz ýene-de börügini geýdirip, gözüni ýapmaly. Ertesi gije çyrany biraz pesräk ýakyp, garçgaýyň başyndaky börügini aýyrmaly. Ýöne börügini aýryp, gözüni açýan mahalyň onuň ýanynda hiç zady gymyldatmaly däldir. Adamyň özi hem gymyldaman oturmaly we garçgaýyň gözüne göni seretmeli däldir. Sebäbi garçgaý we beýleki ýyrtyjy guşlaryň ählisi-de adamyň gözünden howatyrlanýandyr.

* * *

Garçgaý boýun bolýança onuň ýanynda mylaýym gepleşmeli, hiç haçan gaharly gygyrmaly däl, çünki garçgaýyň gorkmagy ähtimaldyr. Garçgaý tä eldekileşdirilýänçä ondan daşlaşmaly däl. Sebäbi peýda hem, zyýan hem edil şol eldekileşdirilýän döwründe ýüze çykýandyr. Soňra ýuwaş-ýuwaşdan onuň bilen gowy öwrenişer ýaly birnäçe günläp guş bilen ikiçäk oturmaly. Eger garçgaý adama boýun bolsa, onda ol ganatlaryny açar we silkişdirer.

Garçgaýdan gorky-ürki alamatlary aýrylyşandan soň, başyndaky börügini aýryp, ony üçegiň üstüne çykarmaly. Soňra gorky-ürkisi gider ýaly ony kem-kemden demirçi ussanyň dükanynyň ýanynda, köpçüligiň üýşen ýerlerinde, hanyň köşgüniň ýanynda, Jamy metjidiniň derwezesiniň ýanynda birnäçe günläp

saklamaly, başyndaky börügini aýyrmaly. Hemişe bolmasa-da aram-aram olary adamyň köp mähelleli ýerlerine ýa-da dessan aýdylyp durlan ýere eltmeli we onuň başyndaky börügini aýryp, gözlerini açmaly. Şeýle edilende garçgaý gorky-ürkini ýadyndan çykaryp, adamlar bilen gowy öwrenişer.

* * *

Hekimler şeýle diýýärler: Garçgaýlary asmanyň howasyny hemişe görüp durmaz ýaly bukurak jaýyň içinde köpräk saklamaly. Çünki onuň asmany görüp, özüniň uçup ýören wagtlaryny ýadyna salyp, adamlardan gaçmagy-da mümkindir. Onuň gaçyp gitmek hyýalyny kellesinden aýrary ýaly hem-de gowy öwrenişeri ýaly öňüne towuk, ördek we towşan atyp durmaly. Şonda ol eýesine gowy boýun bolar hem-de sähranyň, çölüň howasy onuň ýadyndan çykyşar we rahatlykda bolar.

* * *

Guşy eliňe alan badyňa onuň awa salynmaga taýýardygyny ýa-da taýýar däldigini aňarsyň. Eger guş awa taýýar bolsa, oňa towuk tutduryp we şol tutan towugyny eliňe alyp, garçgaýy hem oturtmak üçin eliň üstüne çagyrmaly. Şeýlelikde, birnäçe günüň dowamynda aýagy inçejik ýüpli garçgaýa şu hereketi telim gezek gaýtalatmaly.

Ol bu işi kem-köstsüz ýerine ýetirse, onda garçgaýyň aýagyndaky ýüpi aýryp, ony atyň üstüne münüp

oturşyňa öz ýanyňa çagyrmaly. Garçgaý ýanyňa çagyrlandan soň, eger çynlakaý yhlas bilen, hyjuw bilen diýeniňi etse, oňa ördek, käkilik hödürlemeli. Soňra albaýa goýberip, sähra awa çykarmaly. Şeýle amal edilse ol şeksiz-şübhesiz awa girişer we örän algyr bolup ýetişer.

* * *

Garçgaýy dost-ýarlaryň we duşmanlaryň gözünden daşda saklamaly. Sebäbi hezreti Resulalla hem göz degripdirler. Şonuň üçin hem guşuň boýnuna gözden-dilden saklar ýaly tumar dakmaly. Ähli ýaman belalardan aman bolar ýaly hepde-de bir gezek göz degmezlik dogasyny ýüzärlik bilen garçgaýyň ýanynda tütetmeli. Eger garçgaý oňat algyr bolup ýetişse, ony häli-şindi eliň bilen sypap durmaly däl. Köplenç halatlarda bir taýajyk bilen gorjalyp durulsa gowy bolar. Sebäbi garçgaý üçin adamzadyň eli awulydyr we onuň guşuň ýüzüni gama batyrmagy mümkin. Köplenç ýagdaýlarda garçgaýyň ýanynda dep kakylsa gowy bolýar we ol depiň sesine öwrenişýär. Garçgaýy günüň-gününe elleşdirip ýörmeli däl.

* * *

Garçgaý algyrlyga kemsiz ýetişenden soň, oňa yzygiderli tälim berjek bolup, ýüregine düşmeli däl. Emma kä gijeler ýokardaky aýdylan usulda tälim bermek, öwretmek gerek. Gijelerine tälim berlen wagtynda-da

käte-käte guşuň gulagy öwrenişer ýaly deprek kakyp durulsa bähbitli bolar.

* * *

Garçgaýy eliňe alyp, awa salmak üçin sähra çykanyňda onuň çagry we beýleki guşlar ýaly diňe bir döşüni we endamyny sypalap oňaýman, hatda ony gaflat ukusyndan-da oýarar ýaly ganatlaryndan hem çekişdirmeli.

* * *

Garçgaýa hem beýleki guşlarda bolşy ýaly zaýalanan et bermeli däl. Oňa at, düýe we sygyr ýaly mallaryň etini hem köp bermeli däl. Çünki onda ýüze çykýan dürli dertler we keseller hem at, düýe we sygyr ýaly mallaryň etinden emele gelýändir. Ýürek, böwrek ýaly etleri hem garçgaýa köp bermekden saklanmaly. Çorbaly naharlary hem köp beriberseň ol horlanmak bilen bolýar.

Şeýle hem garçgaýlara kapasada saklanýan guşlaryň etini hem bermek bolmaýar. Sebäbi garçgaýa olaryň eti hem zyýanlydyr.

* * *

Adatça garçgaýy iýmitlendirmek üçin gerek bolýan kepderi, serçe we beýleki käbir guşlary tutup, öýe getirip, olary birnäçe günläp kapasada saklaýarlar. Bu hili guşlar zyndan guşlary diýlip atlandyrylýar.

* * *

Haçanda garçgaýy nahardan doýranyňdan soň, oturtmakçy bolsaň, onda ony uzagrak ýerde oturtman, öz golaýyňda saklamalydyr. Sebäbi ara daşrak bolsa her hili bela-beter hem tapylaýýandyr.

Garçgaýy itiň, pişigiň, towugyň, ýat kişiniň ýa-da çaganyň ýanyndan hem daşda saklamaly. Sebäbi garçgaý naharlanyp durka olaryň sesinden gorkup, iýen tagamyna düwnüp hem biler. Eger iýen tagamyny siňdirip bilmese, onda garçgaýyň kesellemegi hem mümkin.

* * *

Eger garçgaý ýerde oturan bolsa, ony ýerden göterjek bolsaň, hökman bir bölejik et berip götermelidir, şonsuz boş eliňe almaly däldir.

* * *

Eger garçgaý aç bolup oturan bolsa, çagyrsaň-da boş ele gonmaz, gowusy ony et bilen öz ýanyňa çagyrmakdyr. Şeýlelikde, garçgaýy ýanyňa gelmäge gowy endik etdirtmeli we oňa dok mahalynda hem adamdan we haýwandan gaçmaga endik etdirtmeli däldir. Sebäbi gorkak elguşdan islän myradyň hasyl bolmaýar.

* * *

Garçgaýy hemişe dok saklamalydyr, çünki hor we arryk garçgaýdan hiç zat çykmaz we myradyň hasyl bolmaz. Garçgaý şu zatlara hemişelik öwrendikli bolandan soň hem, hiç mahal oňa gahar-gazaply bakmaly däldir. Eger garçgaý köp gygyrýan bolsa-da, oňa gaharlanmaly däl, onuň göwni galar.

„Syrajyl kulub" («Kalplaryň şamçyragy») atly eserde: «Eger garçgaý gygyrsa, onuň «Rebbi-el-azym» (Eý, beýik Perwerdigärim) diýdigidir» diýilýär. Şonuň üçin elmydama garçgaýyň häsiýetlerinden göwnüň hoşal bolmaly. Bu babatda garçgaýyň dilinden aýdylýan şeýle beýt bellidir:

Seniň hijranyňdan çalaryn sazym,
Syrym äşgär kylar nala-owazym.

Göwün guşum kapasdaky elguşdyr,
Göwnüm hoşmy?! Onda owazym hoşdur.

* * *

Soltanlaryň adalatlysy, akyllylaryň danasy, din ylymlarynyň ussady bolan hezreti soltan Mahmyt Gürgenliden (Alla oňa rehmet etsin!) şeýle rowaýat edýärler:

Boýy bir gez, ini ýarym gez bir garçgaý bardy. Ýanynda deprek kakyp, ony ördege awa salardylar. Garçgaý bu guşlaryň iň ýokarda uçup ýörenini saýlap tutar eken. Eger garçgaýyň hüjümi başa barman awy

gaçyp gutulsa, onda haýsy golaýynda bolsa, şony tutar eken.

* * *

Hekimleriň aýtmaklaryna görä, garçgaý saklaýan kişiler gowy, owadan geýnüwli, hoşgylykly, şähdaçyk, şirin zybanly, juda gaýratly adamlar bolmalydyr. Sebäbi garçgaýyň hem tebigaty we häsiýeti onuň eýesiniň häsiýetine baglydyr. Garçgaý örän hüşgär, akylly we dana, duýgur guşdur. Garçgaýyň bar maksady – edil magşugyň öz aşygyna söýgi-mähir edişi ýaly, eýesine gowy görünmekdir we eýesiniň göwnüni tapmakdyr.

Bu rubagyny şahyrlar garçgaýyň dilinden düzüpdirler:

## Rubagy

Serwi ragna maýyl hem bimar boldum,
Duzagyna düşdüm, wah, şikar boldum.
Laçyn kibi joşup, uçmak isledim,
Nägä ýowuz penjä giriftar boldum.

* * *

Garçgaýy awa salanlarynda oňa gahar-gazaply seretmeli däldir we şonuň ýaly hem garçgaý öz pidasyny awlanda, awuny onuň penjesinden tiz garbap almaly däldir. Sebäbi awy elinden birden kakyp alynsa, garçgaý örän ynjaýar we onda kine galýar. Zynhar,

hemişe onuň bilen örän mylakatly we rehimli hereket etmelidir. Sebäbi garçgaý eýesinden öýkelemän, hoşhal we göwnühoş bolmalydyr.

Kaýyl şeýle diýipdir:

**Beýt**

Gorkýaryn eger uçursam, gaýdyp,
Yzyna hiç mahal dolanmaz öýdüp.

*** * ***

Horasanyň we Hindistanyň hekimleriniň birnäçesi garçgaý hakynda şeýle rowaýat edipdirler:

Hezreti Soltan Söýün Mürzäniň[1] eldekileşdirilenine sekiz ýyl bolan Akpeleň atly bir garçgaýy bar eken. Soltan ony eline alyp adalat diwanynda otyrka, bir kişi arz edip, adalat isläp soltanyň köşgüne gelipdir. Bu adamyň ses-sedasyny eşiden garçgaý howsala düşüp, kakynjyrap başlapdyr we soltanyň elinden aşak sallanyp, asyl-asyl bolup durupdyr.

Bu arz-şikaýat edýän kişiniň kimdigini anyklap görenlerinde, ol adamyň awçy ekendigi belli bolupdyr. Ol awçy, görüp otursalar, bir wagt şol garçgaýy tutan

---

[1] Soltan Söýün Mürze – Hüseýin Baýgara(1438 – 1405). Ol tas kyrk ýyla golaý wagtlap – 1469-1506-njy ýyllarda Hyratda hökümdarlyk edýär. Gündogarda Balh, günbatarda Bistam we Damgan, demirgazykda Horezm, günortada Gandagar we Sistan Hüseýin Baýgaranyň döwletine tabyn bolupdyr. Meşhur Alyşir Nowaýy Hüseýin Baýgaranyň weziri bolupdyr.

adam bolup çykypdyr. Şondan bäri hem dokuz ýyl ötüpdir. Ýöne şonda-da garçgaý awça bolan duşmançylygyny ýadyndan çykarmandyr, ahmyryny unutmandyr.

* * *

Garçgaýy awa salanlarynda oňa guşlary gezek-gezegine ýeke-ýekeden tutdursalar we şol awdan ony naharlasalar dogry bolar. Birnäçe gün, gününe iki gezek awa salyp, her gezegem öz tutan guşundan naharlasaň dogry bolar. Elbetde, guşy märekeçil edip, ýagny köpçüligiň şowhunyna öwrendikli edip ýetişdirmeli. Eger guş märekä öwrendikli bolmasa, onda beýle garçgaýyň soňy ýokdur, ol tiz heläk bolsa gerek. Sebäbi bu diňe hyýalbentleriň we çagalaryň güýmenjesi bolup biler.

Märekeçil garçgaýlar bolsa patyşalara, emirlere, hojaýynlara, kethudalara mynasypdyr.

* * *

Garçgaýlara nahary hemişe goltugyňdan çykaryp bermeli. Garçgaýy şoňa öwrenişdirmeli.

Eger-de garçgaýy awa salsaň, ýöne onuň awy oňmasa, üstesine özüňem ýanyň bilen towuk ýa-da bir bölejik et almadyk bolsaň, şonda-da eliňi goltugyňa salmaly. Ony gören garçgaý bitakat bolar we ýanyňa geler.

* * *

Garçgaýlaryň aýagyna jaň dakylmaly däldir. Çünki garçgaýa jaňyň sesi ýakmaz we ol tutuk bolar. Şonuň üçin onuň aýagyna jaň dakylsa, onuň peýdasy ýokdur, gaýtam haýryndan zyýany köpdür. Çünki garçgaý awa salnanda jaňyň sesi awa özüniň bardygyny duýdurar we aw gaçyp gider. Bu ýagdaý hem garçgaýyň janyny ýakar we gaharyny getirer.

* * *

Hekimleriň aýtmaklaryna görä, garçgaýy uçurmakçy bolanlarynda, ýeliň haýsy tarapdan ösýändigini hem nazara almalydyrlar. Eger garçgaý sesýeterden uzakda uçup barýan bolsa, onda depregi güýçli kakyp başlamalydyr. Eger garçgaý öň depregiň sesine öwredilen bolsa, onda ol bu tanyş sese dolanyp geler. Bu hakda garçgaýyň dilinden şeýle sözler aýdylýar:

### *Goşgy*

Bir ýerlerden depregiň owazyny eşitdim.
Geldim, şaha gowuşmak arzuwyma ýetişdim.

* * *

Eger garçgaýy öz ýatýan agajynyň üstüne gondurmakçy bolsalar, ol hem agaja gonmasa, hem-de ondan ýuwaş-ýuwaşdan ýaramaz gylyklar ýüze çykyp başlasa, munuň çäresi şeýledir: Garçgaýy üç günüň dowamynda şol ýaramaz endigini gaýtalaýan mahaly

nahardan kemmeli. Garçgaý şondan soň bu ýaramaz gylygyny taşlar.

* * *

Eger-de garçgaý gygyrmaga endik etse, ümsüm oturyp bilmese, adamlar hem onuň sesinden gorksalar, onda garçgaýyň naharyna bir dirhem agyrlygy mukdarynda gyzyl sygryň budunyň süňküniň ýiligini tagamyna garyp berseler gowulaşar. Şeýle edilse ol gygyrmasyny goýar.

* * *

Eger garçgaý gün-günden öz agramyny ýitirse we onuň bokurdagy hyrryldasa ýa-da günsaýyn horlansa, zaňy gök we iriňli bolsa hem-de suwa köp meýil etse, semiz goýnuň etini suwda gaýnadyp, soňra suwdaky köpürjiklerini sowadyp, iki-üç günläp tagamyna garyp berseler, gutular we onuň ýarawsyzlygyndan namnyşan galmaz.

* * *

Eger-de garçgaý gödeklik edip başlasa we uçanda howanyň ýüzünde bimany boş aýlanyp ýörse, onda garçgaýy öňki wagtyndan biraz gijräk naharlamaly. Şonda ol bu häsiýetini goýar.

* * *

Eger-de garçgaýyň aýagynda çiş peýda bolsa, tirýegi hynanyň suwuna ezip, çiş ýerine ýapsalar gutular.

* * *

Eger garçgaý köp garsynsa, gaşansa, ony suwa garylan dalçyn bilen iýmitlendirmeli. Şonda garsynmasy galar.

* * *

Hekimleriň aýtmaklaryna görä, garçgaýy eşegiň aňňyrmasyndan daşda saklamaly. Sebäbi eşegiň ýoknasyz sesinden, ýakymsyz aňňyryşyndan garçgaýda kelle agyry peýda bolýar.

* * *

Eger garçgaýyň aşgazany sowuklan bolsa, dört mysgal ýaly nohudy, biraz gandy owradyp, ýagyşyň suwuna garyp garçgaýyň tagamyna goşup bermeli. Bu emi üç gezek gaýtalasalar, gutular we öňki ýagdaýyna geler.

* * *

Horasanyň, Hindistanyň, arap ýurtlarynyň we Türküstan topragynyň alymlarynyň we hekimleriniň aýtmaklaryna görä, garçgaý saklaýan awçy eýesi örän arassa geýimli, hoş niýetli, ýagşy gylykly we owadan syratly bolmalydyr.

Şol diýlenleri Bukrat hekim hem birwagtlar aýdyp geçipdir.

* * *

Tejribede synap gören kişiler şeýle diýipdirler: Täze tutulan garçgaýyň gözüni daňyp öýe getirenlerinde, biraz reýhan we ýüzärlik tütetseler gowy bolýar.

* * *

«Ermeni möhresi»[1] diýip bir zat bar. Bu ady agzalan zady Rum welaýatyndan getirýärler. Şol «ermeni möhresininiň» iki-üç dänesini owradyp, garçgaýyň naharyna garyp iýdirseler, garçgaýyň gözleri örän ýiti we görgür bolýar. Hatda ol asmandaky ak gyly hem görmäge ukyply bolýar.

* * *

Eger garçgaýyň ganatlary halparsa we aşak sallanyp dursa hem-de aw awlamakdan galsa, onda ol gyzgynlyk zerarly bu ýagdaýa düşendir. Şeýle ýagdaýda oňa sygryň ýa-da geçiniň etini bermeli. Eger ol iýmekden boýun gaçyrsa, onda garçgaýyň ganatynyň iki süňküniň aralygyndan iňňe bilen birnäçe damja gan almaly. Şeýle edilse gutular.

---

[1]Möhre –monjuk ýa-da kiçijik şaýba şekilli daş. Möhre süňkden hem bolup biler. Oňurganyň her bir bölegine-de *möhre* diýilýär.

* * *

Eger garçgaýyň ýa-da beýleki elguşlaryň birnäçe günläp yzly-yzyna kellesi sandyrap dursa we penjesi bilen başyny gaşasa, bilgin, bu ýagdaý tagam iýip durka gapdalyndan it ýa-da pişik geçen wagty gorkanlygy üçin emele gelendir. Beýle ýagdaý ol tagam iýip durka gorksa peýda bolýandyr. Şeýle ýagdaýda garçgaýyň agzyna sowuk suw damdyryp, ähli iýeni yzyna gaýdar ýaly ony başaşak tutmaly.

Eger bu ýagdaýda-da gutulmasa, onda garçgaýy suw küýzesine salyp, agzyny hem mäkäm ýapyp, ony hem şemally ýerde asyp goýmaly. Şeýle ýagdaýda ol iýen zadyny agzyndan gaýtarar we özüniň öňki halyna gaýdyp geler.

* * *

Eger berilýän tagam garçgaýa täsir etmese we ol gün-günden horlansa, gara halylanyň gabygyny sokuda gowy owradyp, ýumşatsynlar we ony hem künjiniň ýagyna garyp mäjum etsinler. Taýýar bolan mäjumy hem serçäniň içine salyp, garçgaýa iýdirsinler. Şeýle edilse, garçgaý ýene-de özüniň öňki halyna geler.

* * *

Eger garçgaý çalt daýanmasa döwülen zenjebili naharyna garyp berseler, işdäsi açylyp, özüniň öňki halyna gaýdyp geler we çalt özüni tutar. Eger garçgaý çakdanaşa ýaramaz we gödek hereketler edip başlasa we tagam iýmän gaçalaklyga ýüz ursa, onda oňa wagty

sarp edip, azap çekmekligiň zerurlygy ýokdur. Gury öz wagtyňy zaýa etdigiň bolar.

* * *

Eger garçgaýyň agzynda bir ýara peýda bolsa, onda ýylanyň ödüni suwa ezip, ony dyrnagyň ujunda goýup, garçgaýyň agzyny açyp, ýokarky kentlewigine tä ýarasyndan gan çykýança sürtüp çalmaly. Şeýle edilse ýarasy gutular.

* * *

Sygryň we geçiniň etinden garçgaýyň aşgazanynda ýel emele gelýär. Onuň alajy tagamyna biraz owradylan zenjebili goşmaly we ony iýdirmeli. Şonda garçgaýyň ýellenmesi aýrylar we göwni hoşlanar.

* * *

Eger garçgaýyň agzyndan gan gelse, onda derrew itiň süňki bilen ýylanyň hamyny bilelikde garçgaýyň guýrugynyň aşagynda tütetmeli, enşalla, gutular.

* * *

Eger-de garçgaýyň aýagy çişen bolsa duzy hyna garyp, ony hem suwa ezip, iki-üç günläp guşuň aýagyna ýapsaň gutular. Eger çiş basym gaýtmasa gazanyň garasyny gowy owradyp, köne sirkä garyp, garçgaýyň aýagyna ýapmaly, şonda derrew gutular.

* * *

Eger garçgaý gan gatyşykly zaňlasa, ýagny zaňlanda zaňynda gan görünse, bu ýagdaý onuň diri jandarlaryň etini iýenliginden ýüze çykýandyr. Ol iýen etini siňdirebilmänligi üçin bu ýagdaýa duçar bolýandyr.

Onuň çäresi şeýledir: Garçgaýa sowuk et bermeli däl. Bejergi üçin gyzyl güli gowy mynjyradyp, ony guşuň zaňlaýan ýerine çalsynlar. Eger gan gelişi aram halda bolsa, garçgaýy gowy ajykdyryp çig ud, kafur, zenjebil we pisse agajyny gowy garyp owratmaly we soňra bişirip, ony garçgaýyň naharyna garyp iýdirseň ol gutular.

* * *

Eger garçgaý tomusda gün uran bolsa suwy köp içer. Guýrugyny köp kakar. Şeýle ýagdaýda bir ýarym dirhem ýaly hytaý yşgyny bilen bir dirhem ýaly kafury biri-birine garyp, gowy owratmaly we mäjum etmeli. Soňra suwuny alyp, buzuň arasynda sowatmaly we garçgaýa aç mahalynda iýdirmeli.

Balygyň ýa-da guzynyň etini hem şeker bilen garyp, birnäçe gezek garçgaýa iýdirseň gutular. Eger şunuň bilen hem çalt gutulmasa oňa kafuryň gülüni berseň, tiz gutular we özüniň öňki ýagdaýyna gaýdyp geler.

* * *

Eger garçgaý birnäçe günläp yzly-yzyna iýen tagamyny gaýtarsa we gün geçdigiçe horlansa, ýylanyň

we syçanyň etini süňki bilen owradyp, oňa bermeli, ýöne hamyny bermeli däl. Şeýle edilse ol gowulaşar.

Eger onda-da gowulaşmasa we çalt semremese, garçgaýa entek gözüni açmadyk güjügiň etini iýdirmeli. Şonda garçgaý ýuwaş-ýuwaşdan gowulaşyp, sagalar.

* * *

Eger garçgaý güýçden gaçsa, gözleri we ýüzi süllerse, boýny gyşarsa we aýaklarynda ysgyn-mydar bolmasa, bu ýagdaý aşa çyglylykdan peýda bolýandyr. Onuň çäresi şeýledir: Üzümiň çöpüni ýakyp, tamdyry gyzdyrmaly. Soňra tamdyrdaky közleriň baryny tamdyrdan çykarmaly we bir çig kerpiji tamdyra salmaly. Soňra garçgaýy bir mata dolap, kerpijiň üstünde oturtmaly we tamdyryň üstüni hem keçe bilen basyryp, biraz wagt goýmaly. Az salymdan soň garçgaýy çykaryp, ony oduň ýanynda ýelpäp sowatmaly. Ondan soň çig udy, zenjebili, burçy, rumuň pissesini Kabul reňkine[1] gowy garyp bişirmeli. Soňra ony garçgaýyň iýýän tagamyna garyp bermeli. Şeýle edilse ol tiz sagalar. Elbetde, gaty köp bermegiň hem peýdasy ýokdur. Hat-da ol köp berilse zyýan hem edip biler.

* * *

[1] Kabulda bitýän ösümlik. Ony naharyň reňkini üýtgetmek üçin gazana atýarlar.

Eger garçgaý kada görä tagam iýmäge meýil bildirmese, eşegiň süýdüni alyp, bokurdagyna damdyrmaly, şonda işdäsi açylar we tagam iýmäge meýil bildirer.

* * *

Eger garçgaýyň garnynda noýbanyň ululygynda ýa-da has ulurak ölçegde çiş emele gelse, bu köplenç garçgaýyň nahary çakdan aşa köp iýenliginden, soňundan hem garnyny bir agaja degrenliginden ýüze çykýar. Şonda garçgaýyň iýen tagamy içinde gatap galýar we çişip durýar.

*Emi.*

Sary halylanyň çigidini alyp, ony gowy döwmeli we ony sary ýaga goşup, mäjum edip, oňa biraz ary balyny hem garmaly. Soňra olary goýnuň içegesine salyp, içegäniň bir tarapyna-da inçejik ýüp daňyp, garçgaýyň agzyna salyp, ony ýuwutdyrmaly. Ol içege garçgaýyň daşlygyna barar ýaly etmeli. Soňra ýüpi çekip görmeli. Eger ýaňky agzyna salan zadyň ýok bolsa, onda ol tiz gutular.

* * *

Eger garçgaýyň gözi gyzaran bolsa, bu ýagdaý onuň ganly et iýmeginden ýüze çykýandyr.

*Emi.*

Biraz ary balyny pagta garyp, garçgaýyň gözüne daňmaly. Ondan soň gözüne biraz şerap damdyrylsa gutular.

* * *

Eger garçgaýyň gözi saralsa, özi hem agaçda köp oturmagy halys endik eden bolsa, onda şol agajyň aşagynda tüsse etmeli we şol tüsse garçgaýa ýetse, ol gaýdyp şol agajyň üstünde oturmaz.

* * *

Eger guş et iýip, iýen etini siňdirip bilmese, onda oňa ertesi eti azajyk bermeli. Eger köp berseň, ol iýen etini hem siňdirmän galdyrar. Ol bölek eti hem bir inçejik ýüpek sapaga sarap, garçgaýa iýdirmeli. Eger iýen eti guşuň bokurdagyndan geçse, ýüpüňi yzyna çekip al. Eger ujunda etiň bir bölejigi galan bolsa, onda indiki gezek bir bölejik eti goýnuň ödüne goşup iýdirmeli. Şonda guşuň öňki siňmedik naharynyň ählisi yzyna gaýdar. Ýöne şol gün oňa başga hiç hili nahar bermeli däldir. Eger tagam berilse-de diňe aç ölmezlik üçin ölmez-ödi berilmelidir. Bu ýagdaý esasan hem gyş paslynda köp ýüze çykgyç bolýar. Bu hala duçar bolmaz ýaly oňa köplenç zenjebil bermeli. Zenjebil garçgaýyň gursagyny ýyly saklar we elmydama öz halynda bolar.

* * *

Eger garçgaýyň we başga algyr guşlaryň gözünden suw gelse, bu ýagdaý iki sebäpden ýüze çykyp biler. Bu ýa sowukdan ýa-da yssydan bolup biler. Eger yssydan bolsa, onuň gözüne gülap damdyrmaly. Eger

sowukdan bolsa, onda gülaby sowadyp damdyrsalar gutular.

* * *

Eger garçgaýda bir ýara peýda bolsa, injir daragtynyň şiresini şol ýara ýerine birnäçe günläp çalsa gutular. Eger onda-da ýara basym gutulmasa, onda oňa ýylgyn agajynyň şiresini çalsa gutular.

* * *

Hekimleriň aýtmaklaryna görä, eger elguşlary özüňe kaýyl we maýyl etmek islenilse bir mysgal ýaly duzy hamyra atyp, ony hem oduň aşagynda gömmeli. Hamyr gowy bişensoň oňa ýarym mysgal ýaly müsür nabadyny goşup, elguşa iýdirmeli. Ýigrimi minut geçensoň duz siňişer. Ondan soň öňünde bir tabak suw goýmaly. Haçanda guş suwdan gowy ganandan soň, gowy ýuwup, goýun etini bermeli. Agşamlyk guşuň şol günki awlan awunyň etinden doýurmaly. Eger ýene-de awa isleg bilderse, awa goýberip, awuny özüne iýdirmeli.

* * *

Garçgaýyň sagdyn bolmagynyň ähli çäresi onuň eýesiniň elindedir. Ol elmydama öz guşunyň halyndan habarly bolmalydyr we guşunyň halyndan birjigem gapyl galmaly däldir. Guşuň eýesi gije-gündiz, mydama onuň goragynda esewan bolmalydyr.

Garçgaýa gözegçilik etmek edil bäbejige ýa-da hassa gözegçilik eden ýalydyr.

***Beýt***

Ýagşylara näz edenler , eý Taňry,
Derde duşmawersin, sag bolsun ömri.

## ALTYNJY PASYL

## LAÇYNY SAKLAMAKLYGYŇ USULLARY WE ONUŇ KESELINE EM EDILIŞI HAKYNDA

Eý, eziz, bilgil we habarly bolgul! Laçyny saklamaklygyň hem özüne mahsus kada-kanunlary bardyr. Onuň saklanyşynyň kada-kanuny edil şygyr düzüliş ylmy ýalydyr. Şygyr düzülşiniň kada-kanunlaryndan oňat baş çykarýan kişiler, laçyny saklamagyň ýollaryny öwrenseler, şol hili adamlar guşuň uçuşyna we aw awlaýyş aýratynlyklaryna has belet bolarlar. Eger goşgy düzüjiler goşgy düzülen we okalan wagtynda şygyr ölçeglerini ýerli-ýerinde saklasalar, onda ol göwnejaý bolýar, eger şol kadalar saklanylmasa, onda goşgynyň setiri-de, sözleri-de biri-biri bilen baglanyşmaz. Edil şonuň ýaly laçyn guşy hem al asmana galksa-da, göwni sowuk bolsa, hiç kimi heýjana getirmez.

Uçan we bökjeklän wagtynda, aýaklarynyň ujy çalaja ýere degip gitse we awuna golaýlaşanda keýik böküşini edip tutsa, olar iň owadan we näzik laçynlardyr. Emma käbir laçynyň hereketlerini

gazylaryň[1] söweşdäki hereketine meňzedipdirler. Bu hili laçynlar iki batyr leşgeriň garpyşyp, mertlerçe söweşişini we ýene-de söweşden soň öz goşunyna tarap dolanyp gidişlerini ýadyňa salýar.

Laçyn awuna golaýlaşan wagtynda bir hüjümde onuň bilen söweşe girer we ýeňer. Eger hüjüm başa barmasa edil sarsar ýeli ýaly pel-pelläp öz ýerine dolanyp geler. Laçyn aslynda hüjüm ediji guşdur, ýöne alymlar we hekimler olary tanamakda, saklamakda we eldekileşdirmekde hiç hili kynçylyk ýüze çykmaz ýaly, olary dört görnüşe bölüpdirler we olaryň her görnüşini hem öz içinde birnäçe topara bölüpdirler.

*Birinji görnüşi.*

Eger laçyn ak reňkli, çüňki kiçi, dar gözli, uzyn guýrukly, döşi inçe, süňkleri çykyşyp duran bolsa, awlary ownuk-uşak bolsa bu hili laçynlar juda sabyrsyz, solak ýüzli bolup, sähel yssy bolanda derrew özüni ýitirýändirler. Olara näçe kömek edilse-de ahyrsoňy netijesiz bolýandyr.

*Ikinji görnüşi.*

Bu hili laçynlar sary reňkli, kaýsar boýunly, ýiti gözli, aýaklary kiçijek, arkasy kiçi, ýelekleri hüjjük bolýandyr. Olar örän ýaramaz gylykly, boýun egmezek we ownukçyl bolýandyr. Diňe ýanyndaky we golaýyndaky aw bolmasa, uzakdaky uly awlary awlamaýarlar. Ýöne bu hili guşlar bir gezek gowy

5. Gazy – yslam dini üçin göreşýän örän batyr, gaýduwsyz, gerek bolsa hat-da başyny goýmaga-da taýyn kişä diýilýär.

arrykladylyp etinden gaçyrylsa, köplenç ýaramaz gylyklaryndan saplanyp gidýändirler.

*Üçünji görnüşi.*

Bu hili laçynlar gyzyl reňkli, uly çüňkli, ýylan kelleli, orta aýakly, ownuk ýelekli, eginleri dik bolýandyr. Bu hili laçyn örän şadyýan, ýyndam uçuşly, gaýduwsyz we batyr bolýar. Ýöne eldekileşdirilen döwründe biraz säwlik goýberilse ýa-da etden has aşa doýsa, onda bularda hem ýaramaz gylyklar ýüze çykyp başlaýar. Emma bu hili laçynlar hem bir arrykladylyp, etinden gaçyrylsa, ýaman gylyklaryndan saplanyp bilerler.

*Dördünji görnüşi.*

Bu hili laçynlar gara reňkli, dar gözli, ýasy maňlaýly, erkek pisint, dik boýunly, ýelekleri ownuk, gaz döşli, ýasy arkaly, ganatlarynyň ujy inçe, uzyn guýrukly, başarjaň, giň we ýasy penjeli bolýar. Bu hili laçynlar uly ýeňişleriň eýesi bolýandyr. Olar eýeleriniň ýanynda diýen ediji, hemişe hoşhal, sabyrly, gaýduwsyzdyrlar. Olaryň aw awlaýşynda, asmanda perwaz edip uçuşynda hiç hili kemi-kössi bolýan däldir. Eger şunuň ýaly alamatlar haýsydyr bir laçynda bar bolsa, oňa kazynyň suwy[1] diýerler. Şular ýaly laçynly kişi öz laçynyndan näme islese we nähili islese laçyn şonuň ýaly onuň meýline görä, hereket eder. Ol

---

[1] Kazynyň suwy - Bu söz göçme manyda bolup, kazynyň özüçe bolmasa-da, suwyça, ýagny tohumyça ýa-da neberesiçe bar diýen manyny berýär.

öz eýesiniň ähli isleglerini, maksatlaryny onuň isleýşinden-de gowy hasyl eder.

Laçynlaryň ele salnyşy üç görnüşe bölünýär:

*Laçynlaryň ele salnyşynyň birinji ýoly.*

Bu ýol bilen tutulan laçynlar *ş a r a ý t a* diýlip atlandyrylýar. Olar entek höwürtgeden çykmadyk döwründe ele salynýar. Bu hili laçynlar örän mylaýym, gaýduwsyz, diýen ediji, gowy gylykly bolýandyr. Ol özüniň uçuşy we aw awlaýşy bilen görenleri haýrana goýýandyr.

*Laçynlaryň ele salnyşynyň ikinji ýoly.*

Bu ýol bilen tutulan laçynlar *s a ý a p e r* diýlip atlandyrylýar. Bu görnüşli laçynlar ýaňy höwürtgeden çykyp, awa girjek bolýan mahaly duzaga salynýar. Onuň ýyndamlykda, sabyrlylykda deňi-taýy ýokdur. Olar diňe öňünde gözüni diken awundan başga zada asla ýüzüni öwürmeýärler. Ýöne kämahallar örän boýun egmezeklik edip, awa göni topulýar. Ýöne bu laçynlary arrykladyp, etinden gaçyrsaň bu häsiýetini taşlar.

*Laçynlaryň ele salnyşynyň üçünji ýoly.*

Bu laçynlara *s ä h r a g ö r i z* (sähra tarap gaçýan) diýýärler. Laçynyň bu hilisi örän gödek häsiýetli, sabyrsyz bolup, olaryň diňe howada bihuda uçmakdan we gaçmakdan başga hyýallary ýok. Uçanda-da örän başagaý ýagdaýda uçýar. Elbetde, muňa tälim berjek bolsaň, diňe öz wagtyňy zaýaladygyň bolýar we ähli edeniň puç bolar. Sebäbi bu hili laçynlara müň mertebe

yhlas etseň-de, oňa hiç hili täsir etmeýär. Ol laçynlar barybir öz häsiýetinden el çekip bilmeýärler.

Eger oňa gije diýmän, gündiz diýmän terbiýe berseň-de, öň tejribede görlen usullary we ýollary ulansaň-da, barybir öz maksadyňa ýetip bilmersiň, ony eldekileşdirip, düzgün-tertibe salyp bilmersiň. Bu hili laçynlar pursatyny tapsa, ýene sähra gaçjak bolup durandyr. Olar sähradaky häsiýetlerini unudyp bilmezler. Olar hemişe örän zabunlygyny, gazaplylygyny saklarlar.

Bu hakda şeýle diýipdirler:

> Bedasyla edep berjek bolmaklyk
> Hoz goýan ýalydyr gümmez başynda.
> Ýagşylaryň nury saklanmaz hergiz,
> Biliň zannyýamanlaryň gaşynda.

Sähragöriz guşlarynyň şuňkar, garçgaý we tulumtaýdan başga ählisi diýen ýaly ýaramaz gylykly bolýandyr.

### *Laçynlary saklamagyň ýollary*

Eger laçyny täze tutan bolsalar, ony birnäçe günläp hiç ýere çykarman saklamaly. Şeýle edeniňde gaçmaklyk we uçmaklyk ýaly hyýallary onuň başyndan gider. Ony birnäçe günläp yzygiderli ýagdaýda garaňky ýerde, çyranyň ýanynda saklamaly. Şonda onuň kellesine börük geýdirmeli. Börügi aýra-

nyňda-da, geýdireniňde-de seresaplylyk bilen hereket etmeli. Börügini açan wagtyň oňa kiçiräk towugy tutdurmaly we şol towugyň etinden ony doýurmaly.

Laçynyň gorky-ürküsi aýrylyşandan soň ol mylaýymlaşar. Şondan soň sährada gezip ýören döwründäki semizligi, etli-ganlylygy aýrylsa, ony özüňe ysnyşdyrmaly. Laçyn guşda çagry we bähridäki ýaly aýagyndaky ýüpi aýyrmaga gyssanmaly däldir. Onuň aýagyndaky ýüpi kyrk günüň dowamynda ýuwaş-ýuwaşdan tä belli bir pellä ýetensoň aýyrmaly.

Soňra laçyny birnäçe günläp albaýa goýberip, et bilen ýanyňa çagyryp, kiçeňräk awlara goýbermeli. Şol döwürde-de ony towugyň eti bilen doýurmaly. Şeýlelikde, laçyny ownugrak awa salyp öwrenişdirmeli. Soňra ony albaýa çekip, uly awlara salmaly. Ol leglek, garga ýaly guşlary awlasa ýene-de albaýa goýberip, has uly awlara salmaly. Şeýle edilse, laçyn guşy çynlakaý awlara kemsiz öwrenişip gider.

Laçyn bilen aw awlanylanda ýanyňda atyň hem bolmagy zerurdyr. Emma laçyny awa salanlarynda ilki bilen oňa towuk etini berseler peýdasy köpdür. Haçanda laçyn kowan awuny tutanda, ony şol awunyň etinden hem doýurmaly. Laçyna awa salnanda berilýän towuk hem edil onuň aw edip tutan guşundaky ýaly lezzet berýändir.

Kada bolşy ýaly laçyny çagry ýaly biraz horrak we berk saklamaly. Onuň bähri ýaly häli-şindi arkasyny sypalap durmaly däldir, uçuranda şuňkar ýaly gijikdirmeli däldir. Ony garçgaý ýaly zyňyp uçurmaly

däldir. Laçyn awa çykarylanda ýanynda hökman ýüwrük at hem bolmalydyr.

Bu hakda rowaýat hem aýdýarlar. Şol rowaýata görä, laçyn özüniň eýesiniň kyrk sany oglunyň bolmagyny, her oglunyň hem biri ýadanda beýlekisine münüp, özi bilen bile awa çykary ýaly iki sany ýüwrük gowy atynyň bolmagyny we şolar bilen ululy-kiçi awlara gatnaşmagyny arzuwlar eken.

## *LAÇYNYŇ KESELLERI WE OŇA EM EDILIŞI*

Eger-de laçynyň gözüne ak düşse, üç günläp yzly-yzyna gözüne sürme çekseler gutular.

* * *

Eger laçynyň gözünden suw gidýän bolsa, onuň naharyna towugyň ödi bilen laçynyň[1] bagryndan biraz garyp iýdirilse gowulaşar.

* * *

Eger-de laçynda bir ynjalyksyzlyk bar bolsa, ýagny gözleri gün ýaly lowurdap dursa, özi hem semiz bolsa we zaňlanda-da hiç hili kemi-kössi bolmasa, ýöne huşsuz bolsa we aw awlamakdan galsa, laçynyň iýýän etini kişnäniň (kinzanyň) suwuna agşamlyk ezip we ertesi şony tagamyna derek iýdirseler gutular we ol özüniň öňki halyna geler. Bu ýagdaý onda çyranyň tüssesi zerarly peýda bolýar.

* * *

Eger laçynyň aýagynda ýara, düwürtik bolsa, ýaranyň ýokarsyny we daşyny iňňe bilen deşip ganjyratmaly. Soňra şol ýaranyň üstüne owradylan

---

[1] Bu ýerde haýsydyr bir ýaralanan ýa-da garran laçyn göz öňünde tutulýan bolmagy mümkin.

halylany pyçagyň ujy bilen sepmeli. Ondan soň ýarany täzeje ak pagta bilen saramaly.

Laçynyň aýagyny on günläp sargyda daňylgy saklamaly. Şol ýagdaýda, ýagny ýarasy daňylgyka laçyny eliňde saklap naharlandyrmaly. Sebäbi oňa kän agram düşmeli däl. On günden soň ýarany açsalar, ýaradan yz hem galmaz.

* * *

Eger laçynyň içi ýellense, şeýle emi ulanyň: Işbili goýnuň guýrugynyň arasynda goýup, ony hem hamyra dolamaly we otda gömmeli. Hamyr ýanansoň, işbilini çykaryp, üç günüň dowamynda laçyna iýdirmeli.

* * *

Eger laçynyň haýsydyr bir ýerinde çiş bolsa, şol ýere künji ýagyny çalmaly. Elbetde, şeýle edilse, gutular. Ýöne ýapgyny gereginden artyk saklasaň, munuň peýda däl-de zyýan ýetirmegi hem mümkin.

* * *

Laçyn zaňlanda, zaňynda gan ýa-da biraz iriň görünse, aç wagtynda onuň agzyna azajyk müsür nabadyny atmaly. Şondan soň guşuň öňünde bir tabak suw goýmaly. Eger onuň suw içesi gelmese, onda çüňküni açyp özüň suw guýmaly. Şeýle edilse laçyn, elbetde, gutular. Eger bu em peýda etmese, onda laçynyň agzyna biraz müsür duzuny atsalar hem haýry ýeter.

* * *

Eger laçynyň icinden edil şuňkaryňky ýaly gyzyl gurçuklar çyksa, ak towugyň ýüregini, ýelegini, biraz süňküni we haýsydyr bir ölen laçynyň bagryndan biraz bölejigini iýdirseň, gurçugy daşyna çykarar we laçyn sagalar.

* * *

Laçyny ýaramaz endiklerinden saplanar ýaly aç saklan mahalyňda onuň öňüne ownujak daşjagazlar goýmaly. Şonda laçyn her gün irden açlygyna çydaman, şol daşjagazlary iýmeklige meýil bildirer we ahyry kem-kemden olary iýip başlar. Laçynyň öňünde goýlan daşjagazlaryň hasabyny ýöretmeli. Laçyn tä şol daşjagazlary doly iýip gutarýança, başga iýmit bermeli däl.

* * *

Eger laçyn naharynyň ýany bilen haýsydyr bir ýokumsyz zat iýen bolsa we şol iýen ýokumsyz zadyny gaýtaryp bilmese, onda onuň iýjek etine on sanyjak dary dänesini goşup berseň, guş kän bir uzaklaşdyrman, öňki iýen ýokumsyz zatlarynyň hemmesini gaýtarar.

* * *

Eger laçyn iýmiti çakdan aşa köp iýse, ony siňdirip bilmese, oňa ölüm howpy abanmagy-da mümkin.

Şeýle ýagdaýda guşuň çüňki açyk durar ýaly oňa kawil[1] goýup, bir uzynja iňňäniň ujuny çalaja egreldip, laçynyň iýen zatlaryny şol iňňe bilen kawiliň arasyndan çykarmaly, şonda laçyn gutular. Ýöne soň laçyny naharlanyňda gaty seresap bolmaly.

* * *

Eger laçyn guýrugyny çalt-çaltdan silkse we bu ýagdaý uzak wagtlap dowam etse, onda goýnuň etini çaganyň peşewine bir gijeläp ezip goýmaly. Ertesi şol eti laçyna iýdirseň gutular.

Eger laçyn bir gezekde gutulmasa, onda bir hepdeden soň ýene şol emi gaýtalamaly. Şonda laçynyň keseli dep bolar.

* * *

Eger laçyn bitlese düýäniň gumalagyny ýakyp we onuň külüne garynjany garyp, ony hem laçynyň ähli ýerine çalsalar, soňra laçyn güneşde köne pagtanyň üstünde oturdylsa ähli bitleri ýere gaçar.

* * *

Eger laçynyň kellesi agyrsa, bulanyp dursa we awa meýli bolmasa, naharyny iýende kynlyk bilen ýuwutsa we başyny ýaýkasa, kellesini aşak sallasa, onda biraz nohudy möjegiň ödüne garyp, owradyp ýüzüne çalmaly. Em edilýän wagty laçyny eliň üstünde saklamaly

[1] Guşuň agzyny açyp goýmak üçin goýulýan enjam.

we agzyna suwy ýetirip durmaly. Suw kän bir çaýkanmaz ýaly seresap bolmaly. Damagyna süýji naryň suwuny damdyrmaly, eti bolsa biraz gijikdirip bermeli. Şeýle edilse laçyn basym özüniň öňki halyna geler.

* * *

Eger laçynyň sarysy gaýnasa, tagamyna eşegiň süýdüni garyp berseler tiz gutular.

* * *

Eger laçyn horlanyp, öz agramyny ýitirýän bolsa, bokurdagy tutulsa we bokurdagyndan hyrryldyly ses çyksa, ýa ol hiç bir ýerde karar tapman, özüni ynjalyksyz duýsa iýýän etini barha azaltsa, özi hem gün-günden hor düşse, zaňy bulaşyk bolsa, özi-de suwy köp içýän bolsa, onda onuň emi şeýledir: Rum hanzalynyň[1] tohumyndan bir dirhem agramlyk mukdarynda, zenjebilden hem bir dirhem mukdary agramda alyp, olaryň ikisini garyp, oňa hem sygryň ýagyny goşmaly. Taýýar bolan lukmany guşuň tagamyna garyp, agzyna golaý getirip iýdirmeli. Şeýle edilse guş tiz gutular.

Eger-de guş tagamyny iýmek islemese, onda hindi duzundan biraz goşulsa oňat bolar. Şonda laçyn

[1] Türşek(Citrullus colocynthis). Gawunyň ternesine meňzeş, ýöne ondan biraz kiçiräk, deňziň, kölüň, derýalaryň golaýynda bitýän turşy tagamly ýabany ösümlik.

suwsap başlar we suw içer hem-de nahara meýil eder. Elbetde, şeksiz-şübhesiz iýer we gutular.

* * *

Eger laçyn çagyrylanda gelmese we asla eýesine boýun egmese, bu ýagdaý onda öňdenem bar bolsa, şeýle ýagdaýda mäkiýan laçynlary ýola getirjek bolmagyň haýry ýok. Ýöne horaz laçyn bolsa naharyna burç garyp berseň, çüňküne bolsa ary balyny çalsaň, ol ýola geler we düzeler.

* * *

Eger üç günläp laçynyň iýeni siňmän, gaýtaryp dursa, dördülenji gün günortana çenli oňa hiç zat bermeli däl. Soňra serçäniň süňküni we hamyny aýryp, diňe etini biraz suwa ezip berseler, laçyn iýen zadyny ýeňil siňdirer. Ertesi hem gün doganyndan soň dört sany serçäni şonuň ýaly edip berseň, laçynyň saglygy üçin haýyrlydyr. Soňra ýene üç gün serçäniň etini şular ýaly tertipde bersinler. Eger on günläp şu usulda iki wagtyna dürli hili etlerden berilse, örän peýdalydyr we laçyn tiz sagalyp gider.

## ÝEDINJI PASYL

## TULUMTAÝY[1] SAKLAMAGYŇ USULLARY WE ONUŇ KESELINE EM EDILIŞI HAKYNDA

Eý, eziz gadyrdan! Bilgil we habarly bolgul!

Bu aýdylan zatlaryň ählisini bilmeklik, elbetde zerurdyr. Kimde-kim şu aýdylanlary öwrenip, oňa laýyklykda amal etse, onuň aw babatdaky göwün islegi gysga wagtyň içinde hasyl bolar. Bu usullary gysga zamanda öwrenip bolýar we olar örän ýönekeýdir.

Kimde-kim kiçi guşlaryň saklanyşynyň ýollaryny bilýän bolsa, onda ol kişi uly guşlaryň saklanyş ýollaryny hem berjaý edip biler. Onuň aw awlaýşyna we uçuşyna gowy belet bolar. Bularyň hemmesi, ýagny olaryň dürli görnüşleri, häsiýetli taraplary ussatlara

[1] Eseriň girişinde bu bölümiň ady «Tulumtaý, lagyr, gyrgy, figu ýaly aw guşlaryny saklamaklygyň usullary we olaryň kesellerine em edilişi hakynda» görnüşinde getirilýär. Ýöne bu ýerde lagyr, gyrgy, figu ýaly guşlar hakynda gürrüň gozgalmaýar.

belli we anykdyr. Şonuň üçinem olaryň her birini ýeke-ýeke beýan etmeklik köp wagta çeker. Şol sebäpli-de biz guşlaryň her görnüşinden biriniň aýratynlygy hakynda durup geçdik we şu beýan edilen ýazgylar bu kitapda ady agzalyp geçilen guşlar hakyndadyr.

* * *

**Beýik Taňrynyň ady bilen**!

«Nefaýysyl fununyň» ýazary Bähmenýar şeýle diýipdir:

Bu guşlary it, pişik, towuk ýaly janawerlerden, ýagyş, gar, ýel, tüm-garaňkylyk we çaňlyk ýerlerden daşda saklamaly. Olary adamlar bilen gowy ysnyşar ýaly etmeli.

* * *

Eger kimdir biri kileni[1] öldürip, gözüniň sarysyny guşa iýdirseler, şol guşuň ähli ýelekleri döküler. Bu öň tejribede ulanylyp görlen zatlardyr.

* * *

Eger keşefiň (oňa il arasynda pyşbaga diýilýär) etini garçgaýa iýdirseler, ol gaýdyp hiç mahal horlanmaz ýaly derejede semreýär. Tilkiniň eti hem oňa ýokumlydyr.

[1] Kileniň nähili jandardygyny anyklap bilmedik. Bu jandaryň ady sözlüklerde duşmady.

* * *

Kustaýy talh diýilýän bir hili daş bar. Ol daşy alanyňdan iki-üç günden soň, sürtüşdirip ony garçgaýyň dabanyna çalsalar, garçgaý elmydama dury kelleli we şadyýan bolar.

* * *

Aw eýesi hiç haçan algyr guşuna haýbatly bakmaly däldir. Sebäbi ol eýesinden eýmener we ondan daşlaşasy geler.

# BAZNAMA

## BEÝIK TAŇRYNYŇ ADY BILEN
## بِسْــــــــــــــــــــــمِ اللهِ الرَّحْمَنِ الرَّحِيمِ

**Ähli älemleri Ýaradan Rebbimize hamdy-senalar bolsun!**

Bilgin we habarly bolgun. Bu «Baznama» eseri ilki türkmen dilindedi. Soňra ol türkmen dilinden pars diline geçirildi. Bu «Baznama» pars diline geçirilende musulman doganlarymyza aňsat we düşnükli bolar ýaly ýeňilleşdirildi we gysgaldyldy. Biz munda bizden oňat ýadygärlik galar ýaly, esasan, durmuşda, tejribede synalyp görlen zatlary saýlap aldyk we beýan etdik.

*** * ***

Bilgil we habarly bolgul. *Ussatlar şeýle diýipdirler:* Aw guşlarynyň içinde iň düşbüsi we duýgury olaryň gögümtilrägi, ondan soňra sarysy, ondan soňra gyzyly we gara reňklisidir.

### Birinji bap

*Gowy we ýaramaz garçgaýlar hakda şeýle diýipdirler:*

Haýsydyr bir garçgaýyň kellesi kiçiräk, maňlaýy giň we ýasy bolsa, gözleri uly, göz çanaklary içine giden, ýelekleri gözüniň üstüni örtüp duran bolsa, çüňki gara, barmaklary ýaşylymtyl, boýny we ýeňsesi ýasy we giň, guýrugy örän inçe, gapdal süňkleri gysga, dyrnaklary gara, ýeňsesindäki ýelekleri kelte, ganatlary kelte, şaperleri ( uzyn ýelekleri) uzyn bolsa, bilgil bu hili guş örän seýrek duşýan guşlardandyr we olaryň hiç bir deňi-taýy ýokdur.

* * *

Ý*ene-de şeýle diýipdirler:* Garçgaýyň ganatlary kiçi bolsa we ganatlarynyň üstündäki ýelekleri hem hernäçe ownuk bolsa, emma ganatynyň üstündäki hallary, menekleri näçe uly bolsa, ol şonça-da gowudyr. Bu örän seýrek duş gelýän guşlardandyr.

## Ikinji bap

Eger-de garçgaýyň reňki sary bolsa, ol örän çalasyn we nebsewür bolar.

* * *

Garçgaýlaryň gyzyl reňklisi örän ýiti, çalasyn hem-de gödekleç bolar, ýöne olar çakdan aşa nebisjeň bolýandyrlar.

* * *

Garçgaýlaryň gara reňklisi ähli guşlaryň başy bolar. Bu görnüşli garçgaýlar seýrek duş gelýär. Kim şeýle guşy tapsa, hökmany suratda ony saklasyn we oňa tälim bersin. Beýle garçgaýlara hiç ýerde taý tapylmaz.

## Üçünji bap

Ý*ene-de şeýle diýipdirler:*

Guş saklaýanlar elmydama arassa geýnüwli bolmalydyr. Olardan ýaramaz we ýakymsyz ys gelmeli däldir. Ýene-de berjaý etmeli zatlaryň biri guşy şerap içilýän ýerden we meýhanalardan daşda saklamaly. Soganyň we sarymsagyň ysyndan daşda saklamaly. Çünki şeýle edilmese, ol guş gaçgak hem-de hapysa bolup ýetişer.

## Dördünji bap

Ý*ene-de şeýle diýipdirler:*

Aw emiri garçgaýy gijesine eline alsa, ony bökdürmeli däldir. Oňa kän alarlyp seretmeli däldir. Garçgaýlara habar gatjak bolanyňda mylaýymlyk bilen, mähir bilen gepleşmeli. Birden gaty gygyrmaly däldir. Bolmasa ol gorkak bolup ýetişer.

## Bäşinji bap

Käbir ussatlaryň aýtmaklaryna görä, aw guşuny bir oturdan ýeriňde ikilenç oturtmaly däldir. Çünki guşuň

tebigaty örän näzik, owadan, ýagşy jandardyr. Nirä öwrenişse, ol şol ýere hem endik eder we şol häsiýete görä bolar. Belki aw wagtynda-da şol ýere barasy gelmegi mümkin we awuny taşlap gaýtmagy ahmal.

* * *

Ý*ene-de şeýle diýipdirler:*

Eger garçgaý awa meýil etse, ýöne aw awlap başarmasa, onda ol bir kesel tapynandyr.

* * *

Ý*ene-de şeýle diýipdirler:*

Eger garçgaýy taýagyň üstünde oturtmakçy bolsaňyz, ol ýonulan we päkizelenen taýak bolsun.

* * *

Ý*ene-de şeýle diýipdirler:*

Garçgaý guşy öz eýesine gowy ysnyşar ýaly boşlagrak we giňişräk ýerde saklanylmaly. Şonda ol özüni erkin duýar, kän bir närahat bolmaz.

* * *

Ý*ene-de aýdypdyrlar:*

Garçgaý guşlary gorkmaz ýaly demirçi ussanyň dükanynyň ýanynda ýa-da adamlaryňyň köpräk üýşen ýerlerinde, şowhundan, goh-galmagaldan doly ýerlerde saklanylmaly däl. Garçgaý asmany azrak synlar ýaly we rahatlykda bolar ýaly üsti ýapyk we garaňky ýerde saklanylsa gowy bolar.

* * *

*Ýene-de aýdypdyrlar:*

Garçgaýa gara towugyň etini berseler, guşuň penjesiniň güýçlenmegine peýdasy bardyr.

* * *

*Ýene-de aýdypdyrlar:*

Garçgaýa tagam berlende gowy doýýança bermeli. Guş gowy doýsun we göwni bitsin. Eger şu babatda ýarym-ýaltalyk etseň, onda guş uzaklaşdyrman bir nogsan tapar.

* * *

*Ýene-de aýdypdyrlar:*

Garçgaý doýan wagtynda ony uçurmaly däl. Ony öz golaýyňda oturtmalydyr. Çünki garçgaýy daşa uçursaň, oňa howp abanmagy mümkin.

* * *

*Ýene-de aýdypdyrlar:*

Eger garçgaý ýerde oturmaga endik eden bolsa, onda ony ýerden eliňe almaly däldir. Ony ilki öz ýanyňa çagyrmaly. Ýogsam ol köstli bolar, näme etseň şoňa hem öwrenişer we kemli bolup kemala geler.

* * *

*Ýene-de aýdypdyrlar:*

Garçgaýy iýmitlendirýärkäler ýanyna hiç kimi getirmeli däldir. Sebäbi garçgaý eti gorkuly halda iýer.

* * *

*Ýene-de şeýle diýipdirler:*

Tä iýen eti siňişýänçä garçgaýy eliňe almaly däl. Garçgaýa towugyň owazyny eşitdirip, ony ýumşatmaly, köşeşdirmeli. Garçgaý täze tutulyp getirilende onuň çep aýagyny daňmaly. Onuň ganaty hem daňylgy bolmaly. Uly aw guşlaryny hem şeýle etmeli.

* * *

*Ýene-de şeýle diýipdirler:*

Eger garçgaý gaz ýa-da durna ýaly guşlary tutjak bolup suwa girse we ezilse, onda hökmany suratda, ot ýakyp ony guratmaly. Çünki, uzak wagtlap ezilip, öl ýagdaýda galsa, saglygyna zyýan ýeter we awdan galar.

* * *

*Ýene-de şeýle diýipdirler:*

Eger garçgaý awda bir-iki gezek ýalňyşsa, ertesi gün ony awa uçurmaly däl-de oňa em etmeli hem-de şol gylygyny gaýtalamazlygy öwretmeli.

* * *

*Ýene-de aýtmaly zatlaryň biri*:

Garçgaý awa goýberilende ony aw bilen ýüzbe-ýüz edip uçurmaly. Sebäbi garçgaý ýalňyşagan bolýar.

* * *

*Ýene-de şeýle diýipdirler:*

Garçgaý awa uçurlanda ony gynamaly däl we azap bermeli däl, ýogsam bolmasa ol gödekligi öwrener.

* * *

*Ýene-de şeýle diýipdirler:*

Eger-de garçgaý ýerde oturaýsa, ony ýerden götermeli däl-de, ilki öz ýanyňa çagyrmaly we eliňde oturtmaly.

* * *

*Ýene-de şeýle diýipdirler:*

Aw guşlaryna elmydama arassa et bermeli. Olara porsan we zaýalanan eti bermek bolmaz.

* * *

*Ýene-de şeýle diýipdirler:*

Garçgaý saklaýanlar hemişe öz ýanynda bir kepderini taýyn edip goýmalydyrlar. Sebäbi garçgaýy çagyranda, kepderi bilen çagyrmalydyr. Şonda kepderi iýmäge höwesek garçgaý derrew eýesiniň ýanyna ýetip geler.

## Altynjy bap

*Ussatlar şeýle diýipdirler:*

Garçgaýy biwagt we bijaý ýerlerde – harabylyklarda, jeňňelliklerde uçurmaly däl. Çünki şeýle pursatlarda, esasan hem ördek awlap ýörkä hata goýberer. Şonuň üçin hem garçgaýlar ilki gowy ajykdyrylsa, horlandyrylsa, ondan soň uçurylsa we awa salynsa onuň ýetmez taraplary derrew ýüze çykar.

* * *

*Ýene-de aýdypdyrlar:*

Garçgaýy uçuranda gyssanmaçlyga, howlukmaçlyga ýol bermesinler, aw tutanlarynda-da awy penjesinden hasyr-husur aljak bolup, ony ürküzmesinler. Çünki, şeýle edilse garçgaýlar gaçgaklygy öwrenerler we ýaramaz gylyklara baş goşarlar.

* * *

*Ýene-de şeýle diýipdirler:*

Gyşyna garçgaýyň ýatýan ýeriniň ähli tarapy ýapyk bolmaly. Eger onuň aýagynyň aşagy gijelerine sowuk bolsa, onda keçe atmaly. Garçgaýyň ýatakjaýyna çaň-tozan gelmeginiň öňüni almaly. Sebäbi çaň-tozan hem garçgaýa zyýan ýetirip biler.

* * *

*Ýene-de aýdypdyrlar:*

Gyşyna garçgaýa sowuk et bermeli däl. Tä gün gyzyşýança ony daşary çykarmaly däl we uçurmaga synanyşmaly däl. Garçgaýlar ýagyşly günlerde-de uçurylman saklanylmalydyr.

* * *

*Ýene-de şeýle diýipdirler:*

Garçgaýa ýyndamlygyny ýitirmez ýaly gyşyna hemişe täze et bermeli. Hemişe ony daýanykly saklamaly. Eger garçgaý gyşdan hor, arryk ýagdaýda çyksa, baharda-da kösençli bolar. Onuň ilki alamaty garçgaý ysgyn-mejalsyz bolar, gowy uçup başarmaz. Şeýle ýagdaýda garçgaý eger aw awlaýsa-da awuny sypdyrar. Onuň çäresi bolmaz, ahyrda-da heläk bolar.

* * *

*Ýene-de şeýle diýipdirler:*

Eger garçgaýlar gyşdan daýaw we gurat çyksa, ýüzi ter, uçuşy ýyndam bolar. Penjeleri hem örän güýçli bolýar. Eger bir kemlik tapaýsa hem onuň alajy tapylar we basym gutular.

* * *

*Ýene-de şeýle diýipdirler:*

Awa çykylanda ýanyň bilen gowy et almaly. Garçgaýlar täze etden iýip gezse hemişe sagdyn bolarlar.

* * *

*Ýene-de şeýle diýipdirler:*

Eger garçgaýy hor saklasaň ol kösener we her hili nogsanlyklar ýüze çykyp başlar. Onsoň oňa hiç hili emiň hem haýry bolmaz. Bu zatlar öň tejribede köp görlendir.

* * *

*Ýene-de şeýle diýipdirler:*

Garçgaýlar ýaz paslynda ýagyşda eziläýende-de, oňa uly bir zyýan ýetip durmaz. Garçgaýlary bahar paslynda näçe köp uçasy gelse, şonça-da uçursynlar, çünki onuň uçurdygyň saýyn göwni açylar we örän nebisjeň bolar. Awa salnanda ol çaksyz erjellik görkezer. Şol wagtlarda garçgaýlara arassa we täze et hem-de badam ýagyny bermeli. Bu zatlary berseň, ol sagdyn we daýaw bolar.

* * *

*Ýene-de şeýle diýipdirler:*

Garçgaýyň saklanýan öýi örän tämiz we ýagty bolmaly. Garçgaý naharlanan mahaly onuň ýelegine we guýrugyna hiç hili şikes ýetmeli däldir.

* * *

*Ýene-de şeýle diýipdirler:*

Garçgaý awa salynýan döwründe oňa berilýän etler dürli-dürli bolmalydyr. Oňa towugyň, kepderiniň, gara zakyjanyň, ördegiň etini berip durmaly. Şeýle hem

sagdyn we ýyndam bolar ýaly badam ýagyny hem-de saryýag bermelidir.

* * *

*Ýene-de şeýle diýipdirler:*

Garçgaý öz keteginde ýelegini çalyşýarka tä ýeleklerini doly täzeläp tamamlaýança, onuň etini kem etmeli däldir. Haçanda ýelegini täzeläp bolandan soň, oňa berilýän eti kem-kem azaltmaly. Eger garçgaý ýelegini dökýän döwründe berilýän et az bolup horlansa, onda şol ýyl onuň awy oňmaz. Hatda heläk bolmagy-da ahmal.

## Ýedinji bap
## *Garçgaýýň sagdynlygyny zaňy boýunça kesgitlemek*

Garçgaýa dört pasylda nähili etleri bermeli we nähili etleri bermeli däl. Bularyň hemmesini Taňrytagalanyň ýardamy bilen ýekän-ýekän beýan etmäge çalşarys.

* * *

Eger garçgaý zaňlanda zaňynyň agy ak, garasy gara ýerinde bolsa, agy garasyndan aýra bolsa we daşynda hiç hili sary ýa ýaşyl reňk görünmese bu onuň sagdynlygynyň we salamatlygynyň alamatydyr. Eger guşuň zaňy sary bolsa we aýagyna, ýelegine ýelmeşmese, onda oňa yssylykdan gowy zeper ýeten bolmaly. Şeýle ýagdaýda örän seresaply bolmaly. Em edende-de

hiç hili ýalňyşlyk goýbermeli däldir. Sebäbi danyşmentler aw guşunda kyrk sany kesel bar diýip aýdypdyrlar. Olaryň hemmesi hem ýatlanyp geçiler.

## Sekizinji bap
## *Şuh[1] hakynda*

Bilgil we habarly bolgul!

Şuh howanyň yssysyndan peýda bolýan keseldir. Garçgaýyň bu ýagdaýa düşmekligine kepderiniň etini çakdanaşa köp iýmekligi sebäp bolýar.

*Alamaty.*

Garçgaý ine-gana zaňlap bilmeýär.

*Emi.*

Mäkiýanyň etini gowy üwemeli, soňra ony geçiniň bagry bilen goşup mäjum etmeli. Geçiniň ödüniň daşyny gowy edip ýuwmaly. Soňra garylan towugyň etini şol ödüň içine salmaly. Onuň ujuny inçejik sapak bilen daňmaly-da, ony guşuň agzyna salmaly. Bir sagat geçenden soň sapagy çekmeli. Eger sapagyň ujunda geçiniň ödi bolmasa ýene-de şeýle etmeli:

Ýöne, ödi guşuň bokurdagyna salanyňda ony saryýag bilen gowy ýaglamaly. Soň garçgaýy suwuň ýanynda oturtmaly. Şonda ähli kemçilikleri ýüze çykar. Eger-de em etmeli zatlar tapylmasa, onda kiçiräk çaganyň peşewini guşuň bokurdagyna guýmaly. Şol peşewi çaga serçäniň bokurdagyna guýup, soň ýokarda

[1] Guşuň içiniň iriňlemegi.

görkezilen usul boýunça şol serçäniň bokurdagyna sapak daňyp, garçgaýyň bokurdagyna salmaly. Enşaalla, şonda garçgaý dertlerinden halas bolsa gerek. Bu tejribede az synalyp görlen däldir, ondan hata tapmarsyň.

## Dokuzynjy bap

### *Garçgaýyň gözüne ak düşmegi hakynda*

Eger Hytaý yşgyny zagpyran we şeker bile gowy owradylyp garylsa, hem-de aw guşunyň gözüne çalynsa gözi ýitileşer we ol aňsat kesellemez.

* * *

Garçgaýyň gözüniň agy hakynda şeýle diýilýär. Eger garçgaý şuh keselinden sag-aman gutulsa, soň gözagyry keseline duçar bolup biler. Gözagyry keseli hem yssydan, çyranyň tüssesinden we çaňdan ýüze çykýar.

### *Garçgaýa gözagyry keseliniň degmegi hakynda*

*Alamaty:*

Garçgaýyň gözi birden ýitileşer we birdenem öçügsilener. Şeýle ýagdaýda ol et iýmäge gaty meýil bildirmez. Gowy zaňlap bilmez. Köp suw içer.

*Emi:*

Balygyň, çebşiň we jüýjäniň etini bermeli. Eti agşam içine kişne (kinza) goşulan suwa ezmeli hem-de şondan soň ony guşa bermeli. Bu onuň üçin örän ýokumlydyr we garçgaýy keselinden açar.

## Onunjy bap
## *Garçgaýyň horlanmagy, agramyny ýitirmegi hakynda*

Eger garçgaý öz agramyny ýitirse, onda onuň bokurdagy hyrryldap başlar. Et bokurdagyndan düwnüp geçer we şeýdip hem gitdigiçe horlanar. Suwy köp içer. Bu agramynyň azalmasynyň alamatydyr. Onuň emi şeýledir:

Hanzalyň[1] we zenjebiliň[2] hersinden bir dirhem mukdarynda alyp, ikisini goşup, gowy owratmaly. Soňra ony sygryň ýagy bilen ýaglap, ete garmaly hem-de ony suwa salmaly. Şol suwy hem garçgaýyň öňünde goýmaly. Eger garçgaý suwdan içmek islemese, onda ete hindi duzuny goşup bermeli. Şonda suwsan wagty hökman içer. Bu oňa peýda eder.

## On birinji bap

[1] Türşek (Citrullus colocynthis). Gawunyň ternesine meňzeş, ýöne ondan biraz kiçiräk, deňziň, kölüň, derýalaryň golaýynda bitýän turşy tagamly ýabany ösümlik.

[2] Zenjebil (Zingiber officinale)- sowuklama garşy ulanylýan derman ösümlik.

### *Garçgaýyň gyzdyrmasy hakynda*

Eger garçgaý gyzdyrýan bolsa, zaňy goýy bolar, uçup bilmez, ýüregi gürsüldär. Bu kesel hem gakylyk sebäpli döreýär.

*Onuň emi şeýledir:*

Gyzyl kepderini almaly we onuň bokurdagyna sirke guýmaly. Bokurdagyna sirke guýlan kepderini bir gije-gündizläp, başaşak sallap goýmaly. Soňra şol kepderiniň eti bilen aw guşuny doýurmaly. Şeýle etseň gutular.

Eger garçgaý bu em bilen gutulmasa, onda itiň zaňyny owratmaly we oňa biraz şeker goşup, garçgaýa iýdirmeli. Bu em öň tejribede synalyp görüldi we oňyn netije berdi.

## On ikinji bap
### *Babasil hakynda*

Babasiliň ilkinji alamatlarynyň biri guş elmydama guýrugyny bökdürýändir.

*Onuň emi şeýledir:*

Bir gün hor kepderiniň etini, ýene bir gün bolsa semiz kepderiniň etini bermeli. Eger garçgaý bu em bilen gutulmasa we guýrugyny silkişdirip dursa, onda erigiň şäniginiň ýagyny alyp çalmaly. Eger onda-da gutulmasa, itiň süňküni we ýylanyň hamyny tütetmeli we guşy şol tüssä tutmaly. Şonda garçgaýyň öz derdinden halas boljagy ikuçsyzdyr.

## On üçünji bap

## *Garçgaýyň zaňynda gan görnendäki ýagdaýynyň beýany*

Garçgaý zaňlanda onuň zaňynda gan görünse ýa-da zaňy gan bilen gelse, bu onuň gereginden uly et iýendigininiň alamatydyr. Şeýle ýagdaýda oňa sowuk et bermeli däldir.

Eger babasiliň alamaty bar bolsa, onda sary garalynyň ýagyny çalmaly ýa-da bägüliň ýapraklaryny owradyp mynjyratmaly we babasil bolan ýerine çalmaly.

## On dördünji bap

## *Garçgaýyň meýdan edýän ýeriniň daralmagynyň beýany*

Bilgil we habarly bolgul. Eger garçgaýyň meýdan edýän ýeri daralsa, gysylsa, ol zaňlanda örän kynçylyk çeker. Bu kesel garçgaýyň köp wagtlap aç goýlandygy zerarly ýüze çykýar.

*Onuň alamaty:*

Zaňy inçe bolar we guýrugyny titreder. Awa kän meýilli bolmaýar.

*Emi.*

Şeýle ýagdaýda meýdan edýän ýerine badamyň ýagyny ýa-da kädi çigidiniň ýagyny çalmaly.

## On bäşinji bap

### *Garçgaýlaryň garnynyň aşagynda emele gelýän mäzler hakynda*

Garçgaýyň garnynda mäzleriň peýda bolşy hakynda aýdylanda, garçgaý gowy doýrulyp, döşi haýsydyr bir gaty agaja degen bolsa, daşlygyndaky iýen eti gatalýar. Eger daşlykdaky et gatasa, ondan tegmiller we mäzler ýüze çykýar. Bu ýagdaý uzak dowam etse, garçgaýy heläklemegi mümkin.

*Onuň emi şeýledir:*

Garçgaýa diňe ajyndan ölmez ýaly azajyk et bermeli hem-de sary halylany döwüp, onuň çigidini almaly we owratmaly. Soňra şol owradylan çigidi sygryň ýagyna goşup, oňatja mäjum etmeli. Oňa bir bölejik bal hem goşmaly. Ony goýnuň içegesine salyp, guşuň agzyna atyp ýuwutdurmaly. Tä iýýänçä içegäniň bir çetini elde saklamaly. Eger şeýle edilse garçgaý öz derdinden halas bolar.

## On altynjy bap

### *Garçgaýyň burnunyň tutulmagy we agzynyň daralmagy hakynda*

*Alamaty.*

Şeýle ýagdaý etiň arassa däldiginden we iriňden emele gelýär.

*Emi.*

Badam ýagyny goýnuň guýruk ýagy bilen goşup, garçgaýa iýdirmeli. Şonda garçgaý derdinden halas bolar.

## On ýedinji bap
## *Garçgaýyň mütelemesi hakynda*

*Alamaty.*

Eger garçgaý mütelense, ol çüňki bilen ganatynyň aşagyny gaşar durar we gaýta-gaýta ganatyny silkişdirer. Munuň emele gelmeginiň sebäbini garçgaýyň höwürtgesinden getirilende arassalanman uçurylandygyndan gözlemelidir.

*Onuň emi şeýledir:*

Sygryň ödüni sirke bilen gowy garyp, soňra ony garçgaýa bermeli, şeýle edilse garçgaý basym gutular.

## On sekizinji bap
## *Garçgaýyň guýrugyny çepe-saga burmagy we açmasy hakynda*

Eger garçgaý şeýle ýagdaýa duçar bolsa, beňiň çigidini bir bölek pamyga goşup, gaýnatmaly. Oňa sygyr ýagyny goşmaly we ýene-de gaýnatmaly. Biraz suwy galansoň sowadyp, ony garçgaýyň aýagynyň aşagyna dökmeli. Onuň ähli ýelegine we aýagyna şol suwdan çalmaly. Şeýle edilse, garçgaý çalt gutular. Bu ýagdaý garçgaýlarda, esasan tomus döwründe gabat gelgiçdir.

* * *

Onuň ýene-de bir usuly şeýledir: Şeker bilen zagpyrany goşup, garçgaýyň aýagynyň aşagyna atsalar gowy bolar. Sary zenjebil[1], hyna we wesmeden[2] hersinden bir dirhem mukdarynda alyp, olary gowy owradyp, soňra ýumurtganyň agy we turpuň suwy bilen mäjum etmeli. Soňra ony guşuň aýagyna ýapsalar, enşalla iki-üç günüň dowamynda gutular.

## On dokuzynjy bap
## *Aw guşunyň ganatynyň gowşamagy we halparyp durmagy hakynda*

Beýle ýagdaý, garçgaý özünden has agyr, uly aw tutanda ýa-da göterip bilmän kynlyk bilen uçanda ýüze çykýar. Bu iki zatdan oňa hökman zyýan ýeter.

* * *

Eger garçgaý durnany ýa-da gazy tutjak bolup, ýadap endamy gyzsa, onda oňa sygryň we geçiniň etini bermeli däl. Sebäbi bu etler şeýle ýagdaýda onda ýel döreder we zyýan ýetirer.

*Onuň emi şeýledir:*

---

[1] Zenjebil (Zingiber officinale) - sowuklama garşy ulanylýan derman ösümlik.

[2] Wesme – ösümlikden alnyp, gaşa çalynýan gara reňk.

Aw guşunyň ganatynyň aşagynda inçejik bir damar bardyr. Şol damary deşip, bir-iki damja gan alynsa, ol gutular. Eger ganatynyň damary deşilen mahaly ganaty agyryp, guşa şikes ýetse, onda onuň ganatyna biraz ýag damdyrmaly. Soňra şerap bilen böwrek iýdirseler gutular.

## Ýigriminji bap
## *Garçgaýda baş sandyramasynyň ýüze çykyşy hakynda*

*Onuň alamaty:*

Yzly-yzyna dowamly ýagdaýda kellesini titredip oturar. Penjeleri bilen kellesini gaşar, mydama gyllygy akyp durar.

*Onuň emi şeýledir:*

Garçgaýy başaşak sallap goýmaly, iýen etini agzyndan gaçar ýaly etmeli.

*Emiň ýene*-de bir *görnüşi:*

Garçgaýy sanaja salyp, sanajyň agzyny mäkäm baglamaly. Ony ýokarrakda, şemallyrak ýerde goýmaly. Yz ýanyndan alkymyny dilip, iýen etini çykarmaly. Ýogsam, şol et aýrylmasa, oňa heläk bolmak howpy abanýandyr. Soňra şol ýarany tikmeli. Garçgaý tä gutulýança, oňa gözegçilik etmeli we ony hiç ýere çykarmaly däl.

## Ýigrimi birinji bap
## *Garçgaýa awda şikes ýetmeginiň beýany hakynda*

Garçgaýa awda haýsydyr bir şikes ýetse, oňa üç günläp kepderiniň etini bermeli. Oňa ýelek we owunjak süňkleri iýdirmeli. Üç günüň dowamynda hiç ýere çykarmaly däl. Şonda garçgaý derdinden halas bolar.

## Ýigrimi ikinji bap
### *Yssydan we guraklykdan zyýan ýeten garçgaýyň ýagdaýynyň beýany hakynda*

Şeýle ýagdaýa duşmadyk garçgaý ýok diýen ýalydyr.

Bu ýagdaýa düşen garçgaýyň ysgyn-mejaly bolmaýar. Onuň daşyna zat çalyp, em edeniň haýry bolmaz.

*Alamaty:*

Bokurdagy tutular. Öýkeni dert tapar. Sag ganatam, çep ganaty-da halparar durar. Göwnejaý uçup bilmez. Sussypes halda bolar.

*Alajy:*

Badamyň ýagyny suwda gaýnadyp, garçgaýa içirseler, guş derdine haýyr tapar.

## Ýigrimi üçünji bap
### *Garçgaýyň serkeşan[1] diýip atlandyrylýan keseli hakynda*

[1] Serkeşan – ysytma meňzeş kesel.

Bu görnüşli kesel çaň-tozan zerarly ýüze çykýandyr.

*Serkeşan keseliniň alamaty:*

Garçgaýyň damagy we burny tutuk, dykylgy bolar. Dem alan mahaly, burnundan hyrryldyly ses geler durar. Aýaklary we eginleri mejalsyzlykdan gowşap galar.

*Serkeşan keseliniň emi:*

Burçy gowuja owratmaly we suwa garmaly. Soň garçgaýa berjek etiňi burç garylan suwda ezmeli we oňa iýdirmeli. Guşuň burnuna bolsa, badam ýagyny çalmaly. Şonda guşuň dem almasy ýeňilleşer, bokurdagyndaky çaň-tozanlar aýrylyşar, sesinde hyrryldy galmaz. Garçgaý dertlerinden halas bolar.

## Ýigrimi dördünji bap
## *Garçgaýa haýsy tagamy berseň-de, onuň nepiniň degmeýşi hakynda*

Bilgil, şeýle ýagdaýda garçgaýyň öňüne özi tutup iýer ýaly diri serçäni oklamaly. Serçäni özi tutup iýse, garçgaýyň şähdi açylýar. Sebäbi olar serçe tutmagy hem höwes edýändirler.

* * *

*Ýene-de bir usul.* Gara halylanyň gabygyny artyp, ony ownujak edip owratmaly hem-de serçäniň ýagy bilen garyp, mäjum etmeli. Soňra şol mäjumy serçäniň etine garyp, garçgaýa bermeli. Eger garçgaý şonda-da gutul-

masa, onda oňa zenjebil bermeli. Çünki zenjebil garçgaýyň şähdini açar.

## Ýigrimi bäşinji bap
## *Tomus paslynda garçgaýy günurmasy hakynda*

Garçgaý günurmasyna sezewar bolanda, onuň suw içmesi köpeler, teşneligi artar. Şeýle günler sähelçe yssy hem oňa ýiti täsir eder. Şonda guş ýöne hassyldar durar.

*Garçgaýy günurmadan halas etmegiň çäresi:*

Bir dirhem mukdarynda Hytaý yşgynyny kafur bilen garmaly. Eger kafur bolmasa, onda kişnäniň[1] suwundan bir dirhem agramynda alyp garmaly. Soňra olara bir dirhem mukdarynda şeker goşmaly we mäjum edip, garçgaýa iýdirmeli. Şeýle edilse garçgaý tiz gutular.

## Ýigrimi altynjy bap

Garçgaýyň iýen etiniň siňmän, ony köseýändigini biljek bolsaň, sapajyga azajyk et daňyp, şol eti guşuň agzyna salyp ýuwutdyrmaly. Soň biraz salym garaşyp görmeli. Belli bir wagt geçenden soň, sapajygy çekmeli. Eger sapajygyň ujundaky et gatan bolsa, onda garçgaýyň iýen etiniň siňmeýänliginiň alamatydyr.

---

[1] Kişne (Coriandrum) – kinza. Naharyň gapdaly bilen huruş üçin iýilýän ösümlik, işdäaçar.

Iýen eti siňmän azar çekip duran garçgaýy naharlanyňda, oňa eti azajyk mukdarda bermeli.

*Onuň emi:*

Garçgaýa bir azajyk eti goýnuň ödüne garyp bermeli. Şol gün oňa başga et bermeli däl. Eger et berläýse-de, ýene-de şol usulda, ýagny goýnuň ödüne garyp bermeli. Eger gyş pasly bolsa, guşuň gursagyny ýyly saklar ýaly zenjebil hem bermeli.

## Ýigrimi ýedinji bap
### *Garçgaýyň mütelemesi (bitlemesi) hakynda*[1]

Eger garçgaýda müteleme (bitleme) peýda bolsa, onda zyrnyhy[2] sirke bilen garyp, guşa çalmaly. Guşuň çüňküniň ýanynda kän bit bolmaýar. Şonuň üçin ol ýerlere azrak çalmaly.

## Ýigrimi sekizinji bap
### *Garçgaýyň içi çişmesi hakynda*

Garçgaýyň içi çişmesi howanyň yssysyndan bolup biler.

*Alamaty:*

[1] Garçgaýyň mütelenişi hakynda 17-nji bapda hem maglumat berilýär.

[2] Zyrnyh – myşýak.

Şeýle ýagdaýa düşen garçgaý suwy köp içip başlar. Eger howa sowuk bolsa, ol suwy az içer. Ýöne onuň zaňynyň reňki ýaşyl bolar.

*Garçgaýyň iç çişme keselini bejermegiň ýollary*

Şeýle ýagdaýa düşen garçgaýa nohut ýalyjak ululykda müşk bermeli. Käbirleriniň aýtmagyna görä, içi çişen garçgaýa beriljek müşk darynyň ululygynda bolsa hem ýeterlikdir. Şeýle edilse garçgaý derdinden halas bolar.

## Ýigrimi dokuzynjy bap

### *Garçgaýa haýsy pasylda nämäniň etini berseň ýaramlydygy hakynda. Garçgaýa tomus we gyş paslynda haýsy eti bermelidigi hem-de haýsy eti bermeli däldigi hakynda*

Ýolbarsyň eti ýyly we ýokumlydyr.

* * *

Eşegiň eti hem ýyly we ýokumlydyr.

* * *

Sugunyň eti ýyly we gurakdyr. Ol hem ýokumlydyr.

* * *

Tilkiniň eti ýylydyr we onuň sowuklama peýdasy bar.

* * *

Kirpiniň eti garçgaýa örän laýykdyr. Ýöne onuň eti sowuk bolýar we gyş paslynda ony guşlara bermek zyýanlydyr.

* * *

Göläniň eti terdir we garçgaýyň günurmasyna peýdalydyr.

* * *

Alahekegiň eti terdir we peýdalydyr. Ol örän çalt siňýär.

* * *

Horazyň eti tomusda örän gowy, ýöne gyşyna ýokumy ýokdur.

* * *

Suwda gezýän guşlaryň ählisiniň etleri ýylydyr.

* * *

Uçýan guşlaryň ählisiniň eti ýylydyr we gurakdyr.

* * *

Gazyň eti ýyly we basym siňýändir.

* * *

Ördegiň eti hem çalt siňýändir.

* * *

Kepderiniň eti ýylydyr we ol her gün berilse-de ýokumlydyr.

* * *

Mäkiýanyň eti ähli janawerleriň etinden ýokumlydyr.

* * *

Towugyň we düýäniň eti hem ýyly bolýar.

* * *

Haýsydyr bir et ýyly we gurak bolsa, ol et örän ýokumly we siňňitli bolar. Käkiligiň eti ýyly we gurakdyr. Ejiz we ysgynsyz awguşlaryna bu et örän peýdalydyr.

* * *

Jüýjäniň eti ähli etlerden çalt siňýär.

* * *

Balygyň eti ähli etlerden gowudyr. Bu et günuran guşlara peýdalydyr.

## Otuzynjy bap

Ussatlaryň aýtmaklaryna görä, garçgaýlara haýsy pasylda haýsy et laýyk we ýaramly bolsa, oňa şony hem bermeli. Meselem, gyşda ýyly et bermeli ýa-da aralyk etlerden bermeli. Mäkiýanyň eti ýylydyr. Ähli

etlerden horazyň eti ter we suwludyr. Anygyny Alla bilýändir. 1325-nji ýyl.[1] Tamam.

[1] Hijriniň 1325-nji ýyly miladynyň 1906-1907-nji ýyllaryna gabat gelýär. Bu golýazmanyň MGI-däki nusgasynyň göçürilen senesidir.

## ALY IBN HÜSEÝIN YSPYHANY

# ALGYR GUŞLAR HAKYNDA RISALA

## MÄHRIBAN WE REHIMLI ALLANYŇ ADY BILEN!

بِسْــــــــــــــــمِ اللهِ الرَّحْمَنِ الرَّحِيمِ

Algyr guşlar hakyndaky bu risala bir müň üç ýüz ýigrimi bäşinji hijri ýylynyň[1] Baýram aýynyň on ikisine göçürildi.

Älem-jahan belentliklerinde perwaz urýan şabaz guşlar aýlanyp seýran edende şirin dilli totynyň demi tutulyp, oý-pikire batar. Ajal laçyny ömri talamak üçin hüjüme girse, jan guşy beden höwürtgesinde ruhanylaryň salawat aýdyşlary ýaly gygyryp başlar.

**Beýt:**

Şabaz Gökden çuňňur gözlerin diker,
Demi jan guşunyň ýelegin ýakar.

[1] Hijriniň 1325-nji ýyly miladynyň 1906-1907-nji ýyllaryna gabat gelýär. Bu golýazmanyň Türkmenbaşy adyndaky TMGI-däki nusgasynyň göçürilen senesidir.

Taryh kitaplaryndan görşümiz ýaly, el guşlary bilen aw awlamaga meşgullanmak soltanlaryň we döwlet hökümdarlarynyň iň köp höwes bildiren zadydyr. Biziň ussatlarymyzyň ýazan «Baznamalary» örän köpdür we ol kitaplaryň göwrümleri hem uludyr. Şonuň üçin biçäre we kemine bendeleriň biri bolan Aly ibn Hüseýin Yspyhany Size – döwletiň baştutanlaryna we emeldarlaryna ýarar öýdüp, bu kitabyň mazmunyny ýedi makaladan[1] we bir soňlamadan ybarat edip düzdi.

[1] Golýazmada alty makala getirilipdir.

# BIRINJI MAKALA

# AW GUŞLARYNYŇ DÜRLI GÖRNÜŞLERI WE OLARYŇ AW AWLAÝÝŞLARY HAKYNDA SÖZ

Bu makala iki pasyldan ybaratdyr[1].

## BIRINJI PASYL

## ALGYR GUŞLAR BILEN AW AWLAMAKLYGYŇ KIMLERDEN DÜZGÜN BOLUP GALANDYGY HAKYNDA

Geçmişdäki beýik ussatlar garçgaýy dört hili atlandyrypdyrlar. Garçgaýa arapça *ş ü k r e*, parsça *b a z* diýýärler. Türkmenler bu guşa *g a r ç g a ý* diýýärler. Garçgaýyň awy, esasan, gaz, ankar, togdary we towşandyr. Ussatlarymyz hem garçgaýlar bilen şol janawerleri awlapdyrlar.

---

[1] Golýazmada bu makala iki pasyldan ybaratdyr diýlip görkezilse-de, üç pasyl getirilýär.

Käbir ussatlar gyrgyny hem garçgaýyň maşgalasyndan diýip aýdýarlar. Arapça oňa *başak* diýýärler. Türkmenler ony *g y r g y* diýip atlandyrýarlar. Parsça bolsa *b a ş e* diýipdirler. Gyrgy guşy bilen, esasan, käkiligi, ördegi, kepderini, jakrowugy[1] awlapdyrlar.

## IKINJI PASYL

## ŞAHYN[2]

Geçmişdäki beýik ussatlar şahyny dört görnüşe bölüpdirler. Birinji görnüşine *bahrykat* diýipdirler. Aýtmaklaryna görä, onuň ömri gaty gysga bolýar. Çünki olar örän uzaklyklardaky awlary kowup tutmak üçin çytraşýarlar we awuny güýjünden gidip, ysgyndan gaçýança kowalaýarlar. Şol sebäpli hem olaryň bedenlerinde ýel peýda bolýar.

Şahyn guşlary ördeklerden başlap, tä al asmandan uçup barýan durnalara çenli awlaýar.

Ikinji görnüşi**.** *D a g ş a h y n y*. Türkmenler oňa *l a ç y n* diýýärler.

Laçynlaryň mekany, esasan, daglarda bolýar we olar hiç bir zatdan gaýtmaýarlar. Olar örän gaýduwsyz

---

[1] Jakrowuk – sülgüne meňzeş bolup, esasan, gyrymsy çöp-çalamlaryň arasynda gezýän guş. Oňa käbir ýerlerde jykyrryk hem diýilýär.

[2] Şahyn – ak laçyn.

we erjeldir. Islendik jandary awlamakdan ýüz öwürmeýärler.

Üçünji görnüşi. *Çagry şahyny*. Oňa *seňdestek* hem diýýärler. Ussatlaryň aýtmagyna görä, onuň atasy laçynlardan we enesi bolsa çagrydyr. Ol hem dag laçyny ýalydyr. Emma olaryň göwresi biraz uly, boýny uzyn, guýrugy gysga we gara menekli bolýarlar. Olar, esasan, käkilik, towşan, garga ýaly jandarlary awlaýarlar.

Ussatlaryň aýtmaklaryna görä, çagrylar hem öz içinde birnäçe topara bölünýär:

Birinjisi, *ç a g r y u l w y*. Olar keýigi, durnany, towşany, togdaryny we gazy awlap başarýarlar. Şonuň üçin hem oňa ulwy diýýärler. Sebäbi ol awy tutanda ”huw” diýip okdurylýar.

Ikinjisi, *s a k a w a*. Olar ördegi, käkiligi we towşany awlaýarlar.

…………Üçünjisi,[1] *A l a*. Araplar oňa *u k a p* diýýärler. Türkmenler bolsa oňa *g a r a g u ş*[2] diýýärler. Olar, esasan, keýigi, tilkini, möjegi awlaýarlar. Humaý atly guş[3] hem çagrylaryň bir görnüşi hasaplanylýar. Pählewi dilinde garaguşlara *d e l i r* (gaýduwsyz) diýipdirler.

---

[1] Bu ýerde golýazmanyň arasy üzülipdir. Göçüriji käbir ýazgylary ýazman gidipdir we eseri gysgaldypdyr.

[2] Bu ýerde bürgüt göz öňünde tutulýar.

[3] Humaý diýlende ak reňkli bürgütler göz öňünde tutulýar.

Dördünji görnüşi. *S ö w m e*. Türkmenler oňa *t o r u m t a ý*[1] diýýärler. Olar, esasan, ownuk guşlary awlaýarlar. Aýtmaklaryna görä, torumtaýlar halys ajygan mahallary aw tapmasalar öz aýagyny hem gemirýärlermiş.

## ÜÇÜNJI PASYL
## ALGYR GUŞLARYŇ AGZALYP GEÇILEN DÖRT GÖRNÜŞI BILEN AW AWLANYŞYNYŇ KIMLER TARAPYNDAN ÝOLA GOÝLANDYGY HAKYNDA

Ussatlaryň aýtmaklaryna görä, ilkinji gezek bu ylmy goýan ýunanly bir patyşa eken. Onuň ady *Şemti* eken. Ol bir gün atly gidip barýarka nazary bir garçgaýa düşýär. Ýunan patyşasynyň bu owadan guşa gözi gidipdir. Ol derrew awçylaryna «Bu guşy maňa tiz tutup beriň» diýip buýurýar.

Awçylar garçgaýy derrew ele salypdyrlar. Awçylar bu garçgaýy bir näçe wagtlap eldekileşdiripdirler. Soňra olar bu garçgaýy özleri bilen patyşanyň mejlisine getiripdirler we ony şa tagtynyň gapdalynda oturdypdyrlar.

Bir gün şol ýunan patyşasynyň mejlisine gatnaşýan myhmanlaryň biri öz ýany bilen bir guş alyp gelipdir.

[1] Torumtaý – bähri guşunyň kiçiräk görnüşidir.

Patyşanyň tagtynyň ýanynda oturan garçgaý göni uçup baryp, ol kişiniň getiren guşunyň üstüne topulypdyr we ony awlapdyr. Patyşa muny görüp, örän geň galypdyr. Ýene-de bir gün patyşa Tufa[1] gitmekçi bolanda garçgaýyny hem öz ýany bilen alyp gidipdir. Olar sähra tarapa ýola rowana bolupdyrlar. Ýolda bir köljagazyň deňinden geçip barýarka, bir sülgün güsürdäp uçup, ýokary göterilýär. Garçgaý oňa topulmakçy bolýar. Patyşa hem şolbada garçgaýyny elinden goýberipdir. Garçgaý salym geçirmän sülgüni gapypdyr we patyşanyň ýanyna getiripdir. Şondan soň patyşalarda we soltanlarda elguş bilen aw awlamaklyk rowaç bolupdyr.

Emma gyrgy bilen aw awlamak hakynda ussatlar şunuň ýaly hekaýaty gürrüň berýärler: Garçgaýyň awa salnyşynyň owazasy ajam ýurtlaryna gelip ýetende ajam patyşalaryndan *Şapur Ibn Müslim* atly biri awçylaryna garçgaý tutar ýaly duzak gurmaklygy buýrupdyr. Awçylar duzak gurup ýörkäler, tötänden olaryň duzagyna gyrgy düşýär. Awçylar gyrgyny tutup, patyşanyň huzuryna eltýärler.

Patyşa olardan «Gyrgyny nähili usulda tutduňyz?» diýip soraýar. Awçylar oňa «Biz bu gyrgyny kepderi bilen tora saldyk» diýip jogap beripdirler. Şapur patyşa gyrgyny saklap, terbiýeläpdir. Ine şeýdibem, gyrgy bilen aw awlamaklyk rowaç bolýar.

---

[1] Şäher ady.

Emma laçyn bilen aw awlanyşy hakynda ussatlardan şeýle rowaýat galypdyr. Ol rowaýata görä, *laçyn* bilen aw awlanyşy *Kyýanus*[1] *patyşadan* galypdyr.

Kyýanus Rumuň şäherleriniň biriniň patyşasy eken. Günlerde bir gün Kyýanus patyşa gezelenç edip ýörkä, bir laçynyň ördege topulyp, ony awlanlygyny görüpdir. Patyşa awçylaryna duzak gurup şol laçyny tutmaklygy buýurýar. Awçylar laçyny tutup, oňa tälim beripdirler we şeýdip laçyn bilen aw awlamak hem ýörgünli bolup galypdyr.

Emma *çagry* bilen aw awlamaklyk *Magaz ibn Burdan* galypdyr diýlip rowaýat edilýär. Ol bedew atlara uly hormat goýýan arap patyşalaryndandy.

Bir gün Magaz ibn Bur ata çykyp, sähra seýrana ugraýar. Ol sährada bir awçynyň guran duzagyny görýär. Onuň duzagyna birnäçe kepderi düşen eken. Bu duzaga kepderileri tutjak bolan bir çagry hem düşen eken.

Patyşa duzagyň ýanyna gelip ýetende, awçy bolan wakany oňa gürrüň berýär. Patyşa çagry almaklygy we oňa terbiýe bermekligi buýurýar. Şondan soň adamlaryň arasynda çagry bilen aw awlamak hem rowaç bolup galýar.

---

[1] Bu adyň aslynda Dakýanus bolup, kätibiň «dal» harpyny galdyryp giden bolmagy mümkin.

Emma *Garaguş* bilen aw awlamaklyk *Mälik Kowusdan* galypdyr diýip aýdýarlar. Ol arap ýurtlarynyň patyşasydyr.

# IKINJI MAKALA[1]

Bu makala *garçgaýyň* waspy hakyndadyr. Makala bäş pasyly öz içine alýar.

## BIRINJI PASYL
## GARÇGAÝYŇ WASPY

Garçgaýyň waspy hakynda şeýle diýipdirler: Garçgaý guşunyň dört sany ajaýyp görnüşi bar. Ussatlar olaryň her biriniň aýratynlygyny beýan edipdirler.

Birinji görnüşi. *B e l m i* garçgaýy. Oňa türkmenler *t o ý g u n* diýýärler.

Toýgunyň sypatlary.

Toýgunyň gözleri sary bolýandyr, ýöne ol ak öwüsýändir. Onuň aýaklary göni, gaşlary käkiligiň gaşyna meňzeş, ýakymly ysly, gowy häsiýetli bolýandyr. Bu hili guşlar örän çalt eldekileşýärler we basym tälim alýarlar.

Ussatlaryň aýtmagyna görä, garçgaýlar haýsy hili bolanlarynda-da örän algyr we erjeldirler. Garçgaýlar nähili ýagdaýda bolsa-da öz awuny eger-eger sypdyrmaýarlar.

Kubaşdan[1] şeýle rowaýat edipdirler: Eger garçgaýyň gözi gara bolsa, onda onuň atasy *z a g*

---

[1] Bu ýerde golýazmanyň arasy üzülipdir. Göçüriji käbir ýazgylary ýazman gidipdir we eseri gysgaldypdyr.

atlandyrylýan guşdan gelip çykandyr. Türkmenler oňa *j a m y* diýipdirler. Bu hili garçgaýlaryň hünäri beýleki algyr guşlara seredeniňde az-kem pes bolýandyr.

## IKINJI PASYL
## GARÇGAÝ GUŞUNY TANAMAKLYK HAKYNDA

Garçgaýlaryň esasy alamaty olaryň gaýduwsyzlygyndadyr we batyrlygyndadyr.

Bilgil, eger haýsydyr bir garçgaýyň ýelekleri ownuk, boýny uzyn, gözi ýiti, çüňki, aýaklary we barmaklary göni, agzy we petekesi, ýagny iýen naharynyň durýan ýeri giň, synasy misli gazyň synasy ýaly, burny we gulagy tegelek, dabany ýasy, dyrnaklary gara bolsa, şeýle garçgaýlar örän batyr, güýçli we gaýduwsyzdyr. Bu hili garçgaýlar örän şähdiaçyk we özüne haýbat bermegi gowy görýändirler. Eger bu hili garçgaýlar haýsydyr bir janawere topulaýsa, penjesini uran ýerini persala edýändir. Bu hili garçgaýlary *t a r a p n ä k*[2] diýip atlandyrypdyrlar. Bular ýaly garçgaýlar höwürtgede ýeke bolýandyrlar.

*Ussatlaryň käbirleriniň aýtmaklaryna görä*, garçgaýyň gaýduwsyzlygyny, ýürekliligini bilmek isleseň, ony bir garaňky jaýda saklamaly. Biraz wagtdan soň eliň bilen garaňkyda duran garçgaýyň

[1] Bu şahs hakda sözlüklerden hiç hili maglumat tapmadyk.
[2] Tarapnäk – bu söz şadyýan, hoşwagt diýen manyny berýär.

ýuwaşja arkasyny sypamaly. Eger ol garçgaý eliňi kaksa ýa-da çüňki bilen ursa, onda ol örän gaýduwsyz we ýürekli garçgaý bolmaly. Eger gaçaýsa, onda ol garçgaýyň gorkaklygynyň alamatydyr.

Eger haýsydyr bir garçgaý zaňyny daşa taşlaýan bolsa, bu onuň örän güýçli we kuwwatlylygynyň alamatydyr. Başe diýildigi gyrgy diýildigidir. Gyrgy hem her bir ýerde gerekli guşdur.

**Bir setir goşgy:**

Gyrgy garçgaýdyr misli, geler menzil geçip esli.

## ÜÇÜNJI PASYL
## GARÇGAÝYŇ GÖZELLIGINIŇ WE AJAÝYPLYGYNYŇ ALAMATLARY HAKYNDA

Aýtmaklaryna görä, garçgaýyň gözelliginiň we ajaýyplygynyň bäş sany alamaty bardyr.

*Birinji alamaty*. Boýnundaky ýelekleriniň nagyşlary kükregindäki nagyşlara meňzeş bolmaly.

*Ikinji alamaty*. Guýrugyndaky gara menekler keýigiň toýnagyna meňzeş bolmaly.

*Üçünji alamaty*. Guýrugynyň çep gyrasyndaky ýelekleri-de, sag gyrasyndaky ýelekleri-de gara bolmaly.

*Dördünji alamaty*. Kükregi öňe çykyp duran bolmaly.

*Bäşinji alamaty*. Boýnundaky menekler sary bolmaly. Garçgaý dürli reňkler bilen öwşün atyp dursa, bu ol garçgaýyň örän gaýduwsyzlygynyň alamatydyr.

## DÖRDÜNJI PASYL
## GARÇGAÝLARYŇ ELE SALNYŞYNYŇ ÝOLLARY

*Ussatlaryň aýtmaklaryna görä*, tälim berilýän garçgaýlary bäş görnüşe bölüpdirler:

Birinjisi, *h ö w ü r t g e  g a r ç g a ý y*. Bu hili garçgaýlar entek ýelek hem çykarmadyk gyzyletene garçgaýlardyr. Bu hili garçgaýlary göni höwürtgeden alyp, tälim-terbiýe berýärler.

Köpler bu hili garçgaýlary algyr guşlaryň iň gowusy hasaplaýarlar.

Ikinjisi, *a: t g a r ç g a ý y*. Bu hili garçgaýlar höwürtgede ulalan we ýelek çykaran, ýöne entek özbaşdak uçup görmedik garçgaýlardyr. Bu hili garçgaýy almaly we oňa tälim-terbiýe bermeli.

Köpler bu hili garçgaýlary algyr guşlaryň iň gowusy hasaplaýarlar.

Üçünjisi, *g ü z a r g a r ç g a ý y*. Bu hili garçgaýlar höwürtgede ulalandyrlar we eýýäm özbaşdak uçup bilýändirler. Olar uçmany we aw awlamany öz enesinden öwrenendirler.

Köpler hut şu hili garçgaýlary algyr guşlaryň iň gowusy hasaplaýarlar. Rumyň, Yragyň halklary we Ýunan häkimleri hem bu pikir bilen ylalaşýarlar.

Dördünjisi, *r o w a ç g a r ç g a ý y*. Bu hili garçgaýlar bir gyşy üstünden geçiren we ilkinji ýazynda-da duzaga düşen garçgaýlardyr. Bu hili garçgaýlaryň hemmesi diýen ýaly örän algyr, hem-de zalym bolýandyr.

Bäşinjisi, *g a ç g a k g a r ç g a ý y*. Bu hili garçgaýlar eýýäm jüýjelän hem üstünden bir gyşy we tomsy geçiren garçgaýlardyr. Bu hili garçgaýlaryň gözleri gyzyl bolýandyr.

Yraklylar bu hili garçgaýlar hiç zada ýaramaz we olary saklamagyň haýry ýokdur diýip aýdýarlar.

## BÄŞINJI PASYL
## GARÇGAÝLARYŇ HÄSIÝETLERI WE TEBIGATY HAKYNDA

Bilgil, garçgaýlar tebigaty boýunça ähli janawerlerden näzikdir. Şahanys[1] hekim şeýle diýýär: «Garçgaýyň batyrlygy we güýçlüligi, bedeniniň çeýeliginden we gyzgynlygyndan gelip çykýandyr. Ol örän daýaw we gaýratly, öz mertebesini duýýan guşdur».

Razy[2] şeýle diýipdir: «Adamda üç ýagdaýda tekepbirlik we men-menlik ýüze çykýandyr:

*Birinjisi:* Patyşanyň tagtynyň ýanynda ýa-da patyşanyň golaýynda oturanynda.

---

[1] Bu şahs hakynda sözlüklerden maglumat tapylmady.
[2] Bu şahs hakynda hem sözlüklerden maglumat tapylmady.

*Ikinjisi*, gowy garçgaýy eline alanda.
*Üçünjisi*, ajaýyp bedew ata atlananda».

# ÜÇÜNJI MAKALA
# LAÇYNYŇ TARYPY WE AJAÝYPLYGYNY AŇLADÝAN NYŞANLAR

Laçynyň ajaýyplygyny aňladýan ýigrimi üç sany alamaty bardyr.

*Hekim Şahanys şeýle diýýär*: «Laçynyň döşüniň süňki beýleki aw guşlarynyňkydan berkräkdir we güýçlüräkdir. Şonuň üçin hem laçyn awuny ilki döşi bilen kakyp, soňra penjesine alýar».

* * *

Arap, ajam we ýunan ussatlarynyň biragyzdan aýtmaklaryna görä, kellesi kiçi we tegelek, ýüzi çekilen, çüňki uzyn, agzy giň, dili gara, burnunyň deşikleri giň, gözi çuňňur, döşi ýasy, uzyn boýly, alkymlak, arkasy kelte, guýrugy inçe, penjesiniň yzky dyrnagy uly, darajyk ýerlerden süýnüp geçip bilýän, haçanda oturanda iki aýagyny biri-birine golaý goýýan laçynlar üýtgeşik gowy we deňi-taýy ýok diýilýän laçynlardyr.

* * *

*Käbirleriniň aýtmaklaryna görä*, garçgaýlaryň guýrugynyň iki tarapyndaky ak reňkler näçe köp bolsa, şonça-da gowy bolýar.

## DÖRDÜNJI MAKALA
## ÇAGRYNYŇ SYPATLARY WE ONUŇ AJAÝYPLYGY HAKYNDA

Çagrynyň ajaýyplygyny aňladýan on dokuz sany nyşan bardyr.

*Ussatlaryň aýtmaklaryna görä,* çagry ähli elguşlaryň içinde awa iň nebisjeňidir we örän güýçli, itjanly, gaýduwsyz, çalasyn, sabyrly we özünden hem uly awlary awlap bilýän guşdur. Eger horaz reňkli, gözi içine giden ýiti gözli, beýik gaşly, uly agyzly, burnunyň deşikleri uly, gara dilli, uly çüňkli, boýny uzyn, ýasy arkaly, dik boýly, uçanda menekleri görnüp duran, guýrugy uly, uzyn injikli, uly barmakly, iýermen we oturanda iki aýagyny biri-birine golaý goýýan bolsa onda ol çagrylaryň iň gowusydyr.

* * *

Ý*ene-de aýdypdyrlar:* Eger çagrynyň reňki gara bolup, guýruklarynyň gyralarynda-da ak bolmasa, onda ol çagryny aňyrbaş gowy diýip hasaplaýarlar.

* * *

Emma bürgüdiň (ogap) iň gowusy döşi ýasy, göwresi uly, agzy giň, ýumşak we uzyn ýeleklileridir. Özi-de beýle bürgütleriň ýelekleri gara reňkli bolmalydyr. Mundan başga-da injikleri uzyn we aralary giň, kellesinde akja nokatjyklar bar bolsa, onda bu bürgütler hakykatdan-da örän seýrek duş gelýän guşlardyr.

* * *

Eger perleri uzyn, şaýelekleri has hem uzyn bolsa, onda beýle bürgütler aşa ýokary belentliklere uçmaga-da ukyplydyr. Şonuň ýaly bürgütler käkiligi howada uçup barýan mahalynda-da gapyp bilýändirler. Bular ýaly guşlar daglaryň belent-belent ýerlerine uçup bilerler, ýöne daglardan has ýokary belentliklere uçup başarmazlar.

## BÄŞINJI MAKALA
## GARÇGAÝYŇ SYPATLARY WE HÄSIÝETLERI. GARÇGAÝLARYŇ ELDEKILEŞDIRILIŞI, SAKLANYLYŞY WE ÝAGŞY GYLYKLARY HAKYNDA

Bu bölüm bäş pasyldan ybaratdyr.

### BIRINJI PASYL
### GARÇGAÝLARA ÖWREDILMELI AMALLAR WE OL AMALLARY BERJAÝ ETMEKLIGIŇ ÝOLLARY HAKYNDA

Bilgil! Eger garçgaýy höwürtgeden däl-de, duzak gurup tutsalar, onda onuň gözüni derrew daňmaly we aýaklaryny baglamaly. Bir gije-gündizden tä üç gije-gündize çenli diňe şol bir adam onuň gözüni açmalydyr. Hut şol adam guşuň gözüni açan mahalynda onuň naharyny-da bersin. Garçgaý tä boýun bolýança ony gije-gündiz oýa saklamaly, ukusyny bermeli däl.

* * *

Elguşa tälim berýän kişi hiç mahal onuň gözüne göni dikanlap seretmeli däldir. Sebäbi guşuň gorkmagy mümkin. Adamzadyň gözi örän ýiti bolýandyr.

* * *

*Ussatlar şeýle diýipdirler*:

Garçgaýyň gözüniň daňysyny aýranlarynda üç günüň dowamynda ony diňe et bilen çagyrmaly. Soňra ony aw meýdanyna äkitmeli. Awda özüňe oňatja öwrenişer ýaly käwagt ýokarrakda, käte-de pesräk ýerde durup garçgaýy öz ýanyňa çagyrmaly. Çünki şeýle edilse garçgaý eliňe gonmagy endik edýändir.

* * *

Ýe*ne-de şeýle diýipdirler:*

Eger-de çagyrylanda garçgaý biraz kejirlik etse, oňa ynjalar ýaly biraz pursat bermeli. Soň ony ýene-de çagyrmaly. Eger guş onda-da boýun bolmasa, onda ony ukusyndan alyp galmaly. Garçgaýy sazandalaryň we aýdymçylaryň aýdym aýdýan ýerlerinde biraz saklamaly. Elbetde, bu garçgaýyň eýesiniň isleglerine kaýyl bolmagyna hemaýat eder.

* * *

Ýe*ne-de aýdypdyrlar:*

Garçgaýy tüsseden, çaňdan, yssydan, sowukdan, sirkäniň, süýjiniň, soganyň ýiti yslaryndan, hatda goltugy porsy ysly adamlardan, serhoşlardan, aýbaşysy gelen aýallardan daşda saklamaly. Garçgaýy haýykdy-

ryp biljek goh-gowgaly ýerlerden hem uzagrakda saklamaly.

* * *

Ýe*ne-de şeýle aýdypdyrlar*:

Garçgaý saklaýan kişiler sabyrly we parahat hem-de örän päkize bolmalydyrlar. Garçgaýyň saklanýan ýeri örän tämiz bolmaly. Şeýle bolanda garçgaý hem gödek häsiýetli bolmaz, mylaýym bolar, eýesine mähribanlyk eder.

Haçanda garçgaýy uçurjak bolanyňda ýa-da çagyranyňda guş ýeňil uçup biler ýaly we awdan gaýdyp gelende-de arkaýyn gonar ýaly eliňi mäkäm we göni tutmaly.

## IKINJI PASYL GARÇGAÝLARY NAHARLANDYRMAK HAKYNDA

*Ussatlar şeýle diýipdirler*:

Garçgaýy tutanlarynda ol arryk we hor bolsa, ilki bilen ony daýandyrmaly. Ondan soňra ony ýeňil gopmaklyga, erjellige, maksada okgunlylyga endik etdirmeli.

* * *

Ýe*ne-de şeýle diýipdirler:*

Garçgaýy daýandyrýan wagtyňda semiz goýnuň etinden çärek mukdarda[1] et bermeli. Eger towugyň eti bar bolsa, onda towuk etinden şol mukdarda bermeli. Çünki garçgaýy daýandyrýan etleriň iň gowusynyň biri towuk etidir.

* * *

Ýe*ne-de şeýle diýipdirler*:

Entek uçmadyk jüýje kepderiniň, ýaş, gara mäkiýanyň, ýa-da serçäniň eti hem garçgaýa ýaramlydyr. Eger et sowuk bolsa, ony ýyly suwuň içinde biraz saklap, ondan soň garçgaýa bermelidir.

* * *

Ýe*ne-de şeýle diýipdirler*:

Ýagsyz goýun eti hem garçgaý üçin örän ýaramly we siňňitlidir. Garçgaýy iýmitlendireniňde oňa nähili etiň ýaramlydygyny bilmelisiň.

* * *

Ýe*ne-de şeýle diýipdirler*:

Garçgaýa et bereniňde onuň içinde owunjak süňkleriň gitmeginden we garçgaýa zyýan ýetirmeginden habardar bolmaly.

---

[1] Bu ýerde adatça garçgaýa berilýän gündelik iýmitiň çärýek, ýagny dörtden bir böleginiň semiz goýnuň etinden bolmalydygy aýdylýan bolmaga çemeli.

* * *

*Ýene-de şeýle diýipdirler:*

Garçgaý aw awlanda onuň awuny almakda gyssanmaçlyk etmeli däldir. Ýadap gelen garçgaý hassyldamasyny goýup, köşeşip, özüne gelýänçä, guş tä öz awunyň ýeleklerini goparyp başlaýança garaşmaly.

* * *

*Ýene-de şeýle diýipdirler:*

Garçgaýlar sähra öwrenendirler. Olara hiç mahal kän azar bermeli däldir. Çünki azar berilse olaryň zabun bolmagy mümkin. Zabunlyga öwrenişen garçgaýlary islän mahalyňda awa çykarmak kyndyr, olar muny isläp durmazlar.

* * *

*Ýene-de şeýle diýipdirler:*

Garçgaýy ördege günüň dowamynda iki gezekden artyk goýbermeli däldir. Sebäbi şeýle edilmese, olar aw ýüregine düşüp, ýaltanyp başlarlar.

* * *

*Ýene-de şeýle diýipdirler:*

Garçgaýyň et iýmegini azaltmak, ony biraz horlandyrmak isleýän bolsaňyz, onuň iýýän etinden dörtden bir bölegini kesmeli we üç günläp dagy

ukusyndan alyp galmaly. Şol günlerde garçgaýy köplenç eliňde saklamaly.

Haçanda garçgaýyň daýanyklylygy belli bir kada gelende we awa salanyňda aw awlaýşy hem bolmalysy ýaly bolsa, onda şol kesen çärýek möçberdäki etiňi ýene berip başlasaň-da bolar. Şeýle edilse, ol awa yhlasly bolar.

Haçanda salgy beren emlerimiz edilende, ýagny garçgaý etden kesilende, ukudan galdyrylanda bir-ä ilki agşam, onsaňam säher wagtlary hiç hili kemçilik goýbermeli däldir.

## ÜÇÜNJI PASYL
## GARÇGAÝYŇ AWA SALNAN WAGTYNDAKY ÝALTALYGYNY DÜZETMEKLIGIŇ ÝOLLARY HAKYNDA

*Beýik ussatlar aýdypdyrlar:*

Egerde täze eldekileşdirilen garçgaý aw awlamaga hyjuwly we höwesli bolmasa, guşa müşte[1] bermeli, ony iki gezek müşteden doýurmaly we towuk awlatmaly.

Eger towugy tutaýsa-da, oňa şol towugyň etinden bermeli däldir. Garçgaýy diňe awa nebsi otugandan soň doýurmalydyr.

*** * ***

Ýe*ne-de şeýle diýipdirler:*

[1] Bu söz *nogala* manysyny berýän bolsa gerek.

Eger-de garçgaýyň özi aslynda awa gezek gelende algyr bolsa, ýöne awa salnanda ýaltalyk edip başlasa we awa meýil bildirmese, onda oňa şol gün hiç zat bermeli däl. Hatda şol gün ol meýilsiz halda on sany awy tutsa hem oňa hiç zat bermeli däldir. Iň soňunda başga bir awy öz islegi bilen tutsa, ony şol awunyň etinden doýurmaly.

## DÖRDÜNJI PASYL
## ÇAGYRYLAN WAGTYNDA GELMEÝÄN GARÇGAÝLARY DÜZETMEKLIGIŇ ÝOLLARY HAKYNDA

*Beýik ussatlar aýdypdyrlar:*

Eger garçgaý isle täze eldekileşdirilen bolsun, isle-de köp wagtdan bäri aw awlap gelýän garçgaý bolsun, çagyrylan mahaly gelmese, onda onuň alajy şeýledir: Reýhany guradyp, ony owratmaly, soňra onuň bir dirhemiň dörtden bir bölegi mukdardakysyny garçgaýyň iýjek etine goşup bermeli.

* * *

*Käbir ussatlar şeýle diýipdirler:*

Naşatyrdan, zenjebilden, dalçyndan birazrak alyp, olary owradyp, soňra sygyr ýagyny goşup, garçgaýy hokna[1] etmeli. Eger şondan soň hem garçgaýy çagyranyňda onuň pes gylygy ýene-de gaýtalansa,

[1] Hokna etmeklik - klizma etmeklik.

onda oňa her gün berýän tälimiňde bir kemligiň giden bolmagy mümkin. Bu ýagdaýda guşa berýän tälimiňe ünsi güýçlendirmeli.

* * *

Ýe*ne-de aýdypdyrlar:*

Eger garçgaýy awa salanyňda asmana uçup, soň wagty bilen dolanyp eliňe gonmasa, onda onuň alajy şeýledir: Garçgaýyň şaýelekleriniň[1] arasyndaky ownujak perlerini guýrugynyň arasy gowy giňeýänçä ýoluşdyrmaly. *Käbirleri başgaça aýdypdyrlar:* Şeýle ýagdaýda garçgaýyň gulagynyň ýanyndaky ownujak ýeleklerini ýolmaly.

## BÄŞINJI PASYL
## GARÇGAÝLARY IÝMITLENDIRMEGIŇ ÝOLLARY HAKYNDA

Käteler garçgaý awa salnanda, birden gorkup, awdan ýüz öwürýär. Şeýle halatlarda bir kepderi jüýjesini könelişen sirkä atyp, bir gijeläp saklamaly we ondan soň şol et bilen irden guşy iýmitlendirmeli.

* * *

*Käbirleriniň aýtmaklaryna görä* bolsa, üç sany gara burçy owradyp, ony bal bilen garyp, baýtalyň etine

---

[1] Şaýelek – guşuň uly çal ýeleklerine *ş a ý e l e k* diýilýär.

goşup bermeli. Soňra yz ýanyndan badabat köne şeraba garyp, üç lukma eti iýdirmeli.

Aýtmaklaryna görä, garçgaýda aram-aram ýüze çykýan bu häsiýet kämahal onuň özünden has uly guşlary tutýanlygy bilen baglanyşyklydyr. Şonuň üçin garçgaýlary kämahallar özünden kiçi guşlara-da awa salmaly hem-de şol awunyň etinden iýdirmeli. Çünki garçgaýlar kiçiräk awlara salnanda olaryň nebsi otugyp, zabunlygy artýar.

## ALTYNJY PASYL
## GARÇGAÝLARYŇ SAGLYGY WE KESELLERI HAKYNDA

Bu pasyl iki bölümden durýar.

*Birinji bölüm. Garçgaýyň saglygy hakynda.*

Säher çaglary garçgaý özüni bezäp başlar, soň ýeleklerini silkişdirip hüžžerer. Ganatlaryny, guýruklaryny ýelpär. Tagam berlende ony işdämen iýer. Tagamy siňňitli bolar.

* * *

*Ussatlar şeýle diýipdirler:*

Garçgaýyň zaňy ak we gara reňklidir. Gözleri-de ýelekleri ýaly ýanyp durandyr. Eger şu ýagdaýlardan üýtgän bolsa, onda garçgaýyň näsaglygynyň alamatydyr, onuň haýsydyr bir ýetmezi bardyr.

Garçgaý haýsydyr bir dert tapynsa, sagdyn bolmasa ýelekleri çişip, salparyp durýar.

* * *

*Käbirleriniň aýtmaklaryna görä*, garçgaýyň agzy gara däl-de ak bolsa: bu hem onuň bir ýetmeziniň barlygyndan nyşandyr. Garçgaý şeýle ýagdaýda-da özüni bezemäge, hüžžermäge çalşar. Ýöne onuň kellesi we boýny sandyrap dursa, bu onuň içinde ýa-da boýnunda agyrynyň bardygyny aňladýar.

Bu agyrynyň garçgaýyň alkymynda bolmagy hem mümkin. Eger garçgaý çüňki bilen bir ýan tarapyny garsanyp, timarlamaga çalyşsa we beýleki tarapyna üns bermese, onda guşuň şol üns bermeýän tarapynda haýsydyr bir ýetmezçiligiň bar bolmagy mümkin.

Eger garçgaý bezenmek islese we bezenmäge başlap, ýene taşlasa, onda garçgaýyň tutuş bedeninde bir ýetmeziň bolmagy mümkin.

*Ikinji bölüm. Garçgaýlarda köp duşýan keseller hakynda.*

Garçgaýlarda köp duşýan keseller hakynda gysgaça aýtsak, olar, esasan, otuz bäş keselden ybaratdyr. Olar, esasan, şu aşakdakylardyr:

1). Kelleagyry.
2). Gözagyry.
3). Gözünden gara ýa-da ak suw gelmegi.
4). Gulakagyry.

5). Agzynyň içinden ýara çykmagy.
6). Hunnak.[1]
7). Daşlygynyň gurçuklamasy.
8). Petekesi çişmesi.
9). Gusmagy.
11). Garnynyň agralmagy.
12). Içiniň gurçuklamagy.
13). Bagyragyry.
14). Gyzdyrmagy.
15). Günurma.
16). Sowuklama.
17). Tüsseden dert tapynmak.
18). Ýellenmegi.
19). Istirtam[2].
20). Agzynyň içiniň agyrmagy.
21). Sussunyň peselmegi.
22). Guýrugyny titretmegi.
23). Horlanmagy.
24). Kerligiň ýüze çykmasy.
25). Öýkeniniň gurçuklamagy.
26). Ýelekleriniň dökülmegi.
27). Täze ýelek çykaranda perleriniň seýrekleşmegi.
28). Babasil.
29). Çiş döremegi.
30). Bogunagyry.

---

[1] Hunnak – Agyz boşlugynda, burnuň nemli bardajyklarynda peýda bolýan we organizmiň bütinleý zäherlenmegi netijesinde emele gelýän ýokanç kesel. Difteriýa.

[2] Bu keseliň nähili keseldigini anyklap bilmedik.

31). Demini tiz-tizden almagy. we ş.m.

## ALTYNJY MAKALA
## BEÝAN EDILEN KESELLERIŇ ALAMATLARY WE BEJERILIŞI HAKYNDA

Bu makala dokuz[1] pasyldan ybarat.

## BIRINJI PASYL
## GARÇGAÝLARYŇ KELLE AGYRYSY WE OŇA EM EDILIŞI HAKYNDA

Garçgaýlaryň kelle agyrysynyň dört görnüşi bar.

1). *Gakylyk zerarly ýüze çykýan kelle agyry we onuň alamatlary.*

Gakylyk zerarly ýüze çykýan kelle agyra duçar bolan garçgaýlar başyny ýaýkagyç bolar. Rimçesiniň[2] saly gowşan we yslanan bolýar. Türkmenler rimçä gubagu[3] diýýärler. Garçgaý agzyny açanda, onuň

[1] Golýazmada dokuz pasyl diýilse-de, diňe sekiz pasyl getirilipdir. Golýazmada bäşinji pasyl getirilmändir. Bu ýerde ýa-ha kätibiň ýalňyşlygy bilen degişli pasyl görkezilmändir, ýa-da terjimeçi şol pasyly türkmen dilinden pars diline terjime etmän galdyrypdyr.

[2] Bu söz *ýara* manysynda gelýän bolsa gerek.

[3] Bu söz sözlüklerden tapylmady.

agzynda gakylyk görner. Ýüzünde biraz çiş hem dörändir, gözünden we burnundan suw gelýändir. Tiz-tizden yzly-yzyna demini alar.

*Gakylyk zerarly ýüze çykýan kelle agyry we oňa em edilişi.*

Garçgaýy ýyly ýerde saklamaly. Horazyň ödüni ýylyjak suwa atyp bermeli. Horazyň ödi goşulan ýylyjak suwa biraz jasmin[1] ýagyny hem goşup, garçgaýyň burnuna damdyrmaly. Şeýle edilse, garçgaýyň derdiniň dep bolmagyna haýry ýeter.

* * *

Ý*ene-de bir em.* Gowuja owradylan sümmüli garçgaýyň burnuna sürtseň haýry ýeter.

* * *

Ý*ene-de bir em.* Goýnuň etini ary balyna, hozuň ýagyna we jasminiň ýagyna garyp berseler haýry ýeter.

2). *Guraklyk zerarly ýüze çykýan kelle agyry we onuň alamatlary.*

Guraklyk zerarly ýüze çykýan kelle agyra duçar bolan garçgaýlar nähili iýmitleri iýende-de olaryň zaňlarynda üýtgeşme ýüze çykmaýar, ýöne olar haýsy ýerde otursa-da, hatda eliňde otursa-da başy aşak bolar, gabaklary gözüne agram salyp durar.

---

[1] Jasmin (Jasminum). Zeýtunlar maşgalasyndan. Onuň ýapraklary galyň bolup, ak we sary reňkde bolýar.

Kellesindäki perleri hüwjeribräk, gabaklary pakgarybrak durar. Aram-aram eginlerini silker. Kellesini ganatlarynyň aşagyna salar. Boýny sallanyp durar. Kellesi bilen garsynar durar.

Bu derde uçran garçgaý kellesini haýsy tarapa gyşartsa, onuň şol tarapynda hem ynjy bardyr.

*Guraklyk zerarly ýüze çykýan kelle agyry we oňa em edilişi.*

Gara horazyň ýüregini sowuk suwa garyp bermeli. Biraz benewşe ýagyny hem burnunyň deşiklerine damdyrmaly.

* * *

Ý*ene-de bir em.* Gyzyl mäkiýanyň ýa-da guzynyň ýa-da doňzuň etini kädi çigidiniň ýagyna garyp bermeli. Gyz dogran aýalyň süýdüne benewşe ýagyny ýa-da gül suwuny garyp, burnuna damdyrmaly. Şeýle edilse garçgaýyň derdiniň dep bolmagyna haýry ýeter.

3). Ý*ellenme zerarly ýüze çykýan kelleagyry we onuň alamatlary.*

Ýellenme zerarly ýüze çykýan kelleagyra duçar bolan garçgaýlaryň gabaklary gözleriniň üstüni basyp durar. Kellesini egnine oýkar. Gözlerinden biraz suw geler. Aýaklarynda sandyrama bolar. Köp asgyrar. Hemişe kellesi, burny gijäp, azar berer.

*Ýellenme zerarly ýüze çykýan kelleagyry we oňa em edilişi.*

Ýellenme zerarly ýüze çykýan kelleagyra duçar bolan garçgaýa eger iýse baýguşyň ýa-da syçanyň etini bermeli.

* * *

*Käbirleri şeýle diýýärler:*
Ýellenme derdine uçran garçgaýy awa salanyňda gowy ýadatmaly. Soň garçgaý demini-dynjyny alyp, özüni gowy dürseýänçä garaşmaly. Soňra goýnuň birnäçe bölejik etini arpabadyýanyň köküniň[1] suwuna ezip, ony itiň güjüginiň eti bilen goşup, ondan garçgaýy doýurmaly. Şeýle edilse garçgaýyň derdiniň dep bolmagyna haýry ýeter.

4). *Sowuklama zerarly ýüze çykýan kelleagyry we onuň alamatlary.*

Sowuklama zerarly ýüze çykýan kelleagyry hem garçgaýyň agzynda gakylygyň köpelmeginden hem ýellenmeden ýüze çykyp biler.

*Alamatlary:*

Gabaklary pökgerer, köp asgyrar, gözünden we burnundan suw gidip durar. Ýelekleri hüwjerip durar.

---

[1] Arpabadyýan. Fenhel köki (Foýeniculum officinale).

*Sowuklama zerarly ýüze çykýan kelleagyry we oňa em edilişi.*

Eger görkezilip geçilen alamatlar bar bolsa, zenjebili gowy owradyp, ondan nohut ýalyragyny garçgaýyň burnuna sürtmeli. Ondan soňra gara garganyň etinden we beýnisinden bir bölejigini alyp, guşa bermeli. Şeýle edilse garçgaýyň derdiniň dep bolmagyna haýry deger.

* * *

Ý*ene-de bir em.* Iki sany gara burçy gowuja owradyp, ony garçgaýyň burnuna çalmaly ýa-da burnuna damdyrmaly. Ondan soň heniz gözi açylmadyk güjügiň eti berilse peýdalydyr. Garçgaý iýmitlendirilenden soň ony ýyljak ýerde saklamaly.

## IKINJI PASYL
## GARÇGAÝLARYŇ GÖZAGYRYSYNYŇ WE GULAKAGYRYSYNYŇ ALAMATLARY HEMDE OLARA EM EDILIŞI HAKYNDA

*Alamaty.*

Eger garçgaý gözagyry keseline duçar bolsa, gözüni ganaty bilen ýapar we gözünden suw geler. Aram-aram gözleri pökgerip durar. Eger garçgaýyň gözi kiçelse, agy köpelip garaçygy ýiteňkirlän bolsa, onda gözi açyk bolsa-da hiç zady görmez.

*Gözagyry keseline duçar bolan garçgaýa em edilişi.*

Gözagyry keseline duçar bolan garçgaýyň derdini dep etmek üçin meýdan serçesini öldürip, onuň ganyny ýyladyp, guşuň gözüne damdyrmaly. Şondan soň garçgaýy ýyly ýerde saklamaly.

* * *

Ýe*ne-de bir em.* Garçgaýyň gözüne gara üzümiň şerabyny damdyrmaly we guşuň özüni hem ýyly ýerde saklamaly.

* * *

Ýe*ne-de bir em.* Serçäniň ganyny we sürmäni barmagyň bilen gowy garyp, garçgaýyň gözüne çalmaly.

* * *

Ýe*ne-de bir em.* Sümmüli, sowuk suwy, ary balyny, gyz dogran aýalyň süýdüni, birazajyk reýhan tohumyny, nabady, doňzuň beýnisinden birazajyk bölegini garyşdyryp, gowuja mäjumlap, garçgaýyň gözüne çalmaly.

*Gulakagyry keseli we oňa em edilişi.*

*Alamaty.*

Gulakagyry keseline duçar bolan garçgaýlaryň elmydama başy salyk bolýar. Olar hemişe diýen ýaly gulagyny gaşar, kämahal gulagyndan iriň gelmegi hem mümkin.

*Emi.*

Towşany öldürip, onuň ganyna beýnisini hem garyp, guşuň gulagyna damdyrmaly. Eger tomus pasly bolsa, onda beýniniň deregine oňa biraz gülap goşmaly. Şular ýaly ýagdaýda onuň iýmiti diňe mäkiýanyň, käkiligiň we serçäniň eti bolmalydyr.

## ÜÇÜNJI PASYL
## GARÇGAÝLARYŇ AGYZ WE BOKURDAK KESELLERINIŇ ALAMATLARY WE OLARA EM EDILIŞI HAKYNDA

*Alamaty.*

Garçgaýyň agzynda ýara dörese, ol çüňküni biri-birine uruşdyrar. Guşuň agzynyň içindäki garalar barha agarar.

*Garçgaýyň agzynda dörän ýara em edilişi.*

Garçgaýyň agzynda dörän ýarany bejermekçi bolanlarynda ilki bilen ony pamyk bilen süpürmeli. Soňra benewşe ýagyny kädiniň çigidiniň ýagyna garyp,

ýara çalmaly. Ondan soňra syýahozy[1] bilen naryň gülüni garyp, olary gowuja owradyp, ýaranyň üstüne çalmaly. Eger ýara tiz gowulaşmasa, onda syýahozuny gyzyl zyrnyh bilen garyp, ýara çalmaly.

Şeýle ýagdaýda garçgaýyň iýmiti diňe guzy, owlak ýa-da jojugyň eti bolmaly.

* * *

Garçgaýyň äňinde dörän ýarany aýyrmagyň hem öz usullary bar. Garaburçy gowuja owradyp, ony zyrnyh bilen garyp, üç günüň dowamynda guşuň äňine çalmaly. Soňra duzy, ak burçy sygyr ýagy bilen garyp, ýara çalmaly. Eger onda-da täsir etmese, bir bölek simi gyzdyryp, geçiniň iç ýagyny hem şol simiň ujuna ötürip, ýaranyň üstüne basmaly we gyzdyrmaly.

*Garçgaýyň bokurdagynda ýara dörändäki alamatlar.*

Bokurdagynda ýara dörän garçgaýyň iýmitlendirilenden soň petekesi çişip durar. Onuň boýny titrär.

*Garçgaýyň bokurdagynda dörän ýara em edilişi.*

Garçgaýyň bokurdagynda dörän ýarany bejermekçi bolanlarynda ilki biraz mukdardaky küli ýarym dirhem mukdaryndaky daş bilen goşup, sokuda gowy

[1] Syýahozy - käbir ösümlikleriň ýapragynda emele gelýän ösüntgi. Ondan ozallar syýa edilipdir.

ýençmeli, soňra ony sowuk suwa salyp, tä durlanýança goýmaly. Soňra şol suwa semiz goýnuň etini owunjak dograp, ony gülap bilen garyp, garçgaýa iýdirmeli.

## DÖRDÜNJI PASYL
## GARÇGAÝYŇ GUSUP BAŞLAMAGY WE OŇA EM EDILIŞI

*Alamaty.*

Bir dert tapynyp, gusup başlan garçgaý çalt-çaltdan demini alyp başlar, agzyny açar. Garçgaý iýen iýmitini siňdirip bilmän gaýtaranda, onuň reňki üýtgemeýär.

Garçgaýyň gusup başlamagynyň alty[1] sany sebäbi bolup biler.

1). *Gereginden köp iýenligi sebäpli.*

2). *Yssy sebäpli.*

3). *Sowuk sebäpli.*

4). *Zaýa tagam iýenligi sebäpli.*

5). *Damagynda gyl galanlygy sebäpli.*

* * *

1). *Gereginden köp iýip gusýan garçgaýa em edilişi.*

Egerde garçgaý gereginden köp iýip gusup başlasa, onda ony biraz ynjalýança aç saklamaly. Ondan soňra

---

[1] Golýazmada bäş sany sebäp getirilipdir. Kätip bir sebäbi görkezmändir. Belki terjimeçiniň şol sebäbi terjime etmän galdyran bolmagy-da mümkin.

içinde damary bolmadyk üç bölejik ete şeker, nabat we biraz mumyýa goşup bermeli.

* * *

Ýe*ne-de bir em.* Garçgaýa gyz dogran aýalyň süýdüni ýa-da eşegiň süýdüni içirmeli. Şeýle edilse garçgaý ynjalar we kem-kem onuň gaýtarmasy galar.

* * *

2). *Yssylyk zerarly gusup başlan garçgaýa em edilişi.*

*Alamaty.*

Garçgaý yssylyk zerarly gusanda onuň gaýtaran eti bişen ete meňzeş bolup, ondan turşy ys geler. Garçgaý agzyny açar, guýrugyny silker, suwy köp içer.

*Emi.*

Yssylyk zerarly gusýan garçgaýy sowuk ýerde saklamaly. Biraz gül suwuny we azajyk heki suwa atyp, guşuň öňünde goýmaly. Garçgaý gowy ajyganda goýnuň täzeje etinden üç bölejigini nabat, gül suwy we eşegiň süýdi bilen garyp bermeli.

Garçgaý tagamyny iýenden soň goýnuň täze etinden ýarym bölejik ýa-da gara jüýjäniň, ýogsam bolmasa-da jojugyň etinden ýarym bölejik bermeli.

* * *

3). *Sowuk zerarly gusup başlan garçgaýa em edilişi.*

*Alamaty.*

Garçgaý sowuk zerarly gusanda onuň gaýtaran gusugynyň reňki gyzyl bolýar. Onuň hiç hili ysy bolmaýar. Petekesiniň perleri hüwjerip durar, gözlerini köplenç ýumuk saklar. Şonda onuň gözlerinden suw gelip durar. Suwa ýa-da başga bir iýmite höwesi bolmaz.

*Emi.*

Haçanda garçgaý sowuk zerarly gusup başlanda ony öýde saklamaly we oňatja ajykdyrmaly. Könelişen etden üç bölejigini alyp, ony biraz ud[1] bilen garyp, soňam ýene-de goýun etine garyp, suwjagaz bilen iýdirmeli.

* * *

4). *Garçgaýyň zaýa tagam iýmegi zerarly gusup başlamagy we oňa em edilişi.*

*Alamaty.*

Eger garçgaý zaýa tagam iýendigi zerarly gussa, onuň gaýtaran gusugynyň reňki we ysy üýtgär. Ýöne garçgaýyň özi üýtgemeýär, gaýtam onuň tagama bolan nebsi has güýjeýär.

*Emi.*

Eger garçgaý zaýa tagam iýendigi zerarly gusup başlasa, ony aç saklamaly. Ondan soň oňa kepderi

---

[1] Ud (Aloýexyluma dallochum)- ösümlik ady. Bu ösümlik tütedilende, ondan gowy ys ýaýraýar.

jüýjesiniň etinden üç bölejik alyp, oňa-da biraz pisse[1] garyp bermeli.

* * *

5). *Damagynda gyl galanlygy sebäpli gusup başlan garçgaýa em edilişi.*

*Alamaty.*

Eger garçgaý damagynda gyl galanlygy sebäpli gusup başlasa, onuň kellesi sandyrar durar. Yzly-yzyna asgyrar. Penjesi bilen çüňküni gaşar.

*Emi.*

Eger garçgaý damagynda gyl galanlygy sebäpli gusup başlasa, onuň aýagynyň astyny arassalap durmaly. Garçgaýyň aýagyna ýa-da perlerine näme ýelmeşen bolsa oňatja arassalamaly. Ondan soňra garçgaýy biraz rahatlykda goýmaly.

Garçgaýy ep-eslije wagt aç saklamaly. Soň iýmit bereniňde-de az-azdan bermeli. Berilýän et öňki berilýän etiniň ýarysyndan hem az bolmaly. Sebäbi şondan köp bolsa, onuň ýene-de gaýtarmagy mümkin. Iýmitlendireniňde diňe täze etden bermeli, eger başga et berilse, ýene-de gaýtarar.

## ALTYNJY[2] PASYL

[1] Pisse(Pistacia lentiscus).

[2] Golýazmada bäşinji pasyl getirilmändir. Bu ýerde ýa-ha kätip ýalňyş goýberipdir ýa-da terjimeçi bäşinji pasyly türkmen dilinden pars diline terjime etmän galdyrypdyr.

# GARÇGAÝYŇ IÇ KESELLERI WE OŇA EM EDILIŞI HAKYNDA

*Alamaty.*

Içinden hyrryldyly ses çykar. Zaňy bölek-bölek bolar.

*Emi.*

Kepderi jüýjesiniň etini hozuň ýagy bilen garyp, iki sany arpabadyýany[1] hem gowy owradyp, garçgaýa iýdirmeli.

* * *

*Garçgaýyň iç agyrysyna em edilişi.*

*Alamaty.*

Zaňy bölek-bölek geler. Garçgaý ýygrylyp, burlup durar. Sag ganaty halpyldap durar.

*Emi.*

Garçgaýa kepderi jüýjesiniň etini üwäp, ony gök nile[2] garyp iýdirmeli. Üç günüň dowamynda köne şerapdan ýarym çemçe mukdarynda guşuň agzyna damdyryp durmaly.

[1] Arpabadyýan(Foýeniculum officinale). Fenhel köki.

[2] Nil. Agajyň bir görnüşi. Onuň miwesi noýba meňzeş bolýar. Nil agajyndan gök reňk alynýar. Bu agaç, esasan, yssy ýerlerde bitýär.

* * *

Ýe*ne-de bir em.* Eti turşy naryň suwuna bölejik-bölejik dograp, üç günüň dowamynda guşa berip durmaly.

* * *

Ýe*ne-de bir em.* Ak nohudyň maňzyny almaly. Soňra üç lukma eti ary baly bilen garyp, olaryň üstüne nohut ununy sepmeli we ony garçgaýa iýdirmeli.

* * *

*Garçgaýyň içinde sanjy döreýşi we oňa em edilişi.*

*Alamaty.*

Haçanda garçgaýyň içinde sanjy dörände onuň garnynyň aşagyndaky we ýeňsesindäki ýelekleri hüwjerip durar. Içi sanjyly garçgaý zaňlan pursatynda tisginer. Meýdan edýän ýerini gaşar. Içinden hyrryldyly ses çykar.

*Emi.*

Ak matanyň içine zenjebil salyp, gowy owratmaly, soňra ony goýnuň süýdüne ezmeli we garçgaýa iýdirmeli. Şeýle ýagdaýda garçgaýyň huruşy meýdan serçesi, güjügiň we syçanyň eti bolmaly. Garçgaýyň huruşyna hozuň ýagyny hem goşmaly.

* * *

*Garçgaýa ysytma keseliniň degmegi we oňa em edilişi.*

*Alamaty.*

Ysytma keseli degen garçgaýyň gözleri kiçeler, guýrugyny titreder. Zaňlanda agyrysyna çydap bilmän gygyrar.

Ýe*ne-de diýipdirler.*

Zaňlap bilmeýär. Guýrugyny silker. Synasy sandyrar, köp iýer.

*Emi.*

Ysytma keseli degen garçgaýa birazrak sabyr[1] ýagyny bermeli, bir az wagtdan soň bolsa, onuň öňünde bir tabak suw goýmaly. Iýmiti kepderiniň eti bolmaly.

* * *

*Garçgaýyň bagrynyň agyrmagy we onuň alamatlary hem-de em edilişi.*

*Alamaty.*

Bagyr agyrysyna duçar bolan garçgaý büküdip, burlup durar. Aram-aram aýaklaryny gönülär. Beýle garçgaýlar suwy köp içgiç bolar. Çüňküni çepden saga ýaýkar. Köplenç başyny aşak salar. Gözüniň sarysy garalar. Zaňy bölek-bölek bolar.

*Emi.*

Garpyzyň suwuny süzüp, oňa arassa hytaý yşgynyndan goşmaly we oňa mäkiýanyň ýa-da çebşiň etinden bir bölejigini dograp, ony garçgaýa iýdirmeli.

---

[1] Sabyr – aloýe (Aloýe).

Eger başarsalar, towşanyň bagryny ýa-da käkiligiň ýüregini bile iýdirsinler.

## ÝEDINJI PASYL
## GARÇGAÝYŇ AGZYNYŇ GURAMAGY WE OŇA EM EDILIŞI

*Alamaty.*

Agzy guraýan garçgaý yzly-yzyna guýrugyny silkip durar. Dilini daşyna çykarar. Häli-şindi boýnuny ýaýkar, çüňküni açar. Bokurdagynyň içi sary bolar.

Eger bokurdagynyň içi agyrsa, onda bu keseliň beterleşeninden nyşandyr. Kähalatlar diliniň aşagynda ýara hem döräp biler.

*Emi.*

Kafur[1] agajynyň ýapragynyň dörtden bir bölejigini sowuk suwa salyp, soňra oňa gyz dogran aýalyň süýdüni garyp, agzy guraýan garçgaýa bermeli. Garçgaýyň huruşy kepderi jüýjesi bolmaly.

* * *

Ý*ene-de bir em.* Käbirleriniň aýtmaklaryna görä, towuk ýumurtgasynyň agyny benewşe ýagyna garyp, soňra oňa gyz dogran aýalyň süýdüni goşup, garçgaýyň burnuna damdyrsalar, guş derdinden halas bolar.

---

[1] Kafur-Kamfora (Laurus camphora) özboluşly bir agaç. Tagamy ajy. Ol tütedilse gowy ys emele gelýär.

Garçgaýa haýsy et berilýän bolsa, şol eti hem ýumurtganyň agyna garyp bermeli.

Garçgaýy sowuk ýerde saklamaly we onuň aýagynyň astyna serwi agajynyň ýapragyny düşemeli.

## SEKIZINJI[1] PASYL GARÇGAÝDA DÖREÝÄN, BAŞGA GUŞLAR ÜÇIN ADATY DÄL BOLAN KESELLER WE OLARA EM EDILIŞI

Garçgaýda döreýän we beýleki guşlar üçin adaty däl bolan keselleri, esasan, üç görnüşe bölmek mümkin:

*Birinjisi, günurmagy.*

*Ikinjisi, sowuk urmagy.*

*Üçünjisi, tüsse tutmagy zerarly.*

*1). Gün uran garçgaýyň alamatlary.*

Gün uran garçgaý sussypes bolar. Agzy mydama diýen ýaly açyk durar. Iýmiti kemeler, suwy köp içmeklige meýil eder. Gün uran garçgaý gün saýyn horlanar.

*Emi.*

Leňňeji mynjyradyp, suwda gowy gaýnatmaly. Soňra ol suwy içindäki leňňeji bilen bilelikde başga bir gaba guýmaly-da, üstüne-de elek goýmaly. Gapdaky gaýnan gyzgyn suwuň bugy garçgaýa täsir eder ýaly

[1] Golýazmada bu pasyl ýalňyşlyk bilen altynjy pasyl diýlip görkezilipdir.

ony şol elegiň üstünde oturtmaly. Bu emi üç ýola gaýtalamaly.

Soňra garçgaýy garaňky jaýda saklap, biraz kafur garylan suwy onuň öňünde goýmaly. Gyz dogran aýalyň süýdüne benewşe ýagyny we gülap garyp, garçgaýyň burnuna damdyrmaly. Garçgaýyň huruşy mäkiýanyň, jojugyň ýa-da guzynyň eti bolmaly.

* * *

*2). Sowuklama degen garçgaýyň alamatlary.*

Sowuklama degen garçgaý ganatlaryny ýygrar, çugutdyryp oturar. Onuň ýeňsesindäki, arkasyndaky ýelekleri hüwjerer. Gözleri ýaşly bolar.

*Emi.*

Sowuklama degen garçgaýy ýyly ýerde saklamaly. Ýöne ody garçgaýdan biraz daşrakda ýakmaly. Sygyr ýagyny ýyljak ete garyp bermeli. Haýsydyr bir guşy soýup, onuň ganly etini gyzgynlygy bilen oňa iýdirmeli. Ýa-da ganlyja etini ýylysy bilen iýer ýaly kepderini diriligine garçgaýyň penjesine bermeli.

* * *

*3). Tüsse tutan garçgaýyň alamatlary.*

Tüsse tutan garçgaýyň burnundan suw gelip durar. Guýrugyny yzygiderli silker durar. Tüsse tutan garçgaý köp asgyrgyç bolýar.

*Emi.*

Benewşe ýagyny gyz dogran aýalyň süýdüne garyp, tüsse tutan garçgaýyň agzyna damdyrmaly. Goýun etinden bir bölejigini köne çakyra ezip hem-de ary balyna garyp, garçgaýa iýdirmeli.

## DOKUZYNJY PASYL
## GARÇGAÝYŇ IÇINIŇ ÝELLENMEGI WE OŇA EM EDILIŞI

*Alamaty.*

Garçgaýyň içi ýellense köp osluk çykarar. Guýrugyny göni tutar. Tiz-tiz ýel çykarar. Zaňlanda-da oslugyň sesi çykar.

*Emi.*

Içi ýellenen garçgaýa kepderi jüýjesiniň etini bermeli.

* * *

Ýe*ne-de bir em.* Goýnuň etini hozuň ýagyna ýa-da ajy badamyň ýagyna goşup gaýnatmaly we ony garçgaýa iýdirmeli. Em edilen garçgaýy garaňky we ýyly ýerde saklamaly. Eger garçgaýy ýel gapan bolsa emi şu aýdylanlardyr.

* * *

*Böwri agyrmagy sebäpli sandyraýan garçgaýa em edilişi.*

Garçgaýyň sandyramagynyň sebäbi onuň bir ýan tarapynyň agyrmasyndan bolup biler.

*Emi.*

Böwri agyrmagy sebäpli sandyraýan garçgaýa käkiligiň we baýguşyň ýüregi berilse, ol derdinden basym gutular.

* * *

*Garçgaýyň agzynyň agarmagy we oňa em edilişi.*

*Emi.*

Garçgaýyň agzynyň içi agarsa, onda guşuň agzyna benewşe ýagyny çalmaly.

* * *

*Aýagy mejalsyz garçgaýa em edilişi.*

Eger garçgaýyň aýagynda ysgyn bolmasa, onda oňa baýtalyň ýa-da towşanyň etini bermeli. Aýagy mejalsyz garçgaýy ýyly ýerde saklamaly. Ony gowy gutulýança awa çykarmaly däl.

* * *

*Aşa düşen garçgaýa em edilişi.*

Üç günüň dowamynda aşa düşen garçgaýyň içini geçirip durmaly. Soňra demriň posundan we adamyň tezeginden bir dirhem möçberindäkisini sowuk halynda guşuň lukmasyna garyp bermeli.

* * *

*Lagar düşen garçgaýa em edilişi hakynda.*

Lagar düşen garçgaýyň ýeleginiň dökülen ýerine gülüň ýagyny çalmaly. Garçgaýa ýyljajyk et bilen hozuň ýagyny we geçiniň süýdüni bermeli.

* * *

*Bitlän garçgaýa em edilişi hakynda.*

Garçgaýyň boýnundan tä onuň endamyndaky ähli bitleri ölýänçä arassa müşk[1] asyp goýmaly. Zyrnyhy gowy owradyp, ony guşuň ýeleklerine sürtmeli.

* * *

*Bitlän garçgaýa em edilişi hakynda.*

Sirkelän garçgaýa ýumurtganyň agyny, sirkäni we sygryň süýdüni gowy garyp çalsaň gutular.

* * *

Ýe*legini döken garçgaýa em edilişi.*

*Ýe*legini döken garçgaýa eti sirke bilen garyp bermeli. Dökülmesi galar ýaly ýeleklerine hem sirke çalmaly.

[1] Müşk(Cyperus), (Carex), (Muscus) - erkek keýgiň göbeginden emele gelýär. Onuň örän gowy we ýakymly ysy bar.

* * *

*Perleri köstli çykýan garçgaýa em edilişi.*

*Alamaty.*

Perleri köstli çykýan garçgaý zaňlanda onuň zaňy bölek-bölek we ýaşyl reňkde bolar. Guş yzyny üzmän diýen ýaly zaňlaýan ýerini çüňki bilen gaşar durar.

*Emi.*

Perleri köstli çykýan garçgaýyň ýeleklerine süýdüň gaýmagyny çalmaly. Birnäçe däne bugdaýy almaly. Şol bugdaý dänelerine iki esse möçberde demir posuny aşhananyň ýokarsyna üýşen düýt bilen garyp, gowy owratmaly. Soňra ony ary baly bilen garyp, mäjum etmeli. Ondan soň şol mäjumy pelte ýaljak edip, garçgaýyň meýdan edýän ýerine birnäçe gezek sokup çykarmaly. Şu emi birnäçe gezek gaýtalamaly.

* * *

*Garçgaýyň babasil bilen kesellemegi we oňa em edilişi.*

*Alamaty.*

Gözleri saralar. Gözleriniň damarlary görnüp durar.

*Emi.*

Ilki bilen garçgaýyň içini ýuwmaly. Soňra oňa kepderiniň we mäkiýan jüýjäniň etini gotanyň ýagyna garyp bermeli.

* * *

*Garçgaýyň çişiniň bejerilişi.*

Sabyry[1] we sukutryny[2] iki gije-gündizläp, suwda gowy gaýnatmaly. Soňra şol gaýnap sowan suwy garçgaýyň çiş ýerine çalmaly. Garçgaýyň huruşy goýunyň eti ýa-da gözi açylmadyk güjügiň eti bolmaly.

* * *

*Garçgaýyň nagres[3] keseliniň alamaty we emi hakynda.*

*Alamaty.*

Bogunagyry keseline duçar bolan garçgaýyň dabanlary çişer we ol aýaklarynyň üstünde gowy oturyp bilmez. Çişden ýaňa garçgaýyň barmaklary pakgarar.

*Emi.*

Narpyzyň baldagyny suwda gowy gaýnatmaly. Gaýnan suwy gaba guýmaly. Ondan soň gabyň üstüne elek goýmaly. Narpyzyň baldagy gaýnadylan suwuň bugy garçgaýyň aýaklaryna oňatja siňer ýaly guşy elegiň üstünde oturtmaly. Eger taýýarlanan suw sowasa, ony ýene-de täzeden gyzdyryp, garçgaýy iki-üç sagatlap elegiň üstünde oturtmaly.

---

[1] Sabyr - aloýe(Aloýe).
[2] Aloýyň bir görnüşi.
[3] Nagres – bogunagyry.

Garçgaýyň çişlerine ary balyny çalmaly. Haçanda garçgaýyň ýaralary bişişenden soň, oňa neşder urup, sary suwlaryny we çişdäki gany çykarmaly. Ondan soň zagpyran bilen aloýy owratmaly we onuň üstüne arap şerabyny guýmaly. Gowy owradylandan soň oňa ýumurtganyň agyny goşup, mäjum etmeli. Soň şol mäjumy gyzdyryp, garçgaýyň çişine ýapmaly.

Eger garçgaýyň aýagynyň aýasynda iriň bar bolsa, neşder bilen aýyrmaly we oňa hem şol taýýarlanylan mäjumdan ýapmaly.

* * *

Eger garçgaý iýmitini gowy, rahat iýip bilmese, onda bu onuň näsaglandygyndan bir nyşandyr. Şeýle ýagdaýa duçar bolan garçgaýa em etmek üçin narpyzy bir gaba salyp, suwda gaýnatmaly, soň şol gaýnadylan suw sowandan soň, garçgaý suwa düşüp ýuwunar ýaly onuň öňünde goýmaly. Eger garçgaý şol suwdan içse, turşy we süýji narlaryň suwuna gaýnadylan täze etden iýdirmeli. Şondan iki sagat töweregi geçensoň, garçgaýy kepderi jüýjesiniň ýa-da towşanyň etinden doýurmaly.

# SOŇLAMA

## Garçgaýyň içini sürmek arkaly horlamaklyk hakynda

*Käbir ussatlar aýdypdyrlar:*

Garçgaýy horlamaklygyň belli bir möwsümi, wagty ýok. Ýöne garçgaýlary ýelegini dökýän döwürleri horlasaň, arryklatsaň has peýdalydyr.

* * *

Garçgaýy arryklatmakçy bolsaň, öňünden ony köpräk awa salmaly, gowuja ýadatmaly. Oňa tä ýadaýança aw awlatmaly.

* * *

Garçgaýy öz tutan awunyň eti bilen semretmeli.

* * *

Garçgaýy arryklatmazdan öňürti sygyr ýagy bilen içini geçirtmeli. Eger garçgaý arrykladylýan döwrüňde onuň çüňki we dyrnaklary aşa ösgün bolsa, olary gyrkmaly.

* * *

Käbirleri garçgaýyň çüňküni we dyrnaklaryny onuň horlanmak döwri tamamlanandan soň gyrkmaly diýýärler.

* * *

*Garçgaýy horlandyrandan soňky çäreler.*

Käbirleriniň aýtmaklaryna görä, garçgaýyň horlanmak döwri tamamlanandan soň, oňa goýnuň etini kädi çigidiniň ýagyna ýa-da sygyr ýagyna, ýa-da şekere, ýa-da eşegiň süýdüne goşup bermeli.

*Bu barada ýunanly we yrakly ussatlar şeýle diýýärler:*

Garçgaý arrykladylandan soň ilkinji edilmeli zat ony her gün bir dürli et bilen naharlamaly. Meselem, oňa kepderi jüýjesiniň, towşanyň, keýigiň, entek gözi açylmadyk gyzyl etene serçäniň, gözi açylmadyk güjügiň, baýtalyň etini bermeli.

Garçgaýa bu döwürde goýnuň etini hozuň ýagyna garyp berseň hem bolar. Garçgaýyň horlandyrylan döwri tamamlanandan soň oňa haýsy eti berseň-de iki gezekden artyk bermeli däldir.

* * *

*Garçgaýyň tejribesizligi hakynda.*

*Bu hakynda ussatlar şeýle diýýärler:*

Tejribesiz, heniz awa gowy öwrenişmedik garçgaýy meýdana äkitmeli. Şonda garçgaý awda biraz horlansa, oňa gowy arassalap, ýuwup goýnuň öýkenini bermeli.

Garçgaýy köplenç eliňde saklamaly. Ony ukudan alyp galmaly.

* * *

Eger garçgaý semiz bolsa we ony horlamak isleseler, onda hardaly[1] gowy owradyp, ony guşuň etli lukmasyna garyp bermeli.

* * *

Bilgil we habarly bolgul. Ussatlar garçgaýlaryň maşgalasyndan bolan bir guşa tälim öwretjek bolanlarynda oňa öz güýjüni özüne bildirtmek üçin, öz ökdeligine ynamyny artdyrtmak üçin edil tälim berlen guşy durna, towşana awa salyşlary ýaly, ony gara garga awa salypdyrlar. Garga durnadan ýa-da towşandan has ejiz bolansoň guş ony derrew tutup başarypdyr we onda özüne göwnüýetijilik duýgusy döräpdir. Bu bolsa ol guşuň erjelliginiň, gaýduwsyzlygynyň artmagyna hemaýat edipdir, awa bolan nebsiniň otukmagyna getiripdir.

* * *

[1] Hardal(Sinapis) - Gorçisa. Sary gülli ösümlik, ajyrak dänesi bar. Ony işdäaçar hökmünde ulanýarlar. Şol ösümligiň tohumyndan taýýarlanan ajy iýmit.

Beýle guşlara tälim bermekligiň ýoly şunuň ýalydyr. Olary höwürtgeden alanlaryndan soň tä awa girizilýänçä tälim bermelidir. Olary diri guşy tutup, şonuň bilen iýmitlendirmeli. Ol diri guşuň etini iýmeklige gowy öwrenişenden soň, ony öz ýanyňa çagyrmaly we ony sähra äkidip, hakyky algyr bolup ýetişer ýaly iki-üç günüň dowamynda diri towugyň üstüne uçuryp durmaly. Ine olara şeýdip tälim öwretmeli.

* * *

Biz awçylara haýry ýeter ýaly, olaryň ähli zatlardan habarly bolary ýaly we şu aýdylanlary amal ederi ýaly bulary ýeke-ýeke beýan etmäge çalyşdyk.

**ŞYH ABU MANSUR MÄTURYDY**

# AW GUŞLARY HAKYNDA RISALA

# BEÝIK TAŇRYNYŇ ADY BILEN!

**بِسْـــــــــــــــمِ اللهِ الرَّحْمَنِ الرَّحِيمِ**

Ähli älemleri ýaradan Beýik Biribara hamdy-senalar bolsun, çünki Ol ähli zatlaryň Ýaradyjysydyr. Hezreti Muhammede (s.a.w.) we onuň ýaranlaryna köp salawatlar bolsun!

Şyh Abu Mansur Mäturydynyň (Alla oňa rehmet etsin!) garçgaýyň görnüşleri we olaryň häsiýetleri, keselleri, gowulaşmagy, ýagdaýynyň agyrlaşmagy hakynda, keselleriniň emi barada ýazan bu beýik risalasynda aýdýan usullary, görkezýän emleri şirin zybanly danyşmentleriň we hormatly akyldarlaryň öň tejribe edip, kän-kän synap gören zatlarydyr. Aw bilen meşgullanýan kişileriň bu zatlary bilmegi zerurdyr. Haýsy zat bilen meşgullanylsa, şol hakdaky ylmy öwrenmeklik, bilmeklik, ondan taglym almaklyk hemişe zerurdyr.

Garçgaý haýsy görnüşli guşlar bilen jübütleşýär we olaryň her biriniň nähili häsiýetleri bar? Olary oňat bilmeklik zerurdyr.

* * *

*Bu barada şeýle ýazypdyrlar:*

Kimiň garçgaýynyň eginleriniň ýelegi ownuk, ganatlary kelte, dyrnaklary uzyn, guýrugy uzyn we inçe bolsa, ol örän bagtly kişidir. Bu hili görnüşli ýagşy gylykly garçgaýa *alahekge guýrukly garçgaý* diýilýär. Aýtmaklaryna görä, alahekge guýrukly garçgaý örän gowy we onuň uçuşy, awa salnandaky täsin hereketleri, kowalan awuny tutuşy we tagam iýişi şeýle bir ajaýyp welin, oňa adamyň akyly haýrandyr. Eger garçgaýyň boýny uzyn we kellesi ullakan bolsa, bu hili garçgaýlar örän seýrek duşýan garçgaýlardandyr. Bu hili garçgaýlaryň nähili garçgaýlar bilen jübütleşýändigini bilmek gerek.

* * *

*Bilinmeli zatlardan ýene-de birisi.*

Garçgaýlaryň her hili görnüşlerini tanamak gerek. Olaryň görnüşleri köpdür. Birinjisi, *toýgundyr*[1]. Bu hili garçgaýyň uçuşy, asmanda perwaz urşy hakynda goşgular hem döredilipdir. Emma toýgunlar köp uçurylsa ýa-da ylgadylsa olaryň deminiň ýetmän galýan pursatlarynyň bolýandygy hakynda hem aýdyp geçipdirler. Bu, elbetde, tejribede hem köp görlensoň aýdylýandyr.

Garçgaýlaryň ýene-de bir görnüşine *gyr* diýilýär. Aýtmaklaryna görä, garçgaýlaryň gyr diýlip atlandyrylýan görnüşi, haçanda toýgunlaryň bar

[1] Ak reňkli garçgaýlar toýgun diýlip atlandyrylýar.

ýerinde höwürtge tutunsa we onda ýumurtgalasa, Taňrynyň gudraty bilen onuň bir ýumurtgasyndan toýgun çykýar we beýleki ýumurtgasyndan bolsa gyr dünýä inýär.

* * *

*Ýene-de aýdypdyrlar:*

Bu iki guşuň ikisiniň hem – toýgunyň hem, gyryň hem aw awlaýşynda we asmanda örän owadanlyk bilen perwaz edip uçuşynda hiç bir deňi-taýy ýokdur. Bular iň hüşgär we iň çalasyn guşlaryň toparyna girýärler. Her bir şikar emiri garçgaýlaryň bu iki görnüşine aýratyn hormat goýmalydyr we olara öz söýgüsini hem-de mähribanlygyny bildirip durmalydyr. Çünki beýik ussatlaryň aýtmaklaryna görä, asylzadadan hiç haçan hata çykmaz.

* * *

*Ýene-de aýdypdyrlar:*

Gyr we toýgun awa salnanda, asmana uçurylanda şikar emiri elini galgadyp durmalydyr.

* * *

*Ýene-de aýdypdyrlar:*

Toýgunyň enesi-de, atasy-da garçgaýdyr. Aw guşlaryny saklaýan ussatlaryň käbirleriniň aýtmaklaryna görä, bu hili garçgaýy *henuýa* ýa-da

*tophur*[1] diýip atlandyrýarlar. Il arasynda bolsa bu guşlary gyr diýip atlandyrýanlar hem bar. Bu hili garçgaýyň ene-atasyna *polatperken*[2] diýýärler. Onuň bilen awa çykmagy awçylar örän halaýarlar.

* * *

*Ýene-de aýdypdyrlar:*

Garçgaýlaryň ýene-de bir görnüşini öz dilimizde aýdylyşy ýaly, *gülibadam* (badam güli) diýip atlandyrýarlar. Bu hili garçgaýlar örän sabyrsyz we ejiz bolýarlar. Olar diňe ownujak janawerleri awlaýarlar.

*Olaryň alamatlary:* ganatlarynyň aşagy zümerret reňkli, çüňki kiçijek, dyrnaklary we penjeleri gysga bolýar. Beýle garçgaýlaryň atasy syçan awlaýar. Özi hem ogry bolýar.

* * *

*Ýene-de aýdypdyrlar:*

Garçgaýlaryň ýene-de bir görnüşi *gara reňkli garçgaýlardyr*. Bu hili garçgaýlar örän ýyndam we çalasyn uçýarlar. Awda hem gaty algyr, gaýduwsyz bolýarlar. Eger *albuny*[3] goýberseň, yzyndan hem gara

---

[1] Bu söz düşnüksiz ýazylypdyr. Onuň *tunjur* ýa-da *tunhur* bolmagy-da mümkin. Bu söz sözlüklerden tapylmady.

[2] Polatperken sözüniň *polatperli,* ýagny perleri polat ýaly berk manysynda bolmagy mümkin.

[3] Bu söz sözlüklerden tapylmady. Albun megerem, kepderi ýa beýleki kiçiräk guşlar ýaly elguşlara tälim bermek üçin ulanylýan guş bolsa gerek. Bular ýaly guşlara *kahal* hem diýilýär. Kahaly guşçy

garçgaýy uçursaň, ol albuny ýerde bolsa ýerden, asmanda bolsa asmandan badabat tutar, awuny hiç sypdyrmaz. Ýöne bu hili garçgaýlar horan we kine saklagyç bolýar diýip aýdylýar. Eger aw emiri ony köp horlasa we ony halamasa, guş eýesiniň bu hereketlerini öz ýüreginde saklaýar.

* * *

*Ýene-de aýdypdyrlar:*

Gara reňkli garçgaýlar howa yssy bolanda ýaramaz gylyklara baş urup başlaýar. Aw emiri bu hili garçgaýy yssy howada awa çykarmaly däldir. Eger çykaraýsa-da öýländen soň, howa biraz salkynlaşandan soň çykarsyn. Çünki onuň näzikligi, çalasyn uçuşy ikindi wagtynda has gowy ýüze çykýar.

Aw emiri gara garçgaýlara tälim öwretmelidir we garçgaýyň ýüregi gysmaz ýaly albunyň köp ýerinde saklamalydyr. Şeýle ýagdaýda aw emiri hiç haçan garçgaýa gahar-gazaply seretmeli däldir. Çünki garçgaý gorksa bigäne bolar, özüni ýat, keseki duýar we onuň öýkesini ýazmak örän kyn düşer. Eger bir zady kowalap gitse, ýöne kowan awuny däl-de, başga

---

ätiýaçdan öz ýanynda saklaýar. Awçy elguşy gaçsa şol guşy asmana uçuryp goýberer eken. Gaçyp barýan elguş bolsa ol guşa topulyp, ony awlar eken we eýesiniň ýanyna getirer eken. Şeýdibem awçy gaçjak bolan elguşyny ýene-de ele salar eken.

Eseriň dowamynda albunyň ýumşak ýelekli guşdugy, onuň ýelekleriniň garçgaýy daýandyrmak üçin peýdalydygy aýdylýar.

bir jandary awlap getirse, hiç haçan oňa gaharlanmaly däl we onuň tutan awuny örän emaýlyk bilen almaly.

* * *

*Ýene-de şeýle diýipdirler:*

Şikar emiri garçgaýa süňk we ýelek bermäge çalyşsyn. Çünki garçgaýyň sagdynlygy we salamatlygy süňk bilen ýelekdedir.

* * *

*Ýene-de aýdypdyrlar:*

Aw emiri başardygyça garçgaýa eti lukma edip, ýagsyzrak görnüşde bermeli. Garçgaýa semiz malyň etini bermekden saklanmaly. Eger semiz malyň etini berseler-de, garçgaýyň horrak döwründe bersinler.

* * *

*Ýene-de aýdypdyrlar:*

Eger garçgaýa bermäge geçiniňkiden başga et tapylmasa, iki günläp bermän saklansynlar. Çünki guşuň gözüniň aklygy geçiniň etindendir. Garçgaýyň gözüniň aklygy diňe Horasan welaýatynyň garçgaýlarynda duş gelýär. Emma Hindistanda garçgaýa geçiň etini köp bermegiň zyýany ýok. Onuň özi uýgunlaşyp gidýär.

* * *

*Ýene-de şeýle diýipdirler:*

Eger-de garçgaýda haýsydyr bir hili ýetmezçilik ýüze çyksa, ýagny garçgaý demini içine çekip uludan alsa, bu akylanyň[1] alamatydyr. Bu keseliň emi – ýüregi suwda ezip, garçgaýyň dyrnaklaryna çalmakdyr. Şeýle edilse garçgaý derdinden halas bolar, onuň dem almasy kadalaşar. Eger bardy-geldi bu peýda etmese, onda ýürek ganyny garçgaýyň dyrnaklaryna däl-de, burnuna çalmaly, ýöne agzyndan seresap bolmaly. Çünki burnuna çalynýan wagty garçgaýyň ýaralamagy mümkin.

* * *

*Ýene-de şeýle diýipdirler:*

Eger garçgaýyň aýagynda çiş peýda bolsa, onda ol hem guşuň näsaglygyndan (akyladan) nyşandyr.

*Emi.*

Garçgaýyň aýagyndaky çişi aýyrmak üçin ojakda gowy gyzdyrylan gumy alyp, oňa köne sirkeden goşup, mäjum etmeli. Soňra şol mäjum edilen gumy bir günläp garçgaýyň aýagyna daňyp goýsaň haýry ýeter. Eger onda-da gutulmasa, çişi has-da ulalsa, bir bölejik süňki alyp, örän usullyk bilen çişip duran ýeri ýarmaly we soňundan şol bölejik süňki garçgaýyň özüne iýdirmeli.

---

[1] Guş keseliniň ady. Haýsy keseldigini anyklap bilmedik. Bu söz sözlüklerden tapylmady.

* * *

*Ýene-de şeýle diýipdirler:*

Eger-de guşuň aşgazanynda bir zat gatap galan bolsa, onda ol iýen zadyny gaýtarar. Bu garçgaýyň gyzgynynyň galanlygyndandyr. Bu ýagdaýda ol et iýmez, eger et berilse-de syçanyň etini biraz porsadyp bermeli. Şonda gutular.

* * *

Eger şikar emiri garçgaýa ýalňyşlyk bilen gyl iýdiren bolsa ýa-da guşuň özi iýen bolsa, onda gyly çykarmaly. Eger gyly çykarmagy başarmasaň, onda aşakdaky ýoly ulan:

Darynyň ununy hamyrmaýa goşup, ete garyp iýdirmeli. Şeýle edilse aw emiri bu aladasyndan aňsat dynar.

* * *

*Ýene-de şeýle diýipdirler:*

Eger-de garçgaý et iýýän mahalynda siňdirebilmän, iýen etini yzyna gaýtarsa, onda oňa eşegiň süýdüni bermeli. Eşegiň süýdüni içenden soň garçgaý işdäsine geler we gusmasyny goýar. Oňa süýt berlişiniň usuly şeýledir: Garçgaýyň kellesiniň ululygy möçberinde sanaç edip, şoňa süýt guýup, guşa içirmeli. Şonda guş öz derdinden halas bolar, iýen etini siňdirip bilmän, gaýtaryp durmaz.

* * *

*Ýene-de şeýle diýipdirler:*

Eger garçgaý gowy horlanan bolsa, onda oňa durnanyň ýa-da gumrynyň etini bermeli. Şonda garçgaý tiz daýanmak bilen bolar.

* * *

*Ýene-de şeýle diýipdirler:*

Eger garçgaýy semretmek isleseň, onda albunyň ýumşak ýelegini naharyna garyp bermeli.

* * *

*Ýene-de şeýle diýipdirler:*

Eger garçgaý dem alanda içinden hyrryldyly ses gelse, onda guýruk ýagyň ortarasyny gyzdyryp, ete goşup bermeli. Şeýle edilse, garçgaý tiz gutular.

* * *

*Ýene-de şeýle diýipdirler:*

Eger garçgaý agajyň üstünde oturmagy endik etse, onuň zyýany ýokdur. Bu garçgaýyň öň şol agajyň üstünde oturyp, iýmitlenendigini aňladýar. Ýöne guşa tälim bermekçi bolsaňyz, ol agajyň şahasynda oturan mahaly, guşuň nahar iýýän wagty ýetip gelen bolsa-da, oňa tagam bermekden saklanmaly. Çünki bular ýaly ýaramaz gylykly guşlara beýik ussatlar köp duş gelendir we tejribede synap görendirler. Olaryň aýtmaklaryna görä, garçgaý örän duýgur we hüşgär bolýarlar. Olar aw emiriniň gahar-gazabyna we öýke-

länine tiz düşünýärler. Şeýdip hem öz pällerinden basym el çekýärler.

* * *

*Ýene-de şeýle diýipdirler:*

Şikar emiri elguşyny gowy bakyp, özüne maýyl we aşyk etmelidir. Çünki aşyk öz magşugyny hiç haçan taşlaýan däldir. Eger taşlap gitse, onuň aşyk boldugy däldir.

* * *

*Ýene-de aýdypdyrlar.*

Garçgaý ýaňy duzaga düşen ýa-da höwürtgeden tutulan bolsa we gözi daňylyp getirilen bolsa, gözüni açanyňda örän seresaply bolmaly. Ilkinji gezek gözüni açanda onuň öňünde garaňkylykda şem goýmaly, ýagny gözüni şemiň ýagtysynda açmaly.

Guşuň gözüni açan mahalyň ýanynda hiç hili keseki adam bolmaly däldir. Eger ýat-keseki adam bar bolsa ýa-da guşy ürküzjek haýsydyr bir zat bar bolsa, onda ony guş gözüni açmazdan öňürti aýyrmalydyr. Çünki garçgaý şonda gözüni açan wagtyň ürkse, gorksa, onda oňa tälim berjek bolmaklygyň hiç hili haýry ýokdur.

Bu zatlar beýik ussatlar tarapyndan tejribede synalyp görlendir. Haçanda garçgaýyň gözüniň daňysy aýrylanda ol seni gowy tanar ýaly göni garşysynda oturmaly.

* * *

*Ýene-de aýdypdyrlar:*

Garçgaýyň gözüniň daňysyny aýranyňda bu işi guşuň aç wagtynda etmeli. Şonda seresaplylygy elden bermeli däldir. Çünki garçgaýyň her bir ýaramaz gylygy onuň gözüniň daňysy aýrylandan soň başlanýandyr. Şonuň üçin hem sabyr-takatly bolmak hökmany şertdir. Bu hem tejribeden bellidir.

* * *

*Ýene-de aýdypdyrlar:*

Garçgaýlaryň içinde iň ýaramaz gylyklysy gara garçgaýlardyr. Eger garçgaýlary ýaramaz gylyklaryndan saplamak isleseňiz, ilki bilen olary etden kesip, şeýle bir horlamaly, hatda onuň öňüne albuny oklanyňda, şony tutmaga-da ysgyny ýetmez ýaly derejä ýetirmeli. Şeýle edilende gara garçgaýlar ähli ýaramaz gylygyny unudar we dogry ýola geler. Ondan soň ýola gelen garçgaýa göwnüniň halan etini beribermeli.

* * *

*Ýene-de aýdypdyrlar:*

Eger aw emirleri öz wagtlaryny, beren tälimlerini zaýa we bihuda etmek islemeýän bolsalar, onda käte-käte garçgaýy ukusyndan alyp galmaly.

* * *

*Ýene-de aýdypdyrlar:*

Aw emirleri garçgaýy heniz aýagy ýüplük-ä ýanynda gezdirip, özüne öwrenişdirmelidir. Şonda garçgaýlar gowy ysnyşarlar. Şeýdip ysnyşan garçgaýlara eýesiniň ýanyndan aýrylmazlyk endige öwrülip galar. Bular tejribede köp görlendir.

* * *

*Ýene-de aýdypdyrlar:*

Garçgaýlara tälim berilýän döwürde oňa iki günläp goýnuň guýrukýagy berilse peýdalydyr.

* * *

*Ýene-de aýdypdyrlar:*

Eger garçgaý zaňlanda zaňy pytrasa, onda onuň meýdan edýän ýerine goýnuň guýruk ýagyny çalmaly. Eger onda-da gutulmasa, öň aýdyp geçişimiz ýaly usulda eşegiň süýdüni bermeli. Şonda peýdasy ýeter. Soňra uly gapda suw guýup onuň öňünde goýmaly. Guş arkaýynlyk bilen ganatlaryny suwa salsa onuň üçin peýdalydyr.

* * *

*Ýene-de aýdypdyrlar:*

Eger yssy howada garçgaýyň gursagy üşän bolsa, etine inglije[1] ösümligini goşup bermeli. Garçgaý iýmitlendirilende iýmiti otlurak ýerde bermeli we

---

[1] Dermanlyk ösümligiň ady. Onuň köki aşgazan we diş agyry keselleri üçin emdir.

öňünde-de çagyl hem-de ownuk daşlary ýazmaly. Çünki garçgaý daglyk we gök ýerde ýaşaýanlygy üçin özüniň kiçijek wagty, jüýjeligi ýadyna düşer we arassa bolup ulalar.

* * *

*Ýene-de aýdypdyrlar:*

Garçgaý höwürtgesinden täze getirilen mahaly onuň iki egnine gara burçuň dänesini owradyp çalmaly. Bu bolsa onuň gözüne ýara çykmakdan aman saklar.

* * *

*Ýene-de aýdypdyrlar*.

Aw emiri garçgaýy ýanyna çagyranda elini ýokary galdyrmaly we elguşunyň ünsüni çekmelidir.

* * *

*Ýene-de aýdypdyrlar*.

Aw emiriniň etmeli zatlarynyň ýene-de biri eger garçgaýyň ýerde oturmagyny endik etdirtjek bolsa, ony syçanyň we towşanyň üstüne goýbermeli.

* * *

*Ýene-de aýdypdyrlar*.

Şikar emiri garçgaýyny ilkinji gezek iýmitlendirende örän seresap bolmaly. Ilkibaşdan hata goýbermeli däldir. Awa çykanda gyssanmaly däldir. Awa örän usully goýbermelidir.

* * *

Eger şu aýdylan maslahatlar doly amal edilmese we geleňsizlik edilse, onda garçgaýyň hereketinde we aw awlaýşynda bir kemçilik ýüze çykar. Sebäbi garçgaý örän päkize we çensiz üşükli guşdur. Aw emiri bu zatlardan doly habarly bolmalydyr. Bu zatlar tejribede synalyp görlendir. Eger aw emiri şu aýdylan zatlara amal etmese, onda näme awlanaýanda-da, şol awuň eti doňzuň etinden hem haramdyr.

# KITAPDA GETIRILÝÄN GUŞLARYŇ ATLARY

| | |
|---|---|
| Garçgaý | باز شکره |
| Gyrgy | باشه باشق |
| Laçyn | شاهین لاچین |
| Gaz | قاض |
| Ankar | عنقار |
| Togdary | توغدري |
| Danfest | دانفست |
| Jakrowyk | جاقروق |
| Sülgün | طزرو |
| Seňdestek | سنگ دستك |
| Çugy ulawy | چوغ علوي |
| Ala | آله |

| | |
|---|---|
| Toýgun | تویغون |
| Tulumaç | تولوماچ |
| Tolumtaý | تولوم طي |
| Köher | کهر |
| Lagar | لکر |
| Figu | فيقو |
| Toýgun garçgaýy | باز تویغون |
| Gyr garçgaýy | باز قیر |
| Dinar garçgaýy | باز دینار |
| Keýik garçgaýy | باز آهو |
| Guldun demirken | قلدون دمیرکن |
| Badamgülli garçgaý | باز گل بادام |
| Syçan tutujy sarezd | سارزد موش گیر |
| Alahekge guýrukly garçgaý | باز عکه دم |
| Polat perken | فولاد پرکن |

## KITAPDA GETIRILÝÄN GUŞ KESELLERINIŇ ATLARY

| | |
|---|---|
| Ýelek dökmesi | پر کندن |
| Şuh | شوخ |
| Deme | دمه |
| Babasil | بواسیر |
| Gurçuklama | کرم باد |
| Bezm nakerdeni | بزم ناکردن جانور |
| Kelleagyry | درد سر |
| Gözagyry | درد چشم |
| Garasuw | آب سیاه |
| Göz agarmasy | سفیدي چشم |
| Gulagynyň saralmasy | زرد گوش |

| | |
|---|---|
| | |
| Iç geçme | اسهال |
| Agyz ýarasy | دهان خورده |
| Hunnak | خناق |
| Alkymynyň gurçuklamasy | کرم حوصله |
| Alkym çişme | وبا حوصله |
| Gaýtarmak | قي کردن |
| Içiniň ýellenmesi | باد شکم |
| Içiniň gurçuklamasy | کرم شکم |
| Bagyr agyry | درد جگر |
| Gün urma | تب گرما زده |
| Sowuklama | تب سرما زده |
| Synasynyň agyrmasy | درد سينه |
| Arkasynyň ýellenmesi | باد پشت |
| Istiram | استطرام |
| Agzynyň agarmasy | سفيد شدن کام |

| | |
|---|---|
| Ysgynsyzlyk | پي سست كردن |
| Aşa düşmek | دم زدن |
| Lagar düşmek | لاغري |
| Öýken  gurçuklamasy | كرم شش |
| Ýara | عاقله |
| Ýeleleginiň nädogry çykmasy | پر ناقص برآمدن |
| Çiş | آماس |
| Nagres | نقرس |
| Ýara | ريش |

# KITAPDA GETIRILÝÄN DERMAN ÖSÜMLIKLERINIŇ WE EMLERIŇ SÖZLÜGI

| Türkmençe | Arapça | Latynça | Rusça |
|---|---|---|---|
| Aloý | رازيانه | Aloýe | Aloýe |
| Arpabadyýan | انيسون | Hordeum vulgare | Anis |
| Arpabadyýan | رازانج | Foýeniculum | Fenhel, apteçnyý ukrop |
| Atgulak | لسان الجمل | Plantago major | Podorožnik |
| Badamjan | بادنجان | Solanum melongena | Baklažan |
| Benewşe | بنفسج | Viola | Fialki |
| Buýan köki | عود السوس | Glycyrrhiza glabra | Solodko-wyý koren |
| Çopantelpek | بابونج | Matricaria | Romaşka |
| Dalçyn | دار صيني | Cinnamo- | Koriçnoýe |

| | | | |
|---|---|---|---|
| | | mum | derewo |
| Erik | مشمش | Armeniaca | Abrikos |
| Garaly | برقوق | Prunus domestica | Sliwa |
| Hardil | خردل | Sinapis | Gorçisa |
| Bägül | ورد | Rosa | Roza |
| Gülhaýry, (gülhatmy) | خطمي | Althaýea officinale | Alteý |
| Haşhaş (göknar) | خشخاش | Papaver | Opiýnyý mak |
| Halyla | هليلج | Terminalia chebula | Mirobalan, terminaliýa |
| Hurma | عجوه | Diospyros | Pressowan-nyýe finiki |
| Hyna | حناء | Lawsonia | Hna |
| Injir | تين | Ficus carica | Inžir |
| Kafur | كافور | Laurus camphora | Kamfara |
| Kädi | قرع | Cucurbita | Tykwa |
| Sedr | سدر | Cedrus | Kedr |
| Kenep | شاهدانج | Cannabis | Konoplýa |
| Kenep, jut | قنب | Cannabis sativa | Konoplýa |
| Künji | سمسم | Sesamum indicum | Kunžut |
| Limon | ليمون | Cutrus limonia | Limon |
| Müşk | مسك | Muscus | Muskus |
| Müşk hozy | جوز الطيب | Juglans muscus | Muskatnyý oreh |

| | | | |
|---|---|---|---|
| Narpyz | نعناع | Mentha | M’ýata |
| Nohut | حمص | Cicer | Goroh |
| Noýba | لوبيا | Vigna unguiculata | Lobia, fasol |
| Pagta | قطن | Cossypium | Hlopok |
| Pisse | بندق | Corylus maxima | Föstaşka, orehleşşina |
| Pisse | فستق | Pistacia | Föstaşka |
| Porsybadyýan | كزبره | Coriandrum | Koröandr |
| Reýhan | ريحان | Ocimum basilicum | Bazilik |
| Salat. Kir-salat | حرف حب الرشاد | Lactuca sativa | Kress |
| Sandal | صندل | Santalum | Sandal , sandalowo derewo |
| Sarymsak | ثوم | Allium sativum | Çesnok |
| Semzek | بقلة حمقاء | Portulaca | Portulak |
| Sowsan | سوسن | Lilium | Liliýa |
| Kemun | كمون | Carum carvi | Tmin |
| Türşek | حنظل | Citrullus colocynthis | Kolokwint |
| Ud | عود | Aloýexyluma gallochum | Aloýnoýe derewo Kalambak |
| Utruj | اترج | Citrus medica | Sitron |
| Ýabany dalçyn | خيار شنبر | Cassia | Dikaýa korisa |
| Ýabany noýba | نبق | Jujuba | Ýuýuba |

| | | | |
|---|---|---|---|
| Ýasemin | ياسمين | Jasminum | Žasmin nastoýaşşiý |
| Yşgyn | راوند | Rheum officnale | Rewen |
| Ysmanak | اسفاناخ | Spinaca | Şpinat |
| Ýylgyn | أثل | Tamarix | Tamarisk |
| Zagpyran | زعفران | Crocus sativus | Şafran |
| Zenjebil | زنجبيل | Zingiber officnale | Imbir |
| Zygyr. | كتان | Linum | Lýon |

## MAZMUNY

Elguşlar hakyndaky golýazma..................................
Abulkasym ibn Ýusup Aly Hatlan. Şuňkarnama … ......

Baznama ..................................................................

Aly ibn Hüseýin Yspyhany. Algyr guşlar hakynda
risala .......................................................................

Şyh Abu Mansur Mäturydy. Aw guşlary
hakynda risala ..............................................................

# ŞUNKARNAMA

**Pars dilinden terjime edenler Çary MUHAMMETJUMA, ARAZNEPES MÄMMETJUMAÝEW**

Redaktor: R. Godarow.
Kompýuterde ýyganlar: A. Mämmet-jumaýew, Çary Muhammetjuma.
Korrektorlar: A. Mämmetjumaýew, Ç. Muhammetjuma.
Tehredaktor:.
Sahaby bezän: .
Kitabyň asyl nusgasyny taýýarlan: .